TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## JELALEDDIN RUMY

# MENI KALBYŇYZDAN GÖZLÄŇ

**Terjime eden
we çapa taýýarlan:**

**Kakabaý Gurbanmyradow**

AŞGABAT «MIRAS» 2007

## ÝOLDA KÖP BÜDREÝÄN GATYRYŇ DÜÝE ÝANYNDA ZEÝRENIŞI HAKYNDA HEKAÝAT

Bir Gatyr zeýrendi ýanynda Düýäň:
«Ýola çyksam häli-şindi büdreýän.

Ýöremäm hyllalla islendik ýolda,
Garaz, bolup ýörşüm gözgyny halda.

Dyzlam sypjyrylýar, ýa degýär kelläm,
Şoň üçin kän meniň üstümden gülýän.

Şol sebäpli halys azdy meň gäbim,
Sen-ä büdräeňok, aýt-da sebäbin?»

Düýe oňa jogap berdi howlukman:
«Biler bolsaň, men has uzagrak bakýan.

Seniň görýän ýeriň sähelçe ara,
Ana, şol hem seni goýýar azara.

Men töwerek-daşa belentden garap,
Äwmän, alňasaman barýaryn ýöräp.

Hut gözüm ýok ýaly, süssürlip barman,
Çukur-oýy saýgarmagy başarýan.

Seniň gözüň ýetýän ýeri şeýle dar,
Diňe şol sebäpli çekýärsiň azar.

Ýörejek ýoluňy ykjam saýgarman,
Ädim ursaň, mydam çekersiň arman».

# ITIŇ ÝATAK SALNYŞY HAKYNDA HEKAÝAT

It diýilýän jandar golaý gelip gyş,
Sepeläp başlanda gar bilen ýagyş,

Aç-hor syňsyraşyp, zat düşmän garna,
Hamlary ýemleşip gapyrgalarna,

Inýänçä başyndan musallat, towky,
Dünýäsi daralyp, gaçýança eňki,

Gezip-gezip, agyr hala düşensoň,
Arzuw eden bolup başlarmyş onsoň:

«Şu aldajy gyşdan sag-aman sypsam,
Tomus ýatak gurmaň, ugruna çyksam...»

Diýip gyssananda göwün ýüwürdip,
Soňra ýatdan çykarşyny kän gördük.

Adamlaň käsi-de edil şoň ýaly,
Başyndan inende dünýäň gowgasy,

Kynçylyk, muşakgat gysyp-gowranda,
Gider ugrun bilmän, ýanyp jowransa,

Şol it ýaly, boldan berse-de wada,
Soň ýatdan çykarmak bolupdyr kada.

## BIR ŞÄGIRDIŇ HASRAT ÇEKÝÄN HALYPASYNA ÖÝKÜNIŞI HAKYNDA HEKAÝAT

Şägirt halypanyň öýne gelende,
Hasrat çekip oturanmyş o bende.

Gözýaş dökýärmişin çekip dert-elem,
Şägirdem deň aglanmyşyn oň bilen.

Halypaň derdiniň ýetmän anygna,
Olam ýas tutupdyr geldikçe göwne.

Ahyry halypa agysyn kesip,
Daşaryk ýönelýär ýuwaşja basyp.

Şägirdem tirkeşip, galmandyr ondan.
«Ýaňky bolşuňy geň gördüm senden.

Diýipdir halypa şägirde garap:
«Hasrat meň başymda, meň halym harap.

Duýmaýanam bolsaň bu bolşuňda müýn,
Seň agyň häki bir göwünlik üçin.

Bilmän aglaýanmy näme sebäbe,
Goşulan bolýarsyň eýerip däbe.

Magadyna ýetmän, özgä öýkünen,
Ahyr bir gün bu bolşuna öküner.

Gözýaş öz bagryňdan syzyp çykmasa,
Ne peýda howaýy hasrat çekmede?»

## ALYM HEM GÄMIÇI HAKYNDA HEKAÝAT

Öň bir alym gämä münen badyna,
Şeý diýipdir ony sürýän adama:

«Meniň sowalyma jogap ber basym,
Ylym diýlen zatdan habardarmysyň?»

Gämiçi aýdypdyr: «Kitap okamok,
Seň diýýän ylmyňdan bilýän zadym ýok».

Alym şeýle diýen: «Bu bolşuň erbet,
Onda ömrüň ýaryn köýdi hasap et».

... Olar alys syýahata ugranda,
Birden güýçli gaý turupdyr ummanda.

Gämiçi sorapdyr: «Jogap ber basym,
Ýüzmek diýlen zatdan habardarmysyň?»

«Men diňe ylyma berilen bende...»
«Ömrüň baryn köýdi hasap et onda...»

Deňziň holtumyna düşeňde elin,
Ylymly bolmagam gerekdir welin,

Ýüzmegi başarmak has zerur ondan,
Ine, şu barada oýlanyň çyndan.

## PIL HAKYNDA JEDEL

Hind ýurdundan Pil getirip golaýda,
Saklapdyrlar bir garaňky saraýda.

Henize çen görülmedik haýwany
Göresi gelýänleň artypdyr sany.

Piliň sakçysyna muzduny töläp,
Görüp çykmak üçin rugsat diläp,

Sermenişip ýörüşlerne tümlükde,
Täsin jedel tutaşypdyr Pil hakda.

Holtumyndan tutan gataldyp sesin,
Diýen: «Pil-ä turba meňzeýär asyl».

Garaňkyda Piliň gulagyny ellän:
«Ol – ýelpewaç – diýen: – Gürleme bilmän».

Aýaklaryny elläp üçünji kişi:
Diýen: «Pürse meňzeş. Agyrtmaň başy».

Piliň arkasyny sypalap gören
Diýen: «Aýdanňyzyň barsy ýalan,

Beterden beterin tapýaňyz gaýta,
Meňzeş ahyryn ol ýap-ýasy tagta».

Bu jedelde: «Ol ýeňdi, bu ýeňildi»
Diýmek kyn. Onuňam sebäbi belli.

Eger-de birinde bolan bolsa şem,
Beýle samsyk dawa bolmazdy, belkem.

## SADAKA SORAÝAN GEDAÝ HEM HUSYT HOJAÝYN HAKYNDA HEKAÝAT

Gedaý işigini kakyp bir öýüň,
«Men aç» diýip duýdurypdyr ýagdaýyn.

Ol öýüň eýesi – bir husyt gende
Diýen: «Berjek welin, çörek ýok mende».

Gedaý oňa şeýle diýipdir şo hal:
«Bir bölek et berseň, bolardym hoşal».

Öý eýesi aýdan: «Bilip goý, gedaý,
Etçiniň dükany däl ahyr bu jaý».

«Bolmasa, az-owlak unuňam ýokmy?»
«Men kilwan däl ahyr, nä göreňokmy?»

«Onda suw bir eçil dolduryp gabym».
«Görýäň-ä bu ýerde ýokdugny ýabyň».

Öý eýesi husytlygnyň derdinden,
Ol näme sorasa, gopan tersinden.

Gedaý öe tarap uranda gadam,
Hojaýyn öňünde keserip şo dem,

Diýen: «Nirä gelýäň, ataňa nälet!»
«Etmekçi öýüňde ullakan täret.

Ötmese käse suw, döwüm nana-da,
Parhy ýok bu öýüň hajathanadan».

## KIREÝINE JAÝ GÖZLEÝÄN ADAM HAKYNDA HEKAÝAT

Bir kişi kireýne jaý gözleýärmiş,
Oňam bir ýigrenji ülpedi barmyş.

Abat jaý agtaryp, gynaman janyn,
Eltip alkymyna bir harabanyň,

Diýipdir: «Gadyrdan, oňatja gara,
Munda ne üçek bar, ne-de penjire».

Eger-de şol zatlar bolanlygynda,
Goňşy bolaýmagym ahmal meniň-de.

Ýene-de bir otag bolaýan bolsa,
Bu jaý maşgalaňa ýeterdi boldan.

Daşynda bag dagy bolaýsa ýene,
Seňkä myhmanlyga gelerdim menem.

«Şeýleräk ýagdaýda bu görýän jaýyň,
Kemin mundan artyk sanap durmaýyn».

Jaý gözleýän aýdan: «Birahat bolmaň,
Seň oňat niýetiň bardygny bilýän.

«Galmasaňam bolar artykmaç derde,
Munda ähli günä şol «egerlerde».

## HÖKÜMDAR HEM HALYPA HAKYNDA HEKAÝAT

Ýurduň hökümdary günleň bir güni
Öz halypasyndan soranmyş şuny:

«Kemiň bolsa iýmek-geýmek babatda,
Maňa duýduraýgyn ýagdaýyň hakda.

Halypa şeý diýen: «Eý, keremli şa,
Meniň üçin batma gaýgy-endişä,

Iki sany gül bar meniň elimde,
Olar ykbalyňy çözýär seniň-de!»

Şanyň ýüregine düşüpdir dowul:
«Meň ykbalym çözýän o neneňsi gul?»

Halypa patyşaň gözlerine bakan:
«O gullaryň ady – isleg hem gahar.

Şol ikisi meniň erkime tabyn,
Mundan artyk düşündirip durmaýyn.

Eger-de kim bolsa şolaryň guly,
Günä gazanýandyr uludan-uly.

Sen – şa, näme etseň, eliňde erkiň,
Gowudyr öz çakyn tanasa her kim.

Hemmäni deň çoýar asmanda güneş,
Hergiz men-menlikden durawergin daş».

## ÄR-AÝALYŇ ÖZARA GÜRRÜŇINIŇ HEKAÝATY

Bir aýal şeý diýen çagyryp ärin:
«Seň eliňde itiň günün görýärin.

Ýaşap ýörüşimiz illere gülki,
Iýip-içýän zadymyz ýok bol-telki».

«Seň bu gepiň maňa ýarap duranok,
Menem-ä şu öýde dek oturamok.

Kanagat et, bolma beýle ham-hyýal,
Şükür, güzeranmyz oňuşmazça däl».

Diýip, sözläp başlan badyna äri,
Aýal ot alypdyr misli bir däri:

«Heý meniň illerden kem ýerim barmy?
Gör ahyryn geýip ýören şylhamy.

Munda ne gelşik bar, ne-de bir ýakym.
Ýa oňat geýnere ýokmy meň hakym?»

«Geýnişiňe haýpym gelýär meniň hem,
Ýüpege çolardym gelse elimden.

Ýöne bir zat hakda pikirlen ilki,
Ärsizlikden şu-da gowudyr, belki.

Ýekelik derdine bolaýsaň duçar,
Borsuň hudaý uran, bagty pes naçar.

Giň bol, ähli zadyň tapylar täri!»
Diýip, gelniň başyn sypapdyr äri.

## DAÝHAN HEM ŞIR HAKYNDA HEKAÝAT

Gijäniň bir wagty agyla girip,
Daýhanyň Sygryny parçalan Şiriň.

Endam-jany gowşap, uky bürüpdir,
Garny doýan ýerde ýatyberipdir.

«Sygrymdan bir habar tutaýyn» diýip,
«Ondan soň arkaýyn ýataýyn» diýip,

Daýhanam çyrasyz girip agyla,
Öz Sygrydyr öýdüp, usullyk bile

Sypalapdyr Şiriň böwrün, arkasyn.
Ýatypdyr ýyrtyjy çykarman sesin.

Öz ýanyndan gepledipdir içini:
«Heniz tananok-da bu tentek meni.

Eger meniň Şirdigimi biläýse,
Bu golaýda durarmydy ol eýse!?»

Sen, dana, her zadyň maňzyna seret,
Ýagşy göz ýetirip, soň pikir ýöret.

## ŞUŇKARYŇ ÖRDEKLERI KÖLI TAŞLAP, SÄHRA GITMÄGE YRJAK BOLŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Ördeklere şeýle diýenmiş Şuňkar:
«Sizem-ä guş, goşa ganatyňyz bar.

Elmydama suwda, batgalyk kölde,
Ýaşap ýörüşiňiz gözgyny halda.

Neçün sähra taýa gereňzok ganat?»
Ördekler aýdypdyr: «Bir zada syn et, –

Berlipdir jahanda her kime bir zat,
Bu köl biziň üçin jennetden zyýat.

Barja mydarymyz bu gamyşly suw,
Şoň üçin sährany edemzok arzuw.

Bizi güýmäp durman bolgusyz gepe,
Git-de, öz sähraňda ýaşaber, şepe!»

## DARAGT HEM MIWELER HAKYNDA TYMSAL

Äpet bir daragta ogşasa dünýä,
Adamlaram miwä meňzeş görünýä.

Gök miwe şahada asyl-asylka,
Howp bardygny duýanoklar asyl-ha.

Hal atyp başlanda reňki saralyp,
Howp onuň üstüne abanýar anyk.

Ine, ol şahada birkemsiz bişýär,
Her öňeten ýolmaň kül-külne düşýär.

Ynsanam ýatladyp miweleň ömrün,
Ýaşaýyş daragtyn terk edýär bir gün.

## ERBETLERIŇ ŞANYNA DOGA OKAÝAN MOLLA HAKYNDA HEKAÝAT

Gadym bir zamanda mollalaň biri:
«Ýaramaz gylykly adamlaň bary –

Aýalbaz, ogrular, talaňçy, kezzap...
Bu pany jahanda çekmesin azap.

Dert-belalar sowlup geçsin olardan!»
Diýip, Alla ýalbarýarmyş münberden.

Goşup baryn gowularyň sanyna,
Doga okarmyşyn olaň şanyna.

«Olar mynasyp däl alkyşa, sena,
Hersiniň boýnunda dag ýaly günä.

Bu etmäň bolanok» diýenlerinde,
Molla aýdan: «Meňem aklym ýerinde.

Sizmi maňa akyl, terbiýe berjek?
Ýurt ýykan kezzapdym özümem birçak.

Ömrümiň kän ýylyn şemala berdim,
Şumluk tapsa –içi gülýänlerdendim.

Meň toba gelmegme sebäpkär bolan
Dogrymy sözlesem, siz däl-de, olar.

Ýigrenji işlerini näletläp, pisläp,
Päk ýola düşmegi göwnümde besläp,

Olaryň bolşuny çyndan ýigrendim,
Şeýdip, adam bolmaň ýolun öwrendim».

Käte duşmanmyzyň hereketleri
Bize has peýdaly, gelende ýeri!

## IÝERMEN AÝAL HEM ONUŇ ÄRI HAKYNDA HEKAÝAT

Bir bendäň iýermen aýaly barmyş,
Şeýle açgözmüşin, hiç doýmaýarmyş.

Öe haýsy bir zat getirse äri,
Gizläp iýmekligiň tapýarmyş tärin.

Bir gezek oň äri et getiripdir,
«Nahar et!» diýip, aýalyna beripdir.

«Agşam biziň öe myhman gelmeli,
Häzir bol, ýüňsakgal edäýme meni».

Ýaňky açgöz aýal görmezden irnik,
Iýipdir bar eti kebap bişirnip.

Agşamara gaýdyp gelipdir äri,
Öýde jem bolupdyr myhmanlaň bary.

Aýalnyň işinden bihabar bende:
«Keýwany, naharňy äber!» diýende,

Zenan şumjarypdyr: «Görme sen gaty,
Nälet siňen pişik iýdi bar eti».

Bu sözlere juda geň galan äri
Diýipdir: «Pişigi alyp gel bäri!»

Sözünde tutmagyň tärin tapypdyr,
Ol pişigi terezide çekipdir.

Soň diýen: «Geldäni, oňatja seret,
Terezide duran pişikmi ýa et?

Halys bizar boldum gümürtik gepden,
Eger pişik bolsa, habar ber etden.

Arkaýyn bol, aldap bilmersiň meni,
Şu et bolsa, onda pişigmiz hany?».

## ÝOL UGRUNDA TIKENLI ÖSÜMLIK EKEN ADAM HAKYNDA HEKAÝAT

Bir ugursyz kişi atam döwründe
Nahal oturdypdyr ýoluň ugrunda.

Ýaramaz zatmyşyn onuň ekeni,
Adamlara gün bermändir tikeni.

Biýz deý neşterinden awunýan känmiş,
«Gopar!» diýseler-de, diýen etmänmiş.

Tikenden bihabar kim düşse ýola,
Aýaklary bolýarmyşyn persala.

Ýa sal-sal etdirip geýim-gejimin,
Çekýärmişin o tikenleň ejirin.

Hökümdar eşidip bu ýagdaý hakda,
Buýranmyşyn: «Ýok et, onyňy çap-da!»

«Indiki hepdede çaparyn hökman»,
Diýip, oňa söz berse-de, howlukman,

Gezip ýörenini aňan hökümdar
Diýen: «Seni näme etsem, hakym bar.

Wagtyň şeýle basym geçýänligini
Bilseň-de, bes etmän keçjallygyňy,

Goparman ýigrenji tikenňi şindem,
Rehim hantama bolýarmyň menden?

Bir zady bilmeýän borly sen, çaky,
Wagt geçdigiçe, daragtyň köki

Çuňa gidýär, berdaşlanýar, ýognaýar,
Adamlaryň welin güýji gowzaýar.

Şu ýagdaýdan bihabar dek bolma sen,
Her zadyň wagtynda öňün almasaň,

Ötüşdirseň, eger deprenip haýal,
Soňra ula ýazýanyny ýada sal.

Ynsanda duş gelýän pis gylyklar dek,
Tikeniňem ösýär, ýaýnaýar entek.

Her zadyň etmeli wagty bar, bilseň,
Soň öňi aldyrmaz − etmegin miltem».

## NÄSAG GOJANYŇ TEBIBE ARZ EDIŞI HAKYNDA HEKAÝAT

Bir goja tebibe diýipdir şeýle:
«Gözlerim ýaşarýar bir alaç eýle»

Tebip ýaňky goja syn edip gowy,
«Gözüň ýaşarmagy, burnuň akmagy

Garrylygyň alamaty» diýende,
Ýene-de zeýrenip başlan ol bende:

«Gözlerim gyzarýar, görşüm çalaja».
«Olam garrylykdan, hormatly goja».

«Endam-janym soka salynýan ýaly».
«Şeýleräk bolýar-da garryň ahwaly».

«Işdäm zat alanok o nämedenkä?»
«Heý, iýmit ýararmy gojalan bendä?»

«Üsgülewik bogýar, dem almagym kyn».
«Oňam garrylykdan bolmagy mümkin.

«Haçan-da gojalyk kaksa gapyňy,
Sagat ýeriň bolmaz... Şoldur iň kyny»

Goja gahar bilen tebibe garan:
«Seň bilýän zadyň ýok, iýeniň haram.

Meniň derdim hakda alada etmän,
Çar ýanymy gömýän, ýalançy betpäl.

Ýüz tutan tebibim bolsa idili,
Bu hili sözlere barmazdy dili.

Senden tebip bolmaz, bilýärin bişek,
Ozalam eşeksiň, häzirem eşek!..»

Tebip: «Menden görme gaty» diýipdir.
«Seň bu girrikligiň, gyzmalygyňam
Gojalygyň alamaty...» diýipdir.

## OGURLANAN GOÝUN HAKYNDA HEKAÝAT

Bir şäherli goýun alyp bazardan,
Köpçülikden iýdip barýarka, birden,

Eliniň birhili ýeňlänin duýup,
Görse, gysymynda bir bölejik ýüp.

Ogrulara olja bolupdyr goýny,
Oň lapy keç bolup, sallanan boýny.

Tapjak bolup, eýläk-beýläk aýlanýar,
Ahyr ýüzün sallap, ýola şaýlanýar.

Ogry oturşyna guýyň başynda,
Dat edýärmiş, gözi degre-daşynda.

Goýny ogurlanan sorap oň halyn,
«Nä ah çekýäň? – diýen – «Et maňa mälim».

Onuň aňkawdygyny bada-bat duýan
Ogry: «Gapjygymy gaçyrdym» diýen.

«Içindäki tutuş ýüz dinar pulum,
Guýa gaçdy. Mundan gowudyr ölüm.

Eger kim çykarsa guýyň düýbünden,
Ýigrimsini şoňa bagyş etjek çyndan».

Aňkaw kişi gidip ogryň alyna,
Düşen aňsat baýamagyň ýoluna.

Oýlanan: «Edenňe şükür, biribar,
On goýuna ýetýär ýigrimi dinar.

Taňryň meni gözden salmany belli,
Goýnum düýe bolup öwrülip geldi!»

Doga sanap, özün guýa uranmyş,
Ogram eşiklerni alyp, jyranmyş...

Eý, bende, bir işi kylmazdan ozal,
«Edi ölçäp, bir kes». Ätiýaçly bol.

Işiň soňun saýman, howluksaň beter,
Ol seni betbagtlyk guýsuna iter.

## GULLAR, LUKMAN ATLY GUL HEM OLARYŇ HOJAÝYNY HAKYNDA HEKAÝAT

Birçak Lukman diýilýän bir gul barmyş,
Işi sowuk-sala berjaý kylýarmyş.

Birhili äwmezek, haýal-ýagalmyş,
Ýoldaşlary oň başyna baýarmyş.

Gullaň hojaýyny günleň bir güni
Miwe ýygmak üçin ýollapdyr ony.

Beýleki gullaňam gidipdir bary,
Miwe ýygmak dälmiş olaň azary.

Datly miwelerden sygnap, doýanlar,
Hojaýyna: «Lukman iýdi» diýenler.

Bu işe dergazap bolan hojaýyn,
Darapdyr Lukmana hut möjek deýin.

Lukman şonda şeýle diýipdir oňa:
«Bular ýalan töhmet ýöňkeýär maňa.

Hudaýyň öňünde bular günäli,
Pursat geldi synap göreriň ýaly.

Biziň barymyzy synagdan geçir,
Ählimize diňe gyzgyn suw içir.

Soňam: «Bol, ylgaň − diý – baryňyz bile!»
Senem yzymyzdan atyň debsile.

Bizi ýeke-ýeke ýörenden aňtap,
Şeýtseň, syryň üsti açylar aňsat...»

Hojaýyn hut onuň aýdyşy ýaly,
Etmeli işlerni edipdir doly.

Gullaryň ählisin gyssap, kowalap,
Özi-de galmandyr gamçysyn bulap.

Biraz wagtdan soň miwe iýenler,
Içleriniň towlaýanyn duýanlar.

Düşüpdir ählisi masgara hala,
Lukman arkaýynmyş bir ala-böle.

Şeýdip, açypdyrlar bu syryň üstün,
Akyl mekirlikden gelipdir rüstem.

## DÜÝÄNIŇ, GOÝUNYŇ HEM ÖKÜZIŇ JEDELI

Görüp ýolda ýatan bir bogdak oty,
Düýe, Goýun, Öküz begenen gaty.

Biraz oýa batyp, seslenen Goýun:
«Bölüşsek, hijimiz bilmeris doýup.

Haýsymyz dünýäde köp ýaşan bolsak,
Ot şonuňky bolsun, ýaýnasyn ol dok.

Eger şeýle etsek bolar göwnejaý.
Ulyny sylany halaýar Hudaý».

Öküz ýogyn molap, diýipdir şo hal:
«Goýnuň maslahaty unamazça däl.

Bu işde hiç kimiň galmasyn göwni,
Her kim aýtsyn näçe ýaşyndadygny».

«Hasaplaýyn ýaşan ýyllarmyň sanyn,
Gezdim sürüsinde Halylullanyň.

Ondan bärkilerni aýdyp durmaýyn,
Başga pygamberiň − ady Ybraýym.

Ilki soýup, gurban beren goýny-da,
Meň söwer dostumdy, alýan boýnuma».

Diýip, Goýun tamamlanda gepini,
Öküz dillenipdir: «Diňläň siz meni.

Diýýän sözlerimde hiç ýokdur ýalan,
Adam ata ýer sürüpdi meň bilen!»

Düýe haýran galyp olaň geplerne,
«Näme, çypdyrýaňyz?» diýmegiň ýerne,

«Edýänim şu!» diýýän ýaly hamana,
Ýaňky oty hellewledip asmana,

Diýipdir: «Etmäliň biderek jedel,
Ota haýsyňyzyň agzyňyz ýeter?

Nä aldajak bolup, çekýäňiz azap,
Sizden ýaş däldigim, görnüp duran zat».

## IKI HALTA ÝÜK HAKYNDA HEKAÝAT

Atyp düýesine iki halta ýük,
Bir sähraýy arap barýar ýol söküp.

Çykan ýaly çökermegiň kastyna,
Özi-de münüpdir ýüküň üstüne.

Bir pyýada oňa gelip pete-pet:
«Nirä barýaň? Ýüküň näme, aýan et?»

Diýeninde, aýdypdyr ol ýagdaýny:
«Biri çäge, beýlekisi bugdaýly».

«Çägäni ýük edip götermäň näme?»
«Taýly bolsa, amatly-da düýäme».

«Eger-de bugdaýňa gerek bolsa taý,
Dogry iki böl-de, haltaňa guýaý.

Neneň bu bolşuňa janyň ýanmajak?
Eger şeýtseň, ýarpy ýüküň ýeňlejek».

«Munuň jaý maslahat, eý, akly dana,
Beýle pikir gelmändir-dä kelläme.

Akyl-huşuň şeýle kesgir halyna,
Nämüçin pyýada barýaň ýoluňa?

Meň düýäm ýaş, güýç-kuwwaty zyýada,
Beýdip ýol sökme-de paýy-pyýada,

Derrew mün syrtyma. Bu uzak ýoly
Bile hümmüldeşip geçermiz ýaly,

Bir oňat bolaýdy maňa duşanyň,
Bilseň, söhbetiňe muşdak men seniň.

Gürleşeli barjak ýermize çenli,
Seniň ýöne adam däldigiň belli.

Şamy sen ýa beýik halyfmy dostuň?
Menden syr gizleme, sözle sen rastyň.

«Samsyk ham-hyýaldan doldurma serňi,
Heý, şa-da men ýaly jinde geýermi?»

«Belki, süri-süri mallaryň kändir,
Olar giň sährada agyp-dönýändir?»

«Mal nirede? Men bir ykmanda, kärsiz».
«Belki-de, sen tüçjar bir söwdagärsiň?

Işleň ugrunadyr, şowlulyk ýardyr,
Del harytdan doly dukanyň bardyr?»

«Şu sanan zatlaryň hiç haýsysam ýok».
Arap aýdan: «Aý, munuň-a bolanok.

Berýän maslahatyň diýseň akylly,
Şeýle jenaplar bir gudrat, hökümli.

Paýhasy jöwher deý kesgir hem dury,
Sanardan kän olaň tyllasy, zeri.

Altyna öwürip bilýärler misem,
Şolar ýalyň biri bolaýma, how, sen?»

«Başyňy aýlapdyr halys ham-hyýal,
Men seniň o diýýän adamlaňdan däl.

Gezende men. Ömrüm geçirip ýolda,
Mydar edýän ýykma-ýykylma halda.

Başga-da kän meniň ýaly derwüşler,
Rysgyn üzüp bu ýigrenji durmuşdan,

Dilleri senaly, diläp sadaka,
Ömrün ötürýärler ýol söke-söke.

Hijisem bihal däl, akylly bary,
Ýöne gerdeninde dünýäň azary...»

Arap bu sözleri eşden dessine,
Heňkirip başlapdyr onuň üstüne:

«Hapysa hamyňy soýmankam diri,
Düş basym düýeden ykmandaň biri.

Heýwere keseliň ýokuşaýmasyn,
Ýanymdan garaňy saýla sen basym.

Seň bilen bir ugra gitmegem dürs däl,
Başga-başga taýa uzasyn bu ýol.

Belli zat seň bilen ýolumyz aýra,
Sen ilerik gitseň, men gitjek gaýra.

Sen öňemi? Men yzyma dönerin,
Biderek şunça ýol geçdim diýmerin.

Alman maňa beren maslahatyňy,
Bugdaýa taý edip äkitjek gumy.

Akylyňam kime berseň, şoňa ber,
Belki-de, bir samsyk oňa begener.

Şuny-da aýdaýyn: bir zady bil sen,
Senden müň esse baý samsygam bolsam».

Kyn ýagdaýa duçar eýlese aklyň,
Gerekmez çäge deý, sen ony dökgün.

## MÖJEKDIR TILKINIŇ ŞIR BILEN AWA GIDIŞLERI HAKYNDA HEKAÝAT

Bir gün Şiriň awa gidesi geldi,
Ýanyna Möjekdir Tilkinem aldy.

Ol şeýle pikiri aýlady serde:
«Zyýan däl awumy göterseler-de.

Ýörse şu ikisi ýanymda ýortup,
Kuwwatym öňküden görüner artyk...»

Öçügsi ýyldyzlar nurana Aýy
Gurşaýar ahyryn... Büýem şoň ýaly.

Tüýs şowuna düşüp olaryň işi
Öküz, Towşan, Geçiň serildi läşi.

Şir öňüňe düşse aw edeniňde,
Belli zat aç galmajagyň seniň-de.

Depe bolup ýatyr täzeje etler,
Janyň hezil eder beýle hezzetden.

«Gerk-gäbe doýarys günümiz geler,
Häzir adalatly üleşik bolar».

Diýip, öz ýanyndan ýüwürdip göwün,
Arzuw edýänini Tilkiň, Möjegiň

Aňan Şir öwrüpdir başgarak hyýal
(«Gün−güýçlüňki» diýlen. Ýok oňa zowal.)

«Ýüregiňde näme niýetiň baryn
Möjek, seniň gözleriňden aňýaryn.

Ynamyň ýok meniň adalatyma,
Eti paýlamagy tabşyrýan saňa».

Möjek gorkusyndan titräp, sandyrap,
Diýenmişin Şiriň ýüzüne garap:

«Bu ýerde iň uly awumyz – Öküz,
Ony ak ýürekden saňa berýäs biz.

«Geçi −meňki bolsun, Tilkä-de− Towşan,
Şeýtsek, her kim ýeten paý bilen oňşar».

«Akyllyrak teklip edersiň diýip,
Garaşypdym welin, boldy ol haýp».

Diýip, gazaply Şir bir penje urdy,
Möjek biçäräniň külün çykardy.

Soň gözün alardyp Tilkä seretdi,
Diýdi: «Et paýlamak gezegiň ýetdi!»

«Bu ýerde kyn zat ýok, dogrymy diýsem,
Öküzi ertirlik naharňa iý sen.

Pikir eder ýaly munda näme bar?
Geçi günortanlyk naharňa ýarar.

Towşan şap bolaýar agşam naharňa,
Ýeňilräk iýmeli ýatylar garna».

Hoşal Şiriň pessaý eşdildi sesi:
«Aýt sen, şepe, munuň ýaly paýhasy

Nireden öwrendiň? Gizleme menden»
«Hol ýatan Möjegiň düşen gününden

Sapak aldym» diýip, Tilki sözledi.
Şir hoş bolup, gazabyny gizledi.

Soňra şeýle diýdi: «Gulak goý, Tilki,
Bu seň üçin bähbit bolandyr, belki?»

Tilki hezil edýär bagtyýar halda,
Eti paýlamagy özünden däl-de

Öňürti Möjekden haýyş edenni
Hoş bolup ýatlaýar häzire çenli...

Hile gadymýetden şu günlere çen
Barabar görlüpdir batyrlyk bilen.

...Özgäniň bagtyndan, betbagtlygyndan
Many çykarýanlar danadyr çyndan.

## SOLTAN MAHMYDYŇ ÖZ WEZIR-WEKILLERINI DÜR BILEN SYNAÝŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Soltan Mahmyt hakda bar şeýle gürrüň:
Wezir-wekillerni çagyryp bir gün,

Saklap aýasynda bir tokga dürün,
«Şuň gymmaty näçe? Anyklap beriň.

Bu işi sen oňat başarsyň, belki?»‒
Diýip, wezirinden sorapdyr ilki.

Wezir hil bir jogap tapap dek ylla,
Diýen: «Muň bahasy kyrk halta tylla!»

Soltan aýdan: «Sözüň hak bolsa eýsem,
Senden bir haýyşym‒şu düri döw sen!»

Gorkusyna titräp, şeý diýen wezir:
«Kim beýle baýlyga elini degir?

Sizden bir towakgam, keremli şahym,
Men muny başarman, ötüň günähim».

Soltan wezirine ýylgyryp bakdy,
Diýdi: «Bu sözleriň göwnüme ýakdy.

Şoň üçin buýrugmy ediň-de barjaý,
Ýapyň wezirime gymmatly serpaý».

Soltanyň ýag garylan dek sesine,
Ýüzlendi ol köşgüň beýemçisine:

«Meniň aýamdaky şu tokga dürüň
Gymmaty näçeräk? Anyklap beriň!»

«Bilmek isleseňiz pikirmi meniň,
Ýarpy şalyga deň gymmaty munuň!»

Soltan aýdan: «Sözüň hak bolsa eýsem,
Sendenem haýyşym−şu düri döw sen».

Beýemçi sypaýy, diýseň tap bilen,
(Serpaý hantamady soltandan olam).

«Beýle ajap zady keremli şahym,
Asla döwüp bilmen, ötüň günähim.

Beýtsem, meňzäp tüýs bir päliýamana,
Deň borun hazyna talaň salana».

Soltan beýemçä-de ýylgyryp bakdy,
Diýdi: «Bu sözleriň göwnüme ýakdy.

Şoň üçin buýrugmy ediň-de berjaý,
Ýapyň siz muňa-da gymmatly serpaý».

Soňra ol dür elden-ellere geçdi,
Serdara-da ýetdi, emire ýetdi.

Öňküleriň sözün gaýtalap bir laý,
Olaram egine ýapyndy serpaý.

Dürüň bahasyny sorap her kesden,
Soltan şol bir meňzeş jogaby eşden.

Öňküleň aýdanny bir-bir gaýtalap,
Halat ýapynýarlar alan dek diläp.

Öz pikriň bolmazlyk beýle ýagdaýda,
Ýigrenji zat—bir söz bilen aýdaňda.

Düri berip Aýaz hyzmatkärine
Soltan sowalyny gaýtalan ýene.

«Bu dürüň bahasyn sorasaň menden,
Çökder ol soltanym, çak edişiňden».

Soltan aýdan: «Sözüň hak bolsa eýsem,
Sendenem haýyşym–şu düri döw sen».

«Sizden gelen buýruk şu bolsa eger,
Hyzmatkäriň muny beterem döwer»-

Diýip, ol döwmäge häzirlenende,
«Seň edýäniň näme, biakyl gende?

Bu gabahat işe goşmankaň başyň,
Dürüň niçik gymmat zatdygna düşün».

Diýip, şanyň daşyn gallap duranlar
Aýaz hyzmatkäre hemle uranlar.

«Soltanym, döwletiň sarsmaz sütüni,
Allaň haky üçin diňläň siz meni.

Häzire çen gol ýapdyňyz galada,
Bular göz gyzdyryp serpaý, halada,

Bary öňe tutup diňe öz nepin,
Ýalan sözlediler bildirmän sepin.

Siziň buýrugyňyz biz üçin kanun,
Bulaň birem oňa bolmady tabyn.

«Dürden belent goýup sähel almytyn,
Bulaň hilä ýüz uranny bilmediň...»

Ýüregne jüňk bolup Aýazyň sözi,
Soltan diýen: «Indi tanadym sizi.

Ählijäňiz kezzap, aldawçy, haýyn,
Şundan şeýläk biriňizem görmäýin!»

Soň Aýaza bakyp, diýipdir şeýle:
«Indi bu ýagdaýyň sebäbin söýle.

Nädip bulaň aldawyna düşenmi
Men bilmän gezdimkäm häzire çenli!»

Oňa şeýle jogap beripdir Aýaz:
«Ýalňyşjak adama sebäp kän, garaz.

Bar günä özüňde, özgeden görme,
Ynanypsyň olaň ýalan sözlerne.

Ynanjaň bolmaňam bar çaky-çeni,
Olar hoş söz bilen aldapdyr seni.

Bilipdirler öwgä maýyldygyňy,
Mydam diňlemäge taýyndygyňy

Aňyp, ahyr şondan boljagňy heläk,
Öwüpdirler seni uguň ýekeläp.

Özüň döredipsiň amatly şerti
Şondan bärem şahaň egrelip barşy.

Ahyr netijesin bu gün gördüňiz,
Belki, ol şahany dograldarsyňyz.

Egri agaç ýarsgynyna gidýärmiş,
Akyldarlar ondan heder edýärmiş.

Kim ymykly batyp öwgiň lüýgüne,
Çykyp bilmän, çöküp gidýär düýbüne.

Kim ýarsyndan gaýdýar beýle zyýanyň..
Bularyň hersine delilim taýyn.

Aýdyň siz, şu sözleň ýalany barmy?
Soltanym, galany özüňe bagly».

## SOLTAN MAHMYT GAZNAWYNYŇ OGRULARA GOŞULYŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Lybasyn üýtgedip, gijäň bir wagty
Soltan topar ogryň ýanyna bardy.

«Kim sen?» diýp, ogrular berdi sowaly.
Soltan diýdi: «Menem özüňiz ýaly».

«Beýle bolsa otur. Goý, häzir her kim
Näme başarýannyň gürrüňin bersin.

Diňläp aýdanlarny ahyrna çenli,
Anyklarys näme peýda berjegni»

Olaň biri diýdi: «Ülpetler, meniň
Ýiti eşitgirligim däl çakyň-çeniň.

Bir ýerden it sesin eşden badyma,
Düşünýärin onuň diýýän zadyna».

Olaň ýene biri goşulyp söze,
Diýipdir: « «Bir zady aýdaýyn size.

Birini bir gezek görsem, bolany,
Soň asyl-ha sypdyramok men ony!»

Üçünji ogry hem öz gezeginde,
Diýipdir: «Bar ökde zadym meniň-de.

Uzak gürlemäýin özüm hakda men,
Ýer gazmaly bolsa, şoňa ökde men».

Dördünji ogry-da diýipdir şonda:
«Bilseňiz, başgarak hünär bar mende.

Ynanyň, aýdamok üstüne goşup,
Meniň ys alyşym juda üýtgeşik.

Aşyk Mejnun Leýlisiniň geçenin
Bilenmiş diýýärler ysyndan ýeriň.

Menem haýsy ýerde hazyna baryn
Şol ýeriň ysyndan anyklaýaryn!»

«Meniňem başarýan zadyma garaň,
Syrtmak taşlamaga ussat men örän.

Başarýan duşmany atdan ýykmagy
Ýa ýüpden ýapyşyp, gala çykmagy».

Diýýär-de, bäşinji soňlaýar sözün.
Ogrular soltana aýlaýar gözün.

«Biziň aramyza iň soňky gelen,
Niçik hünäriň bar? Gürrüň ber senem».

«Mende bir gudrat bar. Olam–sakgalym,
Bu syry illerden gizlin sakladym.

Ony bir silkemde, islendik adam
Halas bolar gutulgysyz beladan!»

«Şonuň ýaly kişi bize tüýs gerek,
Saýlaýarys seni serdara derek.

Bize baştutan bol!» –diýip, ogrular,
Köşgi talamaga küýlenýär olar.

Ählisi soltanyň yzyna düşüp,
Ugraýarlar diýip nirdesiň, köşk.

Şol wagt bir ýerden it sesi gelýär,
Ol eşitgir ogra habar äkelýär.

«Siziň araňyzda bar–diýip–soltan»,
Şol it üýrüp-üýrüp, gaýtalaýar kän.

Ogry bary işe girişýär bada,
Biriniň syrtmagy galgap howada,

Diwara dyrmaşyp başlaýar şol dem,
Beýlekileň bary oň yzy bilen

Köşge girip, hersi başarýan zadyn
Başlaýar, olara garaw ýok şadan.

«Ýurdy belet çapar» diýilýän gep bar,
Olar hazynany dessine tapýar.

Zat goýman, ählisin syryp-süpürýär,
Ummasyz baýlygy jantaýna urýar.

Soňra ogrulara hemsyrdaş bolman,
Olardan aýrylyp galypdyr soltan.

Ogrulaň mesgenin, sypatyn, adyn
Belläp, köşge tarap urupdyr ädim.

Daňdanlar–ukuda mahaly iliň,
Çagyrýar ýanyna wezir-wekilin.

Soň bir topar at-ýaragly nökerni
Çagyryp, ogrulaň ýaşaýan ýerni

Düşündirip, salgy beripdir anyk.
Nökerler ogrulaň gözlerni daňyp,

Öňlerine salyp olaň hemmesin
Südenekläp alyp gelýärler basym.

Tangyr ogry ony gören badyna,
Tanyş keşbi tiz salypdyr ýadyna.

Hakydada aýlap oň aýdan sözün,
Soňra soltan taýa öwürýär ýüzün.

«Ýadymda nämeler gürrüň bereniň,
Belli bize seniň gudrat-keremiň.

«Sakgalmy silkemde, islendik adam
Gutular−diýýärdiň−herki beladan».

Herimiz başarýan zadymyz etdik,
Ine, indem seniň nobatyň ýetdi.

Nämüçin matlabňy gizlin sakladyň?
Ne sebäpden gymyldanok sakgalyň?

## TORA DÜŞEN GUŞJAGAZYŇ AWÇA MASLAHAT BERŞI HAKYNDA HEKAÝAT

Bir guşjagaz düşüp awçyň toruna,
Ýalbaryp başlady oňa gör, ine:

«Gulak goý, jenabym: saňa arzym bar,
Meni ele salmak nämäňe derkar?

El çek meni lukma etmek netiňden,
Doýýansyň sen goýun, sygyr etinden.

Meni iýmek bilen garnyň doýarmy?
Heý, guşdanam awça lukma bolarmy?

Üç sany peýdaly maslahat bersem,
Allaň haky üçin meni goýber sen.

Ilki maslahaty berjek ýerdekäm,
Seniň eliňdekäm, ‒ýagny, tordakam.

Olaň ikinjisin‒ejirden dynyp,
Aýtmakçy hol beýik haýata gonup.

Soňky maslahaty‒açylyp ara,
Aýdaýyn gonamsoň äpet çynara.

Olaň ilkinjisin aýdaýyn bada.
«Ynanmagyn asla, bolmajak zada!»

Şeý diýip, guşjagaz haýata geçen:
«Bolan işe ökünmegin hiç haçan!»

Awçydan ep-esli açansoň ara,
Guşjagaz şeý diýen gonup çynara:

«Biler bolsaň, men bir ýöne guş däldim,
Gepe gidip, aldandyň sen, ät galdyň.

Ep-ýesli dür bardy meniň garnymda,
Bilen bolsaň, baý bolardyň bir günde.

Nesibäň ýokdur-da, eliňden gitdi».
Muny eşdip, awçy kellesin tutdy.

Aldananna jany ýanyp, ökündi,
Dady-perýat etdi göýä kakynly.

Guş diýdi: «Geň galýan bolşuňa seniň,
Bes-belli bolup dur çig süýt emeniň.

Bu bolşuňa, kän entärsiň durmuşda,
Dür nireden bolsun men ýaly guşda?

Müçäm näme, içimde dür bor ýaly?
Çykar sen göwnüňden bu ham-hyýaly».

Awçy hatasyna düşünen deýin,
Diýen: «Soňky öwdüňem aýt, eşdeýin!»

«Öňki ikisinden almadyň many,
Şoň üçin bes edýän öwüt bermäni.

Samsyga akylly maslahat bermek–
Göýä şor topraga tohum atan dek.

Sypdym men eliňden tapyp amatyn».
Diýdi-de guşjagaz gerdi ganatyn.

# MASLAHAT SORAN ADAM HAKYNDA HEKAÝAT

Bir adam goňşusynyň ýanyna geldi,
Möhüm iş barada maslahat saldy.

Olam içgin synlap sada goňşusyn,
Diýdi: «Özgä maslahat sal gowsy sen.

Men seni halamok, ýadyňda sakla,
Şoň üçinem, beýle möhüm iş hakda

Degerli maslahat isleseň eger,
Sen başda birine sala salyp gör.

Men saňa peýdaly maslahat bermen,
Näçe islesem-de, ony başarman.

Kim gurda ynansa goýun bakmagy,
Şo bolar adamyň iň bir akmagy.

Saňa duşmandygmy duýdurdym ýaňy,
Bäsdeşler bir-birne ýagydyr-ýagy.

Zyýanyňa çapar ähli babatda,
Sen gowsy, pikirlen, aklyň dagytma.

Dostuň ýok däldir-ä? Bar bolsa eger,
Bu zatlar barada şoňa gürrüň ber.

Sözne gulak asyp ýörmän her kesiň,
Dostuň bilen «Ýedi ölçäp, bir kesiň».

Diňläp goňşusynyň aýdan sözlerni,
Ol şeýle diýipdir ýaşlap gözlerni:

«Bu gepiňi diňläp, seni söýdüm men,
Käbir dostsumaklaň ýalan öwdünden,

Sen deý mert duşmanyň sözün diňlänim,
Ýüz esse peýdaly diýip bilýärin».

# TAKWA OGRY HEM BAGBAN HAKYNDA HEKAÝAT

Entäp ýören ogry girip bir baga,
Başlan wagty miwelerden ýolmaga.

Bagban ony görüp, gelenmiş ylgap,
Hem haýbat atypdyr, taýagyn salgap.

Gygyrypdyr ogra gataldyp sesin:
«Bagda ne görüň bar? Aşak düş basym!»

«Men – Taňry bendesi» – diýipdir ogry,
– Taňrynyň saçagna geldim men dogry.

Taňryň naz-nygmaty bu zatlaň bary,
Maňa nähak ýere berýäň azary».

Ol ogra mazaly syn edip bagban,
Aýdypdyr: «Men seniň kimdigňi aňýan.

Öňem az görmedim sen tetellini,
Edil häzir ederin men belliňi.

Meň wagtym ýok ýaňkalaşyp durmaga»,
Diýip ony başlanmyşyn urmaga.

Nadaralyk edip, gygyrýar ogry:
«Seň edýäniň näme, şeýtanyň kowmy?

Taňry bendesine berýärsiň azap,
Beýle gabahatlyk nirde görlen zat?»

«Çaky ýagşy takwasyran bolmaňam,
Ikimizem – urulýanam, urýanam.

Gitjek ýerimiz ýok – Taňry bendesi,
Baglanşykly bu zatlaryň hemmesi.

Eýsem, seniň bu ýalaňaç kebzäňi,
Saýgylaýan – Taňryň taýagy dälmi?»

## DAG GOÇY HAKYNDA HEKAÝAT

Bolýar dag goçunda şu hili endik,
Saýlap gaýalaryň nirde belendin.

Aga-ýana gezer, hüşgärdir, sakdyr,
Özün daşda tutar gaplaňdan, okdan.

Her öňeten awça aňsat aw bolman,
Abanýan howplardan sypar ol aman.

Golaýyna baryp bilmäni üçin,
Awçylar kömegne daýanýar geçiň.

Goç ho-ol pesde dag geçisin gördügi,
Ýatdan çykyp, öňki saklyk endigi.

Serin duman alyp, gözi ümezläp,
Taýyna gowuşmaň çäresin gözläp.

Bolup oň ugrunda her zada taýyn,
Şuwlap gaýdýar depesinden gaýanyň.

Awçylar belet oň bu gylygyna,
Jadylanyp yşkyň çakylygyna.

Guran hilelerine aldanjagyny,
Özlerne ap-aňsat aw boljagyny.

Bilenleri üçin güldürip için,
Başyna ýetýärler olar dag goçuň.

Gözsüz batyrlygy kä gahrymanyň,
Açyk howpdan kän ýetirýär zyýanyn.

# GAÝNAG SUWLY GAZANA DÜŞEN NOHUTLAR HAKYNDA HEKAÝAT

Dana kişiň aýdýan hekaýatyndan,
Many al ýaş ýigit, towakgam senden.

Pikir eýle aklyň bolsa özüňde,
Nohut bary gaýnap duran gazanda.

Bökýärmişler kä çümüp, kä çykyşyp,
Ine, olaň diýýän sözlerni eşit.

«Hojaýyn, bazardan alaňda satyn,
Aňmandyrys seniň beýle niýetiň.

Maksadyňy gizläp getirdiň munda,
Heý, rehim-şepagat bolmazmy sende?»

Hojaýyn şeý diýen ol nohutlara,
«Näme, igenýäňiz ýerliksiz ýere?

Her kimiň bir hili kysmaty bardyr,
Jahana indimi – şoňa taýýardyr.

Alyp ene ýeriň iýmitin, suwun,
Sizem tüýs kemala geldiňiz bu gün.

Daýhan sizi ekdi, bakdy, saklady,
Şu hem – ömrüňiziň ahyr maksady».

# HOR DÜŞEN EŞEK HAKYNDA HEKAÝAT

Bir suw çekýän bendäň eşegi barmyş,
Gije-gündiz agyr işde haýdarmyş.

Görýän güni ejirlimiş, agyrmyş,
Suw çekmekden ýaňa gerşi ýagyrmyş.

Näçe işlese-de, çekse-de azap,
Ýokmuş doýa garna iýer ýaly zat.

Horlugyndan ýaňa somalyp süňki,
Biçäre eşegiň agypdyr eňki.

Arpadan doýmagy etse-de arzuw,
Oňa ýetýän hörek-sypal bilen suw.

(Maňlaýyna ýazylan kysmatdyr, belki),
Hatda şolam tapylanok bol-telki.

Şeýle ýagdaýdaka günleň bir güni
Şanyň atbakary görenmiş ony.

Haýpy gelip biçäräniň halyna,
Eýesini çagyrypdyr ýanyna.

«Ýüregiň daşmy seň? Gör-ä bolşuny,
Atlar bilen bile bakaýyn muny».

Diýende eýesi bolup hoşwagt,
Aýdan: «Bu meň üçin ullakan bagt...»

Şeýdip, eşek atýataga düşüpmiş,
Çar töwerek oň gözüne köşkmiş.

Bakan taýy ap-arassa, suwlanan,
Günüň-güni arpa iýýärmiş olam.

Eşek oýlanypdyr: «Dogrymy diýsem,
Şundan uly bagt barmyka eýsem?

Häzire çen nälet siňen deý ylla,
Ýekeje gün dok bolmadym eý, Alla.

Ömrüm-gyş, görmedim hözürin ýazyň,
Men eşegem bolsam, ýaradan özüň.

Ýaşaýyşa höwes galman göwünde,
Ölümmi diledim günüň-gününde.

Hut jennetde ýaly atlaň durmuşy,
Adalatsyz eken dünýäň gurluşy...»

Birdenem adamlar dowla düşüpdir,
Ol asuda ýurtda jeň tutaşypdyr.

Ýatakda mes duran atlaryň bary,
Eýerläp, sürülýär söweşe sary.

Ýigitler atlanyp olaň üstüne,
Tizden-tiz çykýarlar duşman kastyna.

Gylyçdan ot syçrap, peýkamlar şuwlap,
Sen atmyň, adammyň… goýanok sylap.

Syna peýkam çümüp, aýagy döwlüp,
Köp atlar ýataga gelýär öwrülip.

Gylyç dilen, syna çümen peýkamdan,
Bedenden syrygyp akýan al gandan.

Atýatagyň içi görer ýaly däl...
Eşek muny synlap, öwürýär hyýal.

«Gideýin eýämiň ýanna dolanyp,
Mundan müň paý gowy aç-hor bolanym.

Men başarman oka döşüm germäni,
Iýen iýsin bu belaly arpany.

Alla, günämi geç, gepledim küpür,
Öňküje günüme ýüzde-müň şükür».

## BAKYLYK DARAGTYNY GÖZLÄN ADAM HAKYNDA HEKAÝAT

Bir şahyr şeý diýip ýazan dessanda:
«Bakylyk daragty bar Hindistanda.

Şonuň miwesinden kim datsa, biliň,
Oňa garrama ýok, ýok oňa ölüm...»

Bu sözleri eşden şalaryň biri
Bolup baky ýaşamagyň ýesiri.

Diýip: «Şol miweden alyp gel bäri».
Çapar gönderenmiş Hindistan sary.

Şol täsin daragty tapmaň netinde,
Girenmişin çapar ülkäň çetinden.

Ýurduň çar künjüni sökýär, selpeýär,
Emma ol daragta gabat gelmeýär.

Gözleýänniň boş zatdygny bilenler
Oň üstünden gülüp, ýola salanlar.

Birnäçeler sorap ýagdaý, halyny,
Diýipdirler: «Tentekmi bu, dälimi?»

Ol bendäň sözlerne gülüp, ýaňsylap,
«Bu bikär iş üçin bolma sen heläk».

Diýmän, odukdyryp öňküden beter,
Gižže beripdirler: «Agtaran – tapar».

Aýlanyber ýurduň ýakyn, alsyny,
Ahyr maksadyňa ýetir ol seni.

Bardygy-ha anyk şeýle daragtyň,
Bir gün gabat geler, getirer bagtyň.

Ullakan daragt ol, goýry kölgeli,
Seniň gözleýäniň hut şol bolmaly.

Üç gulaç dagy bar ýogynlygy-da,
Ýol agyrdyr, ýöne gaýrat et, çyda».

Şeý diýip, çaparyň ugun ýekeläp,
Bilseler-de onuň boljagny heläk.

Onuň sadalygna içi gülenler
Aldap-ogşap, ýene ýola salanlar.

Çekip ýene uzak ýoluň ejirin,
Aý-ýyllarny boş gözlegde geçirip.

Tapdan düşüp, gubar inip gözlerne,
Şübhelenip netijesiz gözlegne.

Ol oýa batypdyr: «Şunça ýyl bäri
Soňsuz ýollar söküp, çekdim azary.

Gözleýän zadymdan tapylman derek,
Bar çeken azabym boldy biderek.

Halys tapdan düşüp, ysgynym gaçdy,
Iň soňkuja umyt uçgunym öçdi.

Salgymy kowalap gezdim şu çaka,
Indi dolanaýyn ýurduma baka.

Ýöne ilki tapyp danalaň birin,
Gür bereýin gören görgümiň baryn.

Aýdaýyn düşenmi niçiksi hala,
Pata alyp, soňra düşeýin ýola».

Tapyp ýurda belli dana, alymy,
Sözläpdir o bende ýagdaý halyny.

Oň gürrüňni diňläp, soranmyş alym
«Näme gözleýänňi et maňa mälim».

«Bir şahyr şeý diýip ýazan dessanda:
«Bakylyk daragty bar Hindistanda.

Şonuň miwesinden kim datsa, biliň,
Oňa garrama ýok, ýok oňa ölüm».

Hökümdarmyz — ýowuz şalaryň biri
Bolup baky ýaşamagyň ýesiri.

«Şol miweden alyp gel — diýip — bäri»,
Meni ýola saldy Hindistan sary.

Ýyllarmy geçirdim bikär gözlegde,
Tapdan düşdüm, gubar iýndi gözlerme».

Dana şeýle diýen: «Bir zady biliň,
Ol daragtyň ady — bilimdir, bilim.

Onuň şaha-pudaklarna san ýetmez,
Datly miwesine her ynsan ýetmez.

«Öý ýykar — diýýärler — öteräk eşden»,
Salgyma çapypsyň sen ozal-başdan.

Diňe şol daragtyň miwesin dadan,
Baky ýaşar, bolar bagtyýar adam».

## SÜLEÝMAN PATYŞA HEM IKATÝOK HAKYNDA HEKAÝAT

Süleýman şa oýananda ir bilen,
Dürli guşlar onuň ýanyna gelen.

Guşlaň dili hökümdara aýanmyş,
Oň başga-da artyk tarapy känmiş.

Eger-de ýürekler bolanda ýakyn,
Düşünişmek düşenogam beýle kyn.

Kalplar bir-birine bolanda bendi,
Arkaýyn düşünşer türk bilen hindi.

Ýürekleň urgusy çapraz bolanda,
Düşünişmez öz dogany bilen-de.

Yns-jyns goýjak bolsa bir-bire gadyr,
Esasy zat - ýürek ýakynlygydyr.

Şoň üçinem, guşlar dost-dogan deýin,
Patyşaň ýanyna barýar arkaýyn.

Guşlaryň her biri şanyň öňünde
Öz başarnygyny magtap öwündi.

Ahyr Ikatýogyň gezegi geldi:
«Meniň duýgurlygym bar kişä belli.

Zeminiň teýinde nirde suw baryn,
Bulaň arasynda bir men bilýärin.

Uçaýyn ha pesden, ha-da belentden,
Ýerasty suwlara diýseň belet men.

Sen çöle çykaňda ýa-da ýörişde,
Halasgäriň borun göýä perişde».

Süleýman seslendi: «Bu örän gowy,
Tapyp bilýän bolsaň tenekar suwy,

Bizden asla hyzmatyňy gaýgyrma,
Çöle çyksak, ýanymyzdan aýrylma.

Gara Gargaň içi köýüp bu hala,
Gagyldady: «Şahym, gurýar ol hile.

Bolýan bolsa beýle duýgur, üşükli,
Oň çirtmege düşmejegi düşnükli.

Başarsa-da öwnüp, bogaz ýyrtmagy,
Saýgaranok ýerde gurlan çirtmegi!»

Bu sözleri eşdip, oýa batdy şa:
«Olam beýlekiler ýaly bir guş-a.

Ýalan bolup barýar çyndyr öýdenim...»
Diýip, makullady Gargaň aýdanyn.

Ikatýok duýup öz agyr ýagdaýyn,
Diýdi: «Şahym, saňa bir zat aýdaýyn.

Pähim et-de, düşün şeýle bir zada:
Sözden gudratly zat ýokdur dünýäde.

Çyn dostuň agzyndan çyksa ol eger,
Ýalan däldir, gulak asanňa deger.

Görüplikden Gargaň içi çürüşdi,
Aramyzy bozmaň kül-külne düşdi.

Onuň ýalan gagyldysyn diňläniň
Bela duçar boljagyny bilýärin.

Onsoňam, bir men däl, gezek-gezegne
Düşýäris barymyz pelek duzagna.

Berlenok hiç kime ebedi ömür,
Saýgaranyň, saýgarmanyň bary bir ...»

## ÇYBYNYŇ SÜLEÝMAN PATYŞADAN KÖMEK SORAÝŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Süleýman şa garry hem taýsyz dana,
Bellidi paýhasy haýwan, ynsana.

Bir gün oň ýanyna bir çybyn geldi,
Diýdi: «Adalatyň äleme belli.

Ynsanam, haýwanam, mör-möjeklerem
Seň adyňa alkyş aýdýarlar kileň.

Biz çybyn kowumy, ejizje jandar,
Beýlekiler ýaly bizde-de san bar.

Ýaş goşulsyn, şahym, ýaşyňa seniň,
Kömek sorap geldim ýanyňa seniň.

Bilýäris: seň merhemediň zyýada,
Deň göz bilen bakýaň kiçä, ula-da.

Adalatyň hemmelere göz ede,
Rehimdar nazaryň aýla bize-de.»

Şa diýdi: «Her zady bilmek parzym bar,
Sözle hany, maňa näme arzyň bar?

Pälimiz düzüwdir, kalbymyz akdyr,
Adalatymyzdan nägile ýokdur.

Täç geýip, halkymyň öňüne çykdym,
Ähli erbetligiň soňuna çykdym.

Ýetmez ýaly ile-güne azary,
Ogry-jümrüleriň zyndanda bary»

Çybyn wyzzyldady: «Hazlawyk şemal
Bize gün berenok, çydar ýaly däl.

Dostlarmyz mat, duşmanlarmyz şat boldy,
Agaýana uçmak bize ýat boldy.

Perman çykar: bize azar bermesin,
Eşitmäli onuň ýigrenji sesin».

Şa diýdi: «Şemala perman berse bor
Ýa-da şeýle aýdyp, düşündirse bor.

Ýöne welin, Ýaradanyň öňünde
Ýalňyşýan ýerlerim bolýar meniň-de.

Diňe seň arzyňy eşdip, oňmaly,
Günäkäriň özüni-de diňläli.

Çagyryň şemaly, gelsin bu ýere,
Käbir sözlerim bir oňa diýere».

Şemal bir ýerlerden geldi daz ýasap,
Çybynyň mazasy gaçdy alňasap.

Bada-bat o ýerden zym-zyýat boldy,
«Göçenni ýel, gonanyny gol bildi».

Şa gygyrdy: «Näme, gaçdyň beýle tiz?
Adalatly hököm çykanok heniz.

Ýanyma arz edip gelenňe görä,
Bilip git-dä munça bolanna görä.»

Çybyn jyňňyldady: «Dönmerin ýoldan,
Men hökümden beter gorkýan şemaldan...»

Şol çybynyň bolşy düşnükli bize,
Ýaradany ýatlap, sylsak-da ýüze,

Öz etmişlerimize ökünip gezýäs,
Onuň nazaryndan çekinip gezýäs.

## AJALDAN GAÇAN ADAM HAKYNDA HEKAÝAT

Bir samsyk bar ýaly bir agyr derdi,
Süleýman patyşaň gaşyna bardy.

Şa diýdi: «Aýdyber islegiň näme?»
«Wah, zalym Ezraýyl mündi mekgäme.

Yzymdan galanok nirä ugrasam,
Tapaweri bu ýagdaýa çäre sen».

«Näme etmeli men? Bu niçik gepdir?»
«Şahym, sen şeýle bir harasat gopdur.

Meni Hindistana eltip taşlasyn.
Ezraýylyň päl-niýeti paşmasyn.»

Süleýman şa onuň diýenni etdi,
Harasat samsygy düýrläp äkitdi.

Bir günem ol Ezraýyla sataşyp,
Şeýle diýdi bolan işden gep açyp:

«Sen – Allaň çapary. Bilýärin, zorsuň,
Näme, o biçärä gün bermeýärsiň?

Senden gorkusyna, öýünden bizar
Bolup, ýat ülkede çekip ýör azar».

Ezraýyl şeý diýdi: «Buýruk Hudadan,
Tapmaly men nirde bolsa şol adam.

Bu ýere gelmegi geň ol bendäniň,
Hindistanda almalydym oň janyn.

Günä baryn etdi undup Hudaýy,
Hut sakar dowzahda taýyn oň jaýy.

Azap çekip, onuň üstüne gitdim,
Baryp, ýakasyndan ebşitläp tutdum.

Edýän işim agyr bolsa-da herne,
Hudaýyň buýrugyn ýetirdim ýerne».

Bilmegimiz gerek bir zady açyk,
Gitjek ýerimiz ýok ajaldan gaçyp.

Gaçman, mydam oňa bolmaly taýyn,
Nirä sypjak nazaryndan Hudaýyň?!

## HINDISTANA GIDEN SÖWDAGÄR HEM TOTUNYŇ OŇA SARGYDY HAKYNDA HEKAÝAT

Täjiriň akylly Totusy bardy,
Şonuň üçin ony il sylaýardy.

Bir gün Hindistana gidermen bolup,
Dogan-gardaşlarny ýadyna salyp,

Hersiniň göwnüne ýetesi geldi,
Bir zatjagaz sowgat edesi geldi.

Ýakymly niýetden besläp ýüregni,
Soraşdyrdy kime näme geregni.

Totuguşam kem galmady olardan:
«Meň dogduk ilime barsaň bu ýerden,

Kowumdaşlam saňa gabat geler kän,
Baryna salam aýt ýekänme-ýekän.

Aýralyk ejirni çekýänimi aýt,
Ýatlap, gözümden ýaş dökýänimi aýt.

Bendilikde horluk görýänimi aýt,
Mydam ili ýatlap ýörýänimi aýt.

Olar bilen açyk bolsa-da ara,
Bu dertden gutulmaň çäresin sora.

Bendilikde ýaşap ýörkäň ejirde,
Sataşmagyň mümkin her hili derde.

Her kime bir hili ykbal bolup ýar,
Kim şatlykda, kim hasratda ýaşaýar.

Erkinlikde ýaşap ýören Totular
Meni ýat etseler, derdim dep bolar.

Olaň biri maňa has-da mähriban,
Görk-görmegi zyýat, diýseň hoş zyban.

Ömürlik soltan ol göwün köşgümde,
Ah çekýän hemişe onuň yşgynda.

Diýmän: «Garaşmakdan halys ýadadym,
Mydam ýada salsyn beren wadasyn.

Olam hasrat çekip edil men deýin,
Noş edip ýaşasyn aýralyk meýin...»

Akylly sözleri gelip hoşuna,
Söwdagär söz berdi dana guşuna.

Hindistana baryp ýeten badyna,
Beren wadasyny saldy ýadyna.

Erkin totuguşlar topar-topardy,
Söwdagär olaryň ýanyna bardy.

Gowşurdy guşunyň ýollan salamyn,
Ähli sargytlaryn, köňül kelamyn.

Şonda birden erkin totulaň biri
Hemmesinden beter çekip ah-zary,

Gaýtdy-da şahadan göýä daş bolup,
Patlap ýere gaçdy çalam-çaş bolup.

Muny gören täjir gepletdi için:
«Iki göwre – bir jan» diýilýäni çyn.

Munuň şeýledigni hut häzir bildim,
Biçäräň ajalna sebäpkär boldum.

Yşkyň ýowuz oýunlary kän eken,
Bu meň totym bilen jana-jan eken.

Bitirmedik bolsam onuň haýyşyn,
Beýle agyr günä goşmazdym başym».

Dil – çakmaga, sözem ogşaýyp daşa,
Käte sebäp bolýar her dürli işe.

Kä haýyr, kä şer iş basym-basymdan
Döräp dur olaryň çaknyşmasyndan.

Işiň soňun saýman sözleseň eger,
Belli zat – haýyrdan rüstem geler şer.

Mahsus bu hal her bir hökmürowana,
Olaryň azary ýetýändir käne.

Ölüni direldip bilýänem sözdür,
Gülzary çölüstan kylýanam sözdür.

Şol bir sözüň gudrat-güýjüni görýän:
Kim üçin zäher ol, kim üçin derman.

Bu pany jahanda kim bolsaň, bol sen,
Çyn adamsyň diýjek sözüňi bilseň.

Täjirimiz söwda işin bitirip,
Düýelerne dürli-dümen ýük urup,

Sargalan zatlaryň alansoň baryn,
Ugrady nazarlap dogduk diýaryn.

Iline gowuşdy, guşuny gördi,
Bolan – goýan zatlaň habarny berdi:

«Sargydyňy aýdyşyň dek bitirdim,
Totulara salamyňy ýetirdim.

Ähli aýdanlaryňy aýtdym olara,
Ähli ýagdaýlaryňy aýtdym olara.

Gürrüň berdim çekýän ýürek derdiňden,
Bir totyň bolşuny täsin gördüm men.

Ol guş seniň hal-ýagdaýňy eşdenden,
Patlap ýere gaçdy. Geň galdym çenden.

Gaplady kalbymy gussadyr gaýgy,
Näçe ökünsem-de, ýok indi haýry.

Kä söz ýaýdan çykan peýkama meňzäp,
Synaňa çümýär-de, berýär kän azap.»

Dana toty bu sözleri eşdende,
Çekýän dert – ejiri durmady çende.

Edil jan rişdesi üzlen şekilli,
Essi aýyldy-da, ýere ýykyldy.

Söwdagär demligi daralan deýin,
Haş-haşlap, uludan aldy-da demin,

Elinden gidendir öýdüp totusy,
Gürlände, gyryljyk eşdildi sesi:

«Şirin zyban guşum, paýhasly guşum,
Agyr melamata goýduň bu başym.

Elmydama guwanardym saňa men,
Owazyňy eşdermikäm ýene men?

Zyýat saýdym seni jennet guşundan
Agyr külpet inderdiň meň başymdan.

Sen meň guwanjymdyň, göwün hoşumdyň,
Ähli zatdan eziz görýän guşumdyň.

Seni arzan satyn alanam bolsam,
Meň üçin bar zatdan gymmatdyň, bilseň.

Soňky boljak işi duýman öňüňden,
Öz dilimden bela galdym bu gün men.

Dilim, sen kalbymyň hany-soltany,
Öýümiň rysgaly, göwheri-käni.

Sen käte daşyma demirden gala,
Käte-de melamat, towky, dert-bela.

Sensiň meni gamdan halas etjegem,
Sensiň ýene bu başyma ýetjegem.

Kämahal olja sen, kämahal gapan,
Duýman ýaşapdyryn şu günlere çen.

Kä ganym duşmanym, käte ýaranym,
Kä hasratym, kä sapaly döwranym.

Käte perişde sen, kämahal şeýtan,
Sen – edil ýüregme çenelen peýkam.

Sen käte rehimdar, kämahal zalym,
Görüp bu biçäre guşlaryň halyn,

Düşündim men öz goýberen hatama,
Indi gije-gündiz aglamda näme?!»

Öz ýanyndan samrap oturan täjir,
Guşlaryň bagtyny ýatyran täjir

Gözýaş edip, agram salyp aklyna,
Synandy özüni aklamaklyga.

Gark bolýan biçäre gaçyp mejaldan,
Dalda gözlär akyp barýan sypaldan.

Gam laýyna batan täjir görgüli
Ahyry kapasa uzady eli.

Agyr matam tutup, sallap başyny,
Çykardy daşyna ölen guşuny.

Ölen bolup ýatan toty şobada
Ganatlarny pasyrdadyp howada,

Sypdyrman duýdansyz açylan bagtyn,
Gondy şahasyna belent daragtyň,

Täjir haýran galyp, açdy agzyny.
Soňam üzlem-saplam sözledi şuny:

«Sargan sargydyňda niçik syr baryn
Ozal aňmandyryn, indi bilýärin.

Aňkawlyk bolarmy heý, mundan beter?
Siziň maňa guran alyňyz ýeser.

Sargydyňy dostlaryňa ýetirdim,
Indem öz başyma bela getirdim.

Başda pirimiňi bilmämsoň aýan,
Saňa – peýda etdim, özüme zyýan».

«Sag bol haýyşymy bitireniňe,
Dostlarymdan habar getireniňe.

Kim görnetin dana, akylly bolsa,
Kimiň sesi belent, ýakymly bolsa,

Daşyňda has mäkäm kapasa baryn,
Men öz ykbalyma garap bilýärin.

Taýymyň sen barkaň ölen bolmagy
Oýlanşykly gurlan ýalan bolmaly.

Çakym dogry bolsa, beýtmegi meger,
«Senem şeýt» diýp, maňa iberlen habar.

Aýyplaşma, indi seni terk edýän,
Öz ýegre dostlarmyň ýanyna gidýän».

Hojaýyn dillendi: «Meni utduňyz
Hem örän gymmatly zat öwretdiňiz.

Ýoluň açyk bolsun, Alla ýar bolsun,
Ol size hemişe howandar bolsun!

Maňa sapak beren eý, paýhasly guş,
Uç dostlaň ýanyna, taýyňa gowuş!»

## BIR ADAMYŇ EMIRDEN AT DILEÝŞI HAKYNDA HEKAÝAT

Bir kes şeýle diýdi emire garap:
«Bir at beräýmeseň, meň halym harap.

Özüňiz bilýäňiz bu uzak ýoly,
Gerek ol öýüme aşarym ýaly.»

Emir diýdi: «Şol bolsa bar geregiň,
Çal aty al, goý, derdiňe ýarasyn!»

«Haýyşym: şony bir berme, hökümdar,
«Är gorkan ýerinden» diýen nakyl bar.

Ömrüň uzak bolsun, mertebäň belent,
Götin ýöreýär ol, gylygna belet».

«Ondan gözüň gorkan bolarly, meger,
Beýle bolsa, ters öwür-de sürüber.

Häkimleň içinde (dogrymy diýsem),
Şol ata çalymdaş azmy nä eýsem?

Boluşlarna görä ýöredip ýörüs,
Biz-ä derdimize ýaradyp ýörüs...»

## HAÝRY ŞERE ÖWÜRÝÄN HÖKÜMDAR HAKYNDA HEKAÝAT

Hökümdar bir gezek metjide sary
Ugranda, ýaragly sakçylaň bary

Gyran-jyran edip adam baryny,
Köpün ýenjip, öldürip käbirini,

Nähak gana üns bermeýärmişler,
Şeýdip, geçere ýol arçaýarmyşlar.

Şol hili ýagdaýda ýenjilen bende
Şeý diýipdir oňa ýeri gelende:

«Eý, emir, bu bolşuň gabahat juda,
Gör, näçe bigünä janyndan jyda

Düşdi seň metjide barmagyň üçin,
Şol ýerde namaza durmagyň üçin.

Ne bir haýyr işi öwürip şere,
Jebir-sütem kylýaň biz bendelere.

Edýän günäň känmi ýa-da sogabyň?
Biz däl, Hudaý sorar onuň jogabyn».

## PYGAMBERIŇ ÄDIGINI OGURLAN BÜRGÜT HAKYNDA HEKAÝAT

Azançynyň sesi ýaňlanan bada,
Pygambermiz durmak üçin namaza,

Täret kylar ýaly suw haýyş etdi,
Onuň aýdanlary şo bada bitdi.

Ädigni çykaryp, goýdy gyrada,
Hut şol wagt (bolýan işe sered-ä!)

Şol taýda sümsünip ýören bir ogry
Ädikleň ýanyna bardy-da dogry,

Bir taýyny alyp gaçdy şo bada...
Bir bürgüdem ganat ýaýyp howada,

Sypan peýkam deýin kirşinden ýaýyň,
Gysyp penjesine beýleki taýyn,

Asmana galdy-da, ana, şo ýerden
Ädigi başaşak öwürdi birden.

Ullakan bir ýylan gaçdy ädikden,
(Gudrat saýman biljek muny nädip sen?!)

Bolup geçen zatlar meňzeşdi düýşe,
Pygamber geň galyp bu bolan işe,

Kellesini ýaýkap, gepletdi için:
«Bürgütden nägile bolanlygym çyn.

«Ogry» diýip, öz ýanymdan käýindim,
Hatda nälet okamaga taýyndym.

Ol ykjam amatyn peýlän ekeni,
Meni howpdan halas eýlän ekeni...»

Durmuşda şu zada düşünmek gerek:
Ýitgi üçin hasrat çekmäň biderek.

Gerekmez baýlygyň, boş şan-şöhradyň
Hossary köp bolýar artykmaç zadyň.

Käte zyýan diýip hasap edeniň
Haýra dönüp, ömrüň uzaldýar seniň.

## DÖRT ADAMYŇ BIRI-BIRINE DÜŞÜNMÄN EDEN DAWASYNYŇ HEKAÝATY

Bir türk, bir pars, arap hem-de ýunanly
Bir dirhem pul üçin azara galdy.

Dördüsine berlen şol ýeke dirhem
Olaryň agzyny alartdy birden.

Pars dillendi: «Men-ä şu berlen pula
Engur alyp paýlaşardym siz bile».

Türk ara sokuldy: «Diňläň siz sözüm,
Engur nämä gerek? Alalyň üzüm!»

Ýunanly şeý diýdi: «Stafil alyp,
Neneň gowy bordy iýsek dört bolup!»

Arabam kem galman, atdy-da owsun,
Diýdi: «Tanaňzok siz iýmitiň gowsun.

Bir zatdan doldurjak bolsak bu garny,
Heý, eýnapdan gowam nygmat bolarmy?»

Hersiniň bir sanaç ýelleri bardy,
Şeýdip, olar gyzyl ýumruga girdi.

Edil ganym duşman ýaly, eý, aman.
Uruşdylar bir-birni aýaman.

Ýaka ýyrtyşdylalar,ýolmalaşdylar,
Ysgyndan gaçdylar tapdan düşdüler.

Tapylan bolsady dillerne düşýän,
Olar bir-birege bolmazdy duşman.

Ol kişi dawany çözerdi aňsat:
Dördüsiniň isleýänem şol bir zat.

«Engur», «eýnap» ýene «stafil», «üzüm»
Dürli dilde aýdylyşy bir sözüň.

Düşünmän diline birek-biregiň,
Ýykdy ol dördüsi dostluk diregin.

Şundan many alyp, bir zady biliň:
Agzybirlik üçin gerekdir bilim.

## SERHOŞ TÜRK SERDARYNYŇ BAGŞY DIŇLEÝŞI HAKYNDA HEKAÝAT

Türk kowmundan bolan serdarlaň biri
Bagşa elin salgap, diýdi: «Gel bäri!

Bar güýjüňi tijäp, gaýgyrman sesiň,
Hezil ber, açaýyn gulagmyň posun».

Bagşyň kem-kem towy ýetip başlady,
Köne aýdymlara tutup başlady:

«Gijemiň sen, gündizmiň sen – bilmedim,
Bizden hoşmuň, dilgirmiň sen – bilmedim...»

Kalbyň doňy haçan erär – bilmedim,
Gözleň maňa haçan garar – bilmedim... »

Bagşynyň aýdymy ýaňlandy uzak,
«Bilmedimler» gaýtalandy kän gezek.

Gözleri ümezläp duran hojaýyn
Birden syçrap turdy guduzlan deýin.

Ätmer-sätmer basyp, elinde gamçy
Bagşynyň üstüne ugrady ýaňky.

Ülpetlerniň biri muny gördi-de,
Edil alkymyna baryp durdy-da,

Diýdi: «Bu nä boluş? Päliňden gaýt,
Bagşa el götermek aýypdyr, aýyp!»

Serdar gygyrypdyr: «Bu nähili heň,
Aýdymy: «Bilmedim...bilmedim...» kileň.

Hünäriňe amal kylmaýan bolsaň,
Nä görüňe aýdýaň bilmeýän bolsaň?»

## AŞYK-MAGŞUGYŇ ÖZARA SÖHBETINIŇ HEKAÝATY

Magşuk gyz günleriň birinde, ine,
Ýüzlendi aşygna − söýýän ýigdine:

«Sen kän ýurdy gezdiň, köp ýeri gördüň,
Niräni iň gowy hasap ederdiň?»

«Eý, ýüregmiň örki, näzenin gözel,
Sen nirede bolsaň, iň gowy ýer – şol.

Goý, haraba bolsun ýa mazarystan,
Sen bolsaň, şol ýerem bag bilen bossan.

Ýusup halan bolsa gurrugyň teýin,
Aýdar: «Şu ajap ýer meň mährem öýüm».

Sen haýsynda bolsaň iki dünýäniň,
Bil, ezizim, men şol ýeri söýýärin!»

## GUŞ, GURÇUK HEM PIŞIK HAKYNDA TYMSAL

Bir tymsalyn aýdaýyn men durmuşyň:
Ýer dörüp, bir gurçuk tapynan guşuň

Özünden göwni hoş, keýpi çag boldy,
Gurçuk onuň üçin şowly aw boldy.

Ýöne gör-ä, şol pursatyň özünde
Durdy bir çal pişik onuň yzynda.

Hersiniň kalbynda ýakymly hyýal,
Ýöne kim-kime aw? Düşer ýaly däl...

## ÄPET SELLELI ALYM HEM OGRY HAKYNDA HEKAÝAT

Dolduryp içini hala-huladan,
Bir alym sellesin gaty ulaldan

Sellesi özine juda ýarýarmyş,
Şo bolşuna medresä-de barýarmyş

Içi duran esgi bölek-de-büçek,
Daşyndan garasaň, uly bir gujak,

Sellesine haýbat berip ol alym
Barýan wagty syryp ýakasyn ýoluň,

Bir tüýkesme ogry ony görüpdir,
Amatlyrak ýeri peýläp durupdyr.

Sypyryp başyndan gaba sellesin,
Ol ýerden garasyn saýlapdyr basym.

Alym gygyrypdyr: «Akmagyň biri,
Saňa bir sözüm bar, gulak as bäri.

Sen ysnat getirip ogry adyňa,
Bir sered-ä alyp gaçan zadyňa.

Alar awun bilmeýänleň biri sen,
Nämäňe ýaratjak zir-zibili sen?

Geregiň şo bolsa, nesip etsin, al,
Ýöne içini bir barlap gör owal».

Ogry onuň aýdanyna eýerdi,
Bada-bat selläni çepbe çöwürdi.

Bir giden gyýkyndy döküldi ýere,
Ýeke zat ýok «Meňki bolsun» diýere .

Bir bütin zat – olam selläniň daşy,
Muny görüp, ogryň aýlandy başy.

«Azap edip bir dereksiz zada men,
Galdym ýene ogry diýen ada men,

Kämahal hernäçe çekseň-de azap,
Daşky görnüşiçe bolmaýar köp zat...»

## HOWDANDAKY ÜÇ BALYGYŇ BAŞDAN GEÇIRENLERI HAKYNDA HEKAÝAT

Ýurtlaryň birinde bir howdan bardy,
Ol ýerde üç balyk erkin ýaşardy.

Birisi akylly, biri samsygrak,
Üçünjisi akyl-paýhasdan yrak.

Gadym bir kitapda olar hakynda
Okapdym. Isleseň, okap gör sen-de.

Bir kowçum balykçy bir gün daň bilen
Şol ýaňky howdanyň boýuna gelen.

Duýup üstlerine howp abanýanyn,
Gyssandylar halas etmäge janyn.

Iň akylly balyk için gepletdi:
«Bu ýerden gaçmagyň pursaty ýetdi.

Dostlaryma sala salman, geňeşmän,
Gaçaýmasam, soňra etdirer puşman».

Halas etmek üçin şirin janyny,
Terk eýledi balyk öz howdanyny.

Yzyndan it kowýan ýekegapan-da
Gaçar şeýdip, sypan ýaly sapandan.

Aýdyşlarna görä, hatda towşan-da,
Itden gorkup ýatarmyşyn düýşünde.

Bar bolsa her kimiň uly gorkusy,
Düýş görme nirede? Gaçar ukusy.

Şol akylly balyk kän ýüze-ýüze,
Howlugýardy ýetmek üçin deňize.

Başyndan geçirip ençe külpeti,
Ýadamagy, ýaltanmagy bilmedi

Asuda bir ýeri arzuw etdi ol,
Ahyr göwün diýen ýerne ýetdi ol.

Töwerek asuda, iýmitem boldy,
Balyk bu ýagdaýa köp hoşal boldy.

Ýaýnap geziberdi täze ýerinde.
Ikinji balygyň ne bar serinde?

Olam ota sokup samsygrak başyn,
Gözlerin tegeläp, garandy daşyn.

«Wah, menem galmaly däldim joramdan,
Onuň bilen gyl geçmezdi aramdan.

Ýöne ol duýdurman gaçanam bolsa,
Eňiberen bolsam, haçanam bolsa,

Yzyndan ýeterdim ahyrsoňunda,
Menden göwni aýra däldir onuň-da».

Ökünçden haýyr ýok, boljak iş boldy,
Başyňy gutarmaň pursaty geldi.

Nädip halas bolup boljagy hakda
Öz aklyna görä ölçerip-dökdi.

«Halas etmez meni ne ot, ne bagta,
Oýlanmaly başga çykalga hakda.

Gutulmaga başga niçik ýol barka?
Ölen bolup ýatsam, nähili borka?»

Gelen şu pikirin makul tapdy ol,
Garnyny akjardyp ýüze çykdy ol.

Bir balykçy görüp ony dessine,
Başyn ýaýkap, zyňdy çägäň üstüne.

Howdan bilen golaý bolansoň ara,
Balyk urnup-urnup, ýetdi kenara,

Bildirmän özüni bol suwa urdy ,
«Gonanny–gol, göçenini–ýel gördi...»

Barypýatan samsyk – üçünji balyk
Halas bolmak üçin azara galyp,

Näçe urunsa-da, bolmady haýry,
Ýol galmady ele düşmekden gaýry.

Gowrulyp durka-da ýaňky biçäre
Öz agyr derdine gözledi çäre.

Dostlaryn ýatlady soňky deminde,
Islegi bolmakdy şolaň deňinde.

Şeýde-şeýde, düşdi janyndan jyda,
Samsyklygyň ahyr pellesi şu-da.

## ARKASYNA ŞIRIŇ SURATYNY ÇEKDIREN KAZWINLI HAKYNDA HEKAÝAT

Kazwin şäherinde kä kişileriň
Edýän işlerine bir üns beriň.

Näme düwýär o bendeler göwnüne,
Käsi arkasyna, käsi egnine

Çekdirip Şiriň ýa Barsyň şekilni,
Saýýarlar özlerni ilden akylly.

Bir gün şolar ýaly kawzinliň biri
Ilden saýlanmagyň bolup ýesiri,

Barypdyr-da hammamçynyň ýanyna,
Diýipdir gabarlyp, sygman donuna:

«Senden haýyşym şu: Görkez-de zoruň,
Çekip ber arkama suratyn Şiriň.

Gaýgyrma, gadyrdan, eliňde baryň,
Bezese arkamy suraty Şiriň,

Şir ýaly duýaryn özümi men-de,
Geň galyp seretsin her kim görende.

Hut Şiriň kuwwaty goşulan deýin,
Ähli ýerde döşüm açyp gezeýin».

Suratkeş hammamçy çykarman sesin,
Onuň arkasyna sançdy iňňesin.

Kawzinli tisginip, sorady ondan:
«Wäk how, näme, aryň köýdümi mende?»

«Ne beýle şerraýlap turuzýaň gopgun?
Men ýaňy birinji iňňämi sokdum».

«Şiriň nirni ilki çekäýsem diýýäň?»
«Guýruk tarapyndan başladym eýýäm».

«Çydar ýaly däl how, sokýan iňňäňe,
Şo Şiri guýruksyz çekeňde näme?»

Öz işinde edişi deý hemişe,
Hammamçy ýene-de başlady işe.

«Indi nämesini çekýärsiň Şiriň?»
«Häzir-ä gulagna güýmenip durun».

«Iňňäň sanjylyşy göýä bir ajal,
Gulaksyz bolanda, bolmaýarmy şol?»

Hammamçy ýene-de iňňäni sokdy,
Kawzinliň agzyndan ah-perýat çykdy:

«Indi nämesini çekýärsiň onuň,
Iňňeleň janymy aldy-la meniň?»

«Men Şiriň garnyny çekýän. Hä näme?»
«Çydar ýaly däl how ,halys iňňäňe .

Agyrydan ýaňa üýtgedi tüýsüm,
Owarra et, garny başyny iýsin!»

«Akmagyň akmagy, pekgäniň biri,
 Sen nirede gördüň garynsyz Şiri?

Hiç kimiň kem ýerem, artyk ýerem ýok,
Dünýe döräp, beýle zady gören ýok.

Isle, ha isleme-şoň üçin senem
Çydamaly borsuň uwlap, ölseňem!»

Boş hyýaly ýüregiňde besleseň,
Şeýdip, ilden saýlanmagy isleseň ,

Her hili ejire dözmeli borsuň,
Ýa-da öz ugruňa gezmeli borsuň.

Göwün bermän howaýy ham-hyýala,
Kimler düşen bolsa arassa ýola ,

Eşret görer, mydam niýetiň, päliň
Oňatlyga dikip, dowam et ýoluň.

Bilip goý, islendik tekepbirligiň
Aňyrsynda muşakgatyň barlygyn.

## BIR OGLANYŇ ÖLEN KAKASYNYŇ BAŞUJYNDA AGLAÝŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Öldi bir oglanyň mährem kakasy,
Ýas tutýan ýigdekçäň naýynjar sesi.

Zaryn sesi açyk eşidilýärdi,
Eňreýşi hut ýürek-bagryň dilýärdi:

«Öýmüziň diregi kaka jan, seni
Häzir agaç ata mündürip, göni

Haýdap, äkiderler şeýle bir ýere,
Oňa baryp, zat tapmarsyň iýere.

Öýdäki bar zatlaň saňa haýry ýok,
Onda hatda düşenere boýra ýok.

Özem o ýer mydam garaňky hem dar,
Wah, kaka jan, nädip edersiň mydar?

Munda iýýän tagamlaryň birem ýok,
Teýli naharlaryň –ady-soram ýok.

Yşygy düşenok oňa şemiň-de,
Penjire, gapam ýok barjak ýeriňde,

Geläen mahaly bir zat diýesiň,
Hatda goňşularyň eşitmez sesiň.

Göwünem ýüwürtme başga zat hakda,
O ýerde içere suwam ýok hatda ...»

Garyp Juhy şo golaýda ýaşaýan
Onuň bu sözlerni eşitdi aýan.

Ylgap baryp kakasynyň ýanyna,
Şeýle diýdi dowul düşüp janyna:

«Ol ölen bendäni... (gulak goý söze),
Getirjekler öýdýän biziň öýmüze.

«Beýdesleri ýok-la ...» seslendi garry,
«Şeýderler, ähli zat gelip dur dogry.

Oglunyň bir-birden tutup atlaryn,
«O ýok, bu ýok» diýip, sanan zatlary

Hut biziň öýmüziň berýär salgyny,
Aýnada gören dek bilýän men muny».

## HOŞNIÝETLI AÝY BILEN DOSTLAŞAN SAMSYK HAKYNDA HEKAÝAT

Bir gün Aýy ýylan bilen garpyşyp,
Egbarlan mahaly ysgyndan düşüp,

Oňa kömek berip edenli adam,
Halas etdi dogry gelen beladan.

Ejizi goldasa biri kyn günde,
Oňa hormat artýar her bir göwünde.

Kim şeýle goldawa bolmasa taýyn,
Şol kişidir ýigrendigi Hudaýyň.

Diňe özün bilýän tekepbir bende,
Bela duçar bolar wagty gelende.

Ýaňky batyr kişi aýaman janyn,
Halas edip gazabyndan ýylanyň,

Ägirt uly är işini bitirdi,
Adamlary köp beladan gutardy.

Aýy tagzym edip onuň öňünde,
Hoşallyk bildirdi açyk göwünden.

Janpena hem sakçy bolup ynsana,
Gapdalynda gezdi gitmän hiç ýana.

Bir ötegçi synlap bolşuny olaň,
Şeý diýdi adama ýuwaşlyk bilen:

«Bu gödek mahluga etme sen ynam,
Samsyk bilen dostluk duşmanlykdanam

Beterräkdir. Saňa çynym aýdaýyn,
Gowy däl, halypa, düşen ýagdaýyň».

Batyr aýtdy: «Jara dök bu akylňy,
Sen maňa göriplik edýän şekilli».

Ötegçi şeý diýdi: «Sag bolsun janyň,
Ýöne göripligniň dana ynsanyň,

Haýwan dostlugyndan peýdalydygna
Düşünäýseň, oňat bolardy sen-de.

Seň gözlerňi açmak maksadym, netim,
Aýyny taşla-da meni dost tutun.

Iki bolup ýola düşeli durman,
Şeýtmeseň, soňundan çekersiň arman.»

Batyr aýtdy: «Bar-aý, ýoluňdan galma,
Aýy bilen aramyza al salma».

«Meniňki-hä saňa maslahat bermek,
Ret etmek ýa-da oňa eýermek

Öz işiň, halypa, keýpiň kelläňde,
Zyýana-ha galmazdyň iň bolmanda».

«Goý, galsam, men galýan. Seň öwdüň artyk,
Öz barýan ýoluňa gidiber ýortup...»

Ötegçi öwüdi geçmänsoň sana,
Ýene öz ýoluna boldy rowana.

Batyr kişi howaň yssy gününde
Uka gitdi bir gün bagyň teýinde.

Öz halasgäriniň başujyn alyp,
Aýy otyr oňa goragçy bolup.

Bir siňek wyzzyldap, aýlanyp ýördi,
Garnyn doýurmaga peýlenip ýördi.

Aýy yhlas bilen kowsa-da herne,
Ukudaky bendäň o ýer, bu ýerne

Häli şindi gonup, ýene uçýardy,
Onuň şeýle nejis gylygy bardy.

Kowup, bizar bolan Aýy biçäre
Siňekden dynmaga gözledi çäre.

Ana, ýene kellesine gondy oň,
Garaz, Aýa berýän derdi kändi oň.

Aýy halt-halt edip, her ýana çapdy,
Ahyram bir ýerden harsaň daş tapdy.

Aýy – barypýatan dikdüşdi, tentek,
«Bite gahar edip, ýorgan otlan» dek,

Ýatan bendäň kellesini nas etdi,
Yzyndanam mölterilip esetdi.

Eger samsyk bilen bolsaňyz ülpet,
Iner ahyrsoňy başyňdan külpet.

Daşyňda pyrlanyp, oda düşse-de,
Dostluk, wepa hakda kasam içse-de,

Hut salgyma goluň salgan ýalydyr,
Soňy puçdur-ýel gysymlan ýalydyr.

## KERWEN TALANANDAN SOŇ GYGYRÝAN SAKÇY HAKYNDA HEKAÝAT

Kerweni goramak tabşyrlan sakçy
Bir gije düşlegde hor çekip ýatdy.

Oňa derek uklamandy ogrular,
Kerweniň bar ýükün talady olar.

Derde ýarar zatlaň galdyrman birin,
Çägäniň teýinde bukdular baryn.

Söwdagärler säher bilen oýanyp,
Bilmediler gözlerine ynanyp.

Çöl içinde tutjak ýaly salgymy,
Olar yz çalyşyp, her ýan galgady.

Zatlaryndan tapylmansoň hiç derek,
Edil aýaklary oda bişen dek,

Sakçyň ýakasyndan towlap tutdular,
«Näme boldy?» diýip, sorag etdiler.

«Ogrular dökülip üstüme gije,
Bar zady aldylar, ynha, netije».

«Göreniňden, düşüp kalbyňa dowul,
Ýatdyňmy olara bermän gaýtawul?»

«Men ýeke, olaram ep-esli bardy,
Biri pyçak çenäp, zährämi ýardy».

«Gygyrybam bilmediňmi, eý, pekge,
Üýşsek, ogrulara gelerdik hötde».

«Isleseňiz, häzir ýyrtyp bogazym,
Dolup biljek şol dymanmyň öwezin...»

Süýrelip barýarkaň dowzaha taýa,
Haýry degmez ýalbarsaň-da Hudaýa.

Her neneň gudratly aýatdyr doga
Halas boljagyňa geçenok güwä.

Gep bar: «Sakgal ezmez soňky tüýkülik»,
Bimanydyr wagty geçen gykylyk.

# GURBAGADYR ALAKANYŇ SÖÝGÜSI HAKYNDA HEKAÝAT

Ýaşaýyş şertleri aýry bolsa-da,
Bir-birne bütinleý saýry bolsa-da,

Gurbaga dostlaşyp Alaka bilen,
Gurşady bir-birin alada bilen.

Biri gury ýerde, biri batgada,
Garaz, ters tarapy az däl başga-da.

Gurbaga moýmuldap çykýar kenara,
Şeýdip, günbe-günden ysnyşdy ara.

Ýapraklap, gül açyp söýgi daragty,
Ebedi ýalydy bularyň bagty.

Ýaşap ýörüşlerne hersi bir ýerde,
Bir gün aralarna gerildi perde.

Alaka loňkuldap geldi-de bir gün,
Sen-men ýok, başlady şeýleräk gürrüň:

«Gulak goý sözüme, söýgüli ýarym,
Sensiz ýok kalbymda aram-kararym.

Ikimiziň mydam aramyz açyk,
Gygyrsamam käte: «Gel, kenara çyk»

Reýgan edip azabymyň baryny,
Geläýeňok eşdip ýürek zarymy.

Aşyk magşugyny küýsän halaty,
Aýy-ýyla, güne döner sagady.

Seniň yşkyň bilen eýleýip mydar,
Ýanymda mahalyň bolýan bagtyýar.

Men-ä ýeriň ogly, sen suw gözeli,
Bolsagam, hemişe bile gezeli.

Seň bolýan şalygňa maňa ýol ýapyk,
Bilmerismi munuň çäresin tapyp?

Gel, şeýleräk bir çykalga tapaly,
Aýagmyza uzyn bir ýüp dakaly.

Küýsän wagtym ana, şol ýüpi çekip,
Çagyraryn seni. Görýärsiň niçik?»

Gurbaga munda bir çigligiň baryn
Güman edip, az-kem diňledi böwrün.

Ýöne duýgy rüstem gelip akyldan,
Aýaklarna şol uzyn ýüp dakyldy.

Gezip ýör Alaka süýreýip ýüpün,
Birden oňa gözi düşüp Bürgüdiň,

Iýndi depesinden tokga daş kimin,
Alakaň daşynda pyrlandy Zemin.

Gurbaga görgülem ýüpe daňylgy
Warryklady, sypjak bolup çygyldy.

Bor ýaly däl: hallan atyp howada,
Batgasyndan ara açdy şo bada.

Adam bary bu ýagdaýy geňledi,
Ýöne hiç kim sebäbini bilmedi.

Gurbaga öz şum täleýne ökündi,
Näçe urunsa-da, haýry ýok indi.

Kim islendik zatda öz taýyn tapman,
Ýaşasa, iň soňy bulaşar hökman.

## BAG EÝESINIŇ SOPYNYŇ, ALYMYŇ WE ÖWLADYŇ AGYZLARYNY ALARDYŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Bir gün bag eýesi bagyna bardy,
O ýerde üç sany del adam gördi.

Olaň kimdigini aňdy bada-bat:
Bir sopy, bir alym, ýene bir öwlat.

Bu gelen ýerleri öz mülki deýin,
Miwe tirip, gezip ýörler arkaýyn.

«Şeýle-hä kowdurmaz. Hile ulanyp,
Aralarna tow salaýyn bularyň.

Soragsyz gireni üçin bagyma,
Bir-birden ýanaýyn bulaň ýoguna!»

Diýip, bag eýesi pikir öwürdi,
Ol ilki sopynyň ýanyna bardy.

Gülümsirän bolup ýüzlendi oňa:
«Eý, hormatly sopy, ýumuş bar saňa.

Ýaltanma-da biziň öe baryp gel,
O ýerden haly ýa palas alyp gel.

Biz dört kişi bolup hoş söhbet gurup,
Gürleşeris oň üstünde oturyp».

Çygşyldap, ýumuşa ugransoň ýaňky,
Ol beýleki ikiň ýanyna eňdi.

Diýdi: «Sopy ýoldaşyňyz, elbetde,
Barypýatan wenezzyna, bihepbe.

Gowy bor size-de dagy duwara
Onuň ýaly kesden açsaňyz ara.

Külli ilat size goýýarka gadyr,
Oň ýala çörňeşip ýörmäňiz nedir?

Siz at-derejeli, sylanýan kişi,
Onuň bolsa sanardan kän etmişi.

Tirkeşmäň-de özüňize deň edip,
Geler welin kowuň ony güm edip.

Mydam belent tutup mertebäňizi,
Iň ýakyn adamlam saýýaryn sizi.

Gadyrmy bilseňiz-bilmeseňiz-de,
Şat men bolsam mydam hyzmatyňyzda».

Sopy gaýdyp geldi. Elinde düşek,
Topuldy dostlary ary köýen dek.

It alan sanaja dönderip, ine,
Nälet baryn ýagdyrdylar üstüne.

Bag eýesem onuň syrtyna depip,
Çykardy bagyndan owarra edip.

«Kim jebir eýlese öz ýoldaşyna,
Şonuň düşen güni geler başyna.

Gara ýüreksiňiz, gara pälsiňiz,
Sizem menden oňly eşek dälsiňiz...»

Diýip, sopy hüňürdäp öz başyna,
Tiz salymdan çykdy bagyň daşyna.

Salşykly çemçe-dä durmuş diýilýän,
Birne ejir berseň bilip ýa bilmän,

Bolup agyr külpet ýa-da gaýgy-gam,
Sallanaýýar bir gün öz başyňdanam.

Bag eýesi gurup ýene bir hile,
Öwlada şeý diýdi: «Sözümi diňle.

Häziriň özünde bar-da öýmüze,
Tabşyr meniň hyzmatkärim Gaýmaza.

Aýt oňa garaşýanymy bagymda,
Goý, çörek getirsin öýde baryndan».

Soňam ol alymyň ýanna ýüwürdi,
Duýdurman, daşyna kerep öwürdi:

«Sen bu görünýänleň hilinden dälsiň,
Goýýan hormatymy özüň bilýänsiň.

Ýaňk-a tüýs ýurtýykan, loludan bolan,
Nämüçin tirkeşip ýörsüň oň bilen?

Bolsalar-da olar aňrybaş şeýtan,
«Öwlatdyryn!» diýip, paňlaýanlar kän.

Aňyny aldyryp neşedir meýe,
Iň günä zatlary getirip küýe,

Edýäni şumlukdyr, sözläni ýalan,
Ýaňky dag-a tüýs bir oýnaşdan bolan...»

Diýip, bag eýesi ýylan dek çakdy,
Alym bu sözlere agzyny açdy.

Soňam ýoldaşynyň gelýänin görüp,
Çykdy gazap bilen öňünden ýüwrüp.

Reňkini agardyp, gataldyp sesin,
Dökdi oň üstüne bar nagarasyn:

«Ýalan sözlemek ýa ogurlyk etmek
Seň üçin eşekden palan alan dek.

Asla çekýän bolsa ýüwrük-çamanlyk,
Diýmek, pederleňem edeni şumluk,

Hany, aýt, şu baga näme üçin geldiň?
Seniň abat adam däldigňi bildim...»

Şeý diýensoň agyz-burnuny towlap,
Alkymyndan alnan biçäre öwlat

Diýere söz tapman özün ýitirdi,
Bag eýesem depgisini ýetirdi...

Öwlat diýdi: «Giç düşündim hatama,
Seňem işiň şowlap durmaz mydama.

Edýän işiň netijesin duýmadyň,
Ine, indem geldi seniň nobatyň».

Şoň aýdyşy ýaly boldy ähli zat,
Üçüň ikisinden dynansoň aňsat,

Alymyň daşyna geçdi hojaýyn,
Darady biçärä hut möjek deýin:

«Bar, aýdaly, alymmyşyň hamala,
Nädip düşüp ýörsüň beýle pis ýola?

Eger bolýan bolsaň hakyky alym,
Nämüçin erbede dikipsiň päliň?

Dörensiň gaty kän kitaplaň gatyn,
Ýa şolar ýoýdumy gowy päl-netiň?

Ogrulaň eliniň kesilýänini
Bilmeýşiň gaty geň galdyrýar meni».

Alym şeýle beýan etdi ahmyryn:
«Paýy şudur meniň ýaly akmagyň.

Sen ýeserlik bilen al salyp bize,
Aramyzy bozduň, çöp atyp göze.

Dostlaryny satan haýyn men, haýyn,
Gatyrak ursaňam, jezaňa kaýyl...»

Kim ikilik etse mukaddeslige,
Ysnat getir özüne hem nesline.

## PYGAMBERIŇ BIR ÝAŞ ÝIGIDI GOŞUNBAŞY BELLEÝŞI HAKYNDA HEKAÝAT

Ýöriş etmek üçin bir kapyr ile,
Pygamber goşunny şaýlady ýola.

Ol bir ýigdi goşunbaşy belledi,
Muňa köpler näderini bilmedi.

Berjaý etjek bolsaň gadymky däbi,
Düşnüksizem däldi munuň sebäbi.

Öňler diňe ýaşy bir çene ýeten,
Sakgaldyr saçyna ýagşy ak sepen

Atly-derejeli epeý kişiler
Goşuna baştutan goýlardy kileň.

Olar ýerli-ýerden hoňňuldaşdylar,
Pygamberiň ýüregine düşdüler.

Ol gizlemän dyňzap gelen gaharny,
Diýdi: «Bilse ýagşy her kim öz ýerni.

Sübse deý sakgalam, agaran saçam
Akylyň deregni tutmaz hiç haçan.

Sebäpkär bolsa-da kän men-menlige,
Dahylsyzdyr olar edermenlige.

Biliň, akyl ýaşda däl-de, başda bor,
Mert kişiler gep, gybatdan daşda bor.

Sakgal danalygyň ölçegi däldir,
Ýaşlaň içinde-de akylly kändir.

Beýtmegim zyýanmy ýa-da peýdaly,
Aýyl-saýyl eder söweş meýdany».

## OGRYNY KOWALAP BARÝAN HOJAÝYN HEM GAPDALDAN GYGYRYP, OŇA PÄSGEL BEREN ADAM HAKYNDA HEKAÝAT

Pişik basyşyny edip bir ogry
Bir öýi nazarlap barýarka dogry,

Öý eýesi bu ýagdaýy gördi-de,
Birsalym bildirmän peýläp durdy-da,

«Bu ýerde bukdaklap, näme iş edýäň?
Hamyňy sypyryn, ýigrenji betpäl».

Diýip haýbat bilen oňa topuldy,
Ogry rejäň geň däldigini bildi.

Gaçdy taýzarylyp, yzyn garaman.
Bir ýerden ses geldi edil şo zaman:

«Bir aýak çek, merhemetli hojaýyn,
Häzir saňa özüm kömek edeýin»

Öý eýesi eşdip onuň aýdanyn,
Aýak çekdi, durdy biraz ýaýdanyp.

«Gidende-de bordy çykarman sesin,
Şuň kömek etjegi çyn bolaýmasyn?

Belki, başga ogry hut meni aňtap,
Ýok wagtym öýüme girip ap-aňsat,

Aýalymyň haýy-waýyna bakman,
Hylwat iş edäýýän bolmagam ahmal...»

Şeýle oý-pikiri serinde aýlap
Durka ýaňky adam geldi golaýlap.

«Nämüçin gygyrýaň işimden goýup?»
«Sakladym möhüm zat aýdaýyn diýip.

Eger sähel haýal-ýagallyk etseň,
Ogryny ardurja sypdyrarsyň sen.

Entek juda gaty açmanka ara,
Ýakasyndan tut-da berkiräk dara».

«Durdum derekli zat aýdarsyň çaklap,
Şumy bar diýjegiň ýolumdan saklap?

Eger gygyrmadyk bolanlygyňda,
Ogry bu wagta çen bordy golumda.

Ähli azabymy etdiň biderek,
Barypýatan kezzap bolaýsaň gerek?

Ele salyp biljek wagtym özüni,
Görkezýäň sen maňa ogryň yzyny».

## URUP TERBIÝE BERMEGIŇ PEÝDASY HAKYNDA HEKAÝAT

Bir hojaýyn edil köen dek ary,
Ýençýär bir ýetimi häliden bäri.

Aňyny alansoň gahar-gazaby,
Peýda edýäninden ýokdy habary.

«Nä urýaň garawsyz ýetim-ýesiri?
Hudaýdan gork!» diýip, gygyrdy biri.

«Munuň synasynda şeýtanyň baryn
Bilemsoň, men ana, şony urýaryn.

Alyp dur ol häli-şindi mazamy,
Oglana däl, şoňa berýän jezany».

Ene-atalaňam bolşy düşnükli,
Bolsa perzentleri samsyk, dikdüşdi,

Özleri-de aňman kömek edýänin,
Saýgylaýar perzentlerniň bet pälin.

## MEJNUN HAKYNDA HEKAÝAT

«Leýlim! Leýlim!» diýip, çekip ahy-zar,
Mejnun günden-güne horlanyp barýar.

Yşk hasraty ony gysdy-gowurdy,
Holparyp, içine çökdi owurdy.

Bir tebip syn edip onuň halyna,
Çykdy ine, bejermegiň ýoluna.

Çagyryp işine ökde dellegi,
Diýdi oňa: «Damardan gan almaly».

Dellek gysyp hassaň o ýer, bu ýerni,
Barlaşdyryp, tutdy-da bir damarny,

Işine başlajak bolan mahaly,
Mejnun diýdi: «Gid-aý, eşşegataly!»

Dellek diýdi: «Näme, alynsa ganyň,
Birden öläerin öýdüp, gorkýamyň?

Gorkman çölüň wagşy haýwanlaryndan,
Beýdip duruşyňa geň galýan çyndan».

«Men ondan gorkamok, ynan how, bende,
Aýdaýyn bir zady ýeri gelende.

Daşdan-da beterdir meniň çydamym,
Diňe «Leýli!» diýip alýan her demim.

Bilseň, hut depämden dabanyma çen
Bütin durkum ýugrulandyr yşk bilen.

Ol bir ýerde, men bir ýerde bolsamam.
Ikimiz bir göwre, şuny bil senem.

Ýar bilen ikimiz bir ten-u-bir jan,
Meň damarmy dilseň, ýar onda ynjar.

Gowsy, maňa degme, ýar ynjamasyn,
Ýanymdan garaňy saýla sen basym!»

# DÜÝE OGURLAN SYÇAN HAKYNDA HEKAÝAT

Bir Syçanyň dişläp Düýäň owsaryn,
Yzyna düşürip barşyny görüň.

Özünden göwni hoş, aýdymjyk aýdyp,
Barýar ol dag ýaly Düýäni idip.

Saýýar ol özüni Düýäň deňinde...
Birden derýa çykdy bulaň öňünden.

Tegelendi Syçanjygyň gözleri,
Düýe oňa garap, şeýle sözledi:

«Birden ýeliň ýatmagynyň sebäbin
Bileli, gadyrdan, et bize mälim?»

Syçanjyk seslendi: «Bu äpet derýa
Görýäň-ä, çyrpynyp, yňdarlyp barýa.

Munuň düýpsüz bolaýmagam ähtimal,
Şoň üçin göwnüme getirdim melal».

«Bar gorkyň şol bolsa seniň eger-de,
Barlap göräýeris suwa girer-de.

Görnüşi hernäçe joşly bolsa-da,
Akymynyň bady güýçli bolsa-da,

Beýle çuň däl eken, boldy dyzymdan,
Gorkup durma, giräý senem yzymdan.»

Diýip, Düýe Syçanjyga gygyrdy,
Suwuň ortasynda abşarlyp durdy.

«Meniň aşyk ýaly müçäme bakman,
Diýýän sözlerini gör-ä bu pekgäň.

Seniň boýuň nire, meň boýum nire?
Örän tapawutly gardaş, bu ara...».

Naýynjar eşdildi Syçanyň sesi,
Muňa äpet Düýäň tutdy gülküsi.

«Ýap-ýaňja-da ýaman gabarýardyň-la,
Indi meniň diýjek sözümi diňle.

Deň däldir hiç wagt çynardyr hyşa,
Senem mundan beýläk öz deňiň gaşa.

Başyň goşsaň başarmajak işiňe,
Ryswa bolup, kakdyrarsyň dişiňe».

«Günämi geç» diýip, dillendi Syçan,
«Öz çakym tanaman şu pursata çen,

Müçäm kiçem bolsa, çişdim gabardym,
Ine, indem üstüme howp abandy.

Kömek edäýmeseň, meň halym harap,
Howpdan sypyp bilmen öz başym çarap».

«Ýeri, bolýa, seň bilen deň bolmaýyn,
Men mydam ejize goldawa taýyn.

Meniň kömegime mätäç sen bu gün,
Gel, hany, ýarmaş-da örküjime mün.

Suwdan geçireýin kimdigňe bakman,
Sen ýalyň müňüsem meň üçin ýük däl!».

## RUMLULAR BILEN HYTAÝLYLARYŇ JEDELI HAKYNDA HEKAÝAT

«Dürli surat çekip, jaý bezemekde
Tapylmaz dünýäde biz ýaly ökde»

Diýip, hytaýlylar öwnüp, paňlapdyr,
Rumlular olaň sözün geňläpdir.

«Aý, bizem-ä ýöne garap durmarys,
Herki işde sizden kem oturmarys.»

Diýip, rumlular berdiler jogap,
Soltan şeýle diýdi olara garap:

«Aýdan sözlerňiziň bar bolsa jany,
Ynha, size Alyň ala meýdany.

Her kim orta goýup barja hünäriň,
Görkezsin eliniň, aňynyň zorun.»

Olara bir uly otag berdiler,
Ortasyndan gara tuty gerdiler.

Hytaýlylar galjaň, özüňiz belet,
Derrew reňk, çotga etdiler talap.

Hazynaçy esli tylla eçildi,
Olaryň islegi berjaý edildi.

Rumlulaň hiç azary ýetmedi,
Hiç kimden hiç zady talap etmedi.

Oňa derek edip elde baryny,
Ýylman ugradylar öz diwaryny.

Yhlas edensoňlar açyk göwünden,
Diwar ýalpyldady durulygyndan.

Durulyk – göýä bir asmanyň Aýy,
Göwnüňi göterýär bakdygyňsaýy.

Şol Aýyň öňüne gerilen bulut
Ondan reňk alýar öýme dek bolup.

Hytaýlylar çekip gaty kän azap,
Gabat garşydaky diwary bezäp,

Diýýän dek: synlasyn, heý, kemi bamy?
Deprek kakyp, çagyrdylar soltany.

Olaň çeken täsin suratlaryny
Synlap, soltan tapmady kem ýerini.

Soň synlamak üçin işin rumlulaň,
Ýöneldi şol taýa ýuwaşlyk bilen.

Aradaky tuty aýryldy weli,
Aýdyň boldy rumlulaň emeli.

Çeken suratlary hytaýlylaryň
Beýleki diwarda janlandy, görüň!

Şo bir surat,
Şo bir gudrat,
Şo bir zat
Iki diwarda-da durdy lowurdap.

Ikisi-de bir-birinden kem däldi!
Muny gören soltan haýranlar galdy.

Uzakdan gözlemäň muňa mysaly –
Adamlaryň kalbam edil şoň ýaly.

## ÝANGYN

Omaryň halyflyk eden döwründe
Ýangyn tutaşypdyr illeň birinde.

Ony hiç söndürip bolmaýarmyşyn,
Ot bar zady gowrup-ýalmaýarmyşyn.

Ýangyn haýbat berip gyzyl diline,
Gabsapdyr bar zady oda –ýalyna.

Haýygypdyr onuň badyny gören,
Daragtlaram, guşlaň höwürtgelerem

Ýalyn üçin şatlyk-keýp bolupdyr,
Oň deminden gara köýük bolupdyr.

Degmändir suwuňam hiç hili haýry,
Hökümdar bolmandyr ýangyndan gaýry.

Hiç zatdan jinnek deý görmän zowaly,
Dabyrapdyr Allaň gazaby ýaly.

Adamlar Omaryň ýanyna baryp,
Kömek isläpdirler boýnuny burup.

Hökümdara şeýle diýipdir olar:
« Bu ýangyny nädip dep etse bolar? »

Omar aýdan: « Üns beriň, bir zada,
Herki zadyň sebäbi bar dünýäde.

Daşdan gözlemäliň muň günäkärin,
Size köpden bäri syn edip ýörün.

Garyp-gasarlary gözden saldyňyz,
Şeýdibem, şu bela duçar bolduňyz!..»

« Ýok, beýle däl.
Ýarap olaň, derdine,
Baýlygmyzdan ýoksullara berdig-ä! »

« Paýlanan bolsaňyz suw bilen nany,
Kemsidip berdiňiz garyp ynsany.

Her kim pes tutmasa niýetin, pälin,
Allaň gazabyna duşjagy mälim! »

## BIR TEŞNÄNIŇ AKAR SUWA BEÝIK DIWARDAN KERPIÇ ZYŇYŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Akyp ýatyr düzden dury suwly ýap,
Kenarynda bir diwar dur seleňläp.

Çykyp oň üstüne – şeýle belende,
Suwa garap otyr bir teşne bende.

Göýä ýetip bolmaz howaýy arzuw,
Ho-ol pesden şildiräp akyp ýatyr suw.

Teşne bir kerpiji diwardan itdi,
Onuň pagşyldysyn çala eşitdi.

Şeýle sowal bardy sesinde suwuň:
« Edil häzir edýäň nämäň arzuwyn? »

Suwuň sowalyna ol şeýle diýdi:
« Bar meň bu edenmiň iki bähbidi.

Kerpiji zyňmakdan – meniň höwesim,
Eşitmek seň jana ýakymly sesiň.

Ýakymly ol maňa sesleň baryndan,
Hatda Ysrafylyň çalýan surundan.

Her adama öz höwesi ýakymly,
Gedaý üçin teňňäň sesi ýakymly.

Zyndan gulpun açýan açaryň sesi
Bendileriň iň arzyly höwesi.

Menem näçe kerpiç oklasam pese,
Şonça golaýlaýan arzyly sese.

Oturan diwarym barha peselýär,
Muňa meniň teşne göwnüm eselýär!»

Ol diwar – adamyň teni-bedeni,
Söýýär ol erkine tabyn edeni.

Howalaly, aşa tekepbir başyň,
Egilmesi kyndyr. Sen şuňa düşün.

Bizem Biribara mynajat edip,
Başymyzy egip, soňra dyz epip.

Ýakymly oýlary ýürekde besläp,
Arzuwmyza ýetmekligi höwesläp,

Suwa golaýlaýşy deýin şo teşnäň,
Haka ýakynlaşýas ruhdan düşmän.

## BIR OBALYNYŇ ŞÄHERLINI ÖÝÜNE MYHMANÇYLYGA ÇAGYRYP, ALDAÝŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Şäherleň birinde gadym bir zaman
Bir söwdagär bardy gurply ýaşaýan.

Onuň özgelerden üýtgeşik ýeri –
Aýratyn sylardy obalylary.

Kim bolsa bolaýsyn obadan gelen,
Ol myhman alardy güler ýüz bilen.

Obasy şäherden bolansoň yrak,
Bir gelmişek oňa has içginsiräp,

Haçan gelse, oň öýüni tapardy,
Gypynç etmän, iýer-içer ýatardy.

Geçirdi oňkuda hepdesin, aýyn,
Şäherlem hemişe hyzmata taýyn.

/Jomardyň gylygna özüňiz belet/,
Ondan hak-heşdegem etmezdi talap.

Bir gün oturdylar saçak başynda,
Obaly şäherlä ýüzlendi şonda:

« Senem hormat edip sadyk guluňa,
Bar-da biziň öe myhmançylyga.

Ýeke özüň däl-de, köplük bolup bar,
Çagalaňňam ýanyň bilen alyp bar.

Baryňyzy hezzetlärin, bakaryn,
Görsün-ä olaram obaň baharyn.

Ekinleriň bitişini görsünler,
Miweleriň bişişini görsünler.

Diňe çagalaň däl, ugraňda öýme,
Hyzmatkärleriňem ýanyňdan goýma.

Ullakan bagym bar, şonda seýil edip,
Iki-üç aý ýaşasynlar keýp edip.

Görersiňiz baraýsaňyz eger-de,
Kän üýtgeşik gözelligi o ýerde ».

Söz berdi-de öý eýesi görgüli,
Başga ýana sowdy soňsuz gürrüňi...

Bu gürrüňden soňra sekiz ýyl geçdi,
Obalam çagyryp, ýürege düşdi.

Şäherliň ýagdaýy özüňe belli –
Her gezek bahana tapmaly boldy.

Birde ol: «Doganma garaşýan » diýdi,
«Basym bararyma garaşmaň » diýdi.

Birde: «Söwda-satyk işim kän » diýdi,
Soň: «Syrkaw, ýataryn ýaraman » diýdi.

Soň diýdi: «Barmaga edýäris hyýal,
Ýöne biraz soňrak, edil häzir däl...»

Birde – ençeme gün, birde – has uzak,
Obaly oňkuda boldy kän gezek.

Päk göwün şäherli ol her gelende,
Hezzet etdi geldigiçe elinden.

Birde – ençeme gün, birde – has uzak,
Obaly oňkuda boldy kän gezek.

Päk göwün şäherli ol her gelende,
Hezzet etdi geldigiçe elinden.

Obaly bol-telki iýdi hem içdi,
Käte hokurdadyp suwçilim çekdi.

Her gezek döşüne goýup ellerin,
Ýalbardy: «Meňkä bar, gadryň bilerin».

Şäherli öz işi bilen gümrady,
Diýýärdi: «Aý, nesibeli gün bardyr.

Taňry – şemal, bizem-ýelkenli gämi,
Ykbalymyz şonuň elinde dälmi?»

Sekiz ýylyň dowamynda şäherli
Bahana agtaryp, gördi kän görgi.

Aradan ýene-de iki ýyl geçdi,
Şäherliniň çagalary ýetişdi.

Olar şeý diýdiler: «Hatda şemalam,
Dünýäni keşt edýär, özüňe mälim.

Myhmanymyz bizi çagyrýar öýne,
Yza çekip ýörmek bolarmy beýle?

Şunça ýyllap eden ýagşylygyňy
Ýerine salmagy küýseýär göwni.

O bendeni beýdip ýalbardyp ýörmän.
Bizem gidäýeliň, nähili görýäň?»

Garşy çykmasa-da olaň sözüne,
Dana kişi şeý diýdi öz-özüne:

«Dostluk dänä meňzeş närsedir: meger
Ol ýa çüýrär gider ýa-da gögerer.

Könelerden gelýär şeýle bir akyl:
«Sen ýagşylyk eden kişiňden çekin.»

Kä adama çyndan göwnüňi bermek,
Edil takyr ýere tohum sepen dek.

Her bir öňýetene ynanmak hebes,
Dostluk açanyňa begenmek hebes.

Umyt baglap gezseň-de sen gowluga.
Käte agyr zyýan çekýär howlugan.

«Edi ölçäp, bir kes» diýen nakyla
Uýmadyga bela-beter tapylar.

Sähra giňem bolsa, howpy saýgarman.
Az däl-ä duzagyň üstünden barýan.

Gözden gizlin, kalpda ýaşyryn ýatan
Howpy kä kişiler saýgarmaz eken.

Görüp, düz meýdana ýatan guýrugy,
Hüşgär tilki üýtgedipdir ugruny.

Oň teýiňde gurlan gapynyň baryn
Duýan borly aňy mekir jandaryň.

Oýlan sen öwlüýä aýlanyp gör-de,
Her hili adamlar ýatyrlar görde.

Ýagdaýyň hemişe şeýle bolanny
Bilmän ýören bolsaň hezire çenli,

Köpleň betbagtlygy öz körlüginden,
Zyýan gören ýökdur hüşgärliginden.

Öwren herki zatdan almagy many.
Batyl bolsaň, al eliňe hasany.

Ýöluň ýagdaýyny bilmeseň eger,
Saňa şol hasanyň kömegi deger.

Hatda hasadanam kömek ýetmese,
Gapdalyň adamsyz ýöla gitme sen.

...Biz başky gürrüňden sowuldyk çete,
Şäherlem ýöl şaýyn tutdy, elbetde.

Sada bende zat getirmän göwnüne,
Dostunyň iline ugrady, ine.

Ýeter ýaly barjak ýerine çenli,
Öküzlere ýüklӓp iýer-içerni,

Göwün berip ýagşy niýete, päle,
Maşgalasy bilen şaýlandy ýöla.

«Öň diňe hyýalda höwesek bolup
Gezen bolsak, indi şahadan ýölup

Iýeris biz obalyň çarbagyndan,
Ol bizi hezzetlär elde baryndan.

Köp zatlary görüp, bilip gaýdarys,
Gyşda iýjegmizem alyp gaýdarys».

Diýşip, çagalary ýüwürdip göwün,
Ahyrsoňy ýöla düşdüler bir gün.

Gezelenje näçe begenseler-de,
Bir ünji aýrylman, ornaşdy serde.

Syýahat adamyň göwnün göterýär.
Oň kalbyna ganat, güýç-kuwwat berýär.

Gowulyga dikip niýet-pällerin,
Barýar olar dowam edip ýollaryn.

Gören-eşden zatlaryny geňleşip,
Kä gürleşip, kä aýdyma hiňlenip,

Gündiz yssa, gijäň aýazna çydap,
Gidip barýar olar edip bir mydar.

Ýöluň azabynam onçakly duýman.
Olar ençe menzil geçdiler eýýäm.

Käte-käte osup öz göwnümize,
Kyn ýagdaýa düşmek mahsus-da bize.

Güp ynanyp şeýlaýynlaň alyna.
Suwdur öýdüp, aldanýarys salgyma.

Aşyk ýigdiň yşk derdine ulaşyp,
Gowga salşy ýaly asuda başyn,

Käte ýalan gepi çyn hasap edýäs,
Ýa gury tikeni gul hasap edýäs.

Söwdagärem hyrydara garaşyp,
Otyrandyr garap töwerek-daşyn.

Özi-de ummanmy ýa gury ýermi–
Haryt gözläp, bilmez öler-galarny.

Neçjaram işine bent edip başyň,
Gije-gündiz ýönar otyr agajyn...

Dostuny tylladyr öýden şäherli
Aňmaz oň kimdigni bir pellä çenli.

Nä güne düşjegni bilmänsoň aýan,
Barýar olar hiňlenişip şadyýan.

Jöwzada tebsiräp, gömlüp tozana,
Olar oba golaý bardylar, ine.

Dostunyň çapary ýaly hamana,
Hatda oba taýdan ösýän şemala

Şatlanyp, uçuşýan guşlary synlap,
Ýolagçylar oba barýar ýakynlap.

Ençeme günleri ýolda geçensoň,
Kä ýeňil, kä agyr halda geçensoň.

Ýeter tama edip, ýanyna alan
Azyk-suwuklaram gutardy olaň.

Eşitse-de gelýänini dostunyň,
Obaly öňünden çykmady onuň.

Edip musulmana gelişmeýän zat,
Myhmanyndan gizlendi ol alňasap.

Ýolagçylar oba maňlaýny diräp,
Ahyr oň öýüni tapdylar sorap.

Olar begenişip bardylar weli,
Görseler, derweze mäkäm temmeli.

Saklap ýapyk derwezäniň agzyny,
Geçirdiler bäş gije-gündüzini.

Oslamadyk zadyň şu güne çenli
Adamlardan sorap, bildi şäherli.

Ökündi dostunyň gaçýanyn bilip,
«Sakgal ezenok-da soňky tüýkülik».

Şunça ýöldan heläk bolup gelensoň.
Dost saýannyň haýyndygyň bilensoň,

Gutaransoň ähli azyk–suwlugyn.
Ol yzyna ugraýmady howlugyp.

Aýrylansoň kuwwtyndan–zorundan.
Maslyk iýýän wagty bolýar şiriň-de.

Ol ahyry duşup gaçan dostuna,
Diýdi: «Bu bolşuň-a gelşenok saňa.

Bozduň sen dostlugyň kadalaryny,
Ýatla maňa beren wadalaryňy.»

Obaly şeý diýdi: «Maňa degmäň däl.
Sen meniň hiç wagt gören bendäm däl.

Utandyrjak bolýaň, munuň nä boluş?
Adyňam, özüňem maňa nätanyş.

Men hatda özümem oňly tanamok
Aňymda Hudaýdan başga hiç kim ýök.»

«A-how, samsyksyran bolmaňy bes et,
Meň öýümde bolduň-a sen kän gezek.

Men–şäherli hoja, seň köne dostuň,
Bolşuňy geň görýän diýsem rastym.

Meň öýümden başga ýerde gezmediň.
Ýadyňdan çykdymy eden hyzmatym ?

Biziň dostlugymyza şaýat köp kişi,
Hudaý bagyşlamaz beýle etmişiň!»

«Eý, Taňy bendesi, ýüregme düşme.
Seni tanamok diýp aýtdym-a başda.

Ýekelejek bolman ugumy, gardaş,
Gidiber öz barýan ugruňa, gardaş.

Menden saňa jinnek ýaly haýyr ýök.
Meň öýümde gelmişige orun ýök.»

Bu gürrüňden çykmady hiç netije.
Güýçli ýagyş ýagyp edil şo gije,

Süllümmaý ezilip şäherli myhman,
Obalyň gapysyn ýumruklady kän.

Köp wagtlap açylmansoň gapysy,
Eşdildi şäherliň naýynjar sesi:

«Tanamaýaň bolsaň, tanaman geçäý,
Ýagyşdan halas et, gapyňy açaý.

Gören görgülerim aşdy hetdinden,
Bäş günde bäş ýyllyk ejir çekdim men.

Kömek et ýagyşdan duwlanar ýaly,
Myžžyk eşiklermi guradar ýaly.

Kümemi, kepbemi–buky ýer tap-da,
Rehim et ahyryn ýagdaýma bak-da.»

«Bagymyň içinde bar bir köne tam.
Bir garry sakçydy onda ýaşaýan.

Şol ýerde az wagt ýaşap bilersiň,
Hem meniň bagyma sakçy bolarsyň.»

«Bagy saklamaly bolsam men eger.
Onda maňa ýarag–ýaýdyr peýkam ber.

Möjeg-ä bir uly jandar. Belki-de,
Çybynlaram getirmerin mülküňe.

Jaý tap bize. Aýalymdyr çagalam
Sowukdan gagşaşyp oturlar kileň.»

Şol diýilýän jaýa olar ornaşdy.
Ol ýer diýseň hapa, sowuk hem boşdy.

Dygdyraşyp, bir-birine gyslyşyp,
Zeýrendiler yzy ýatlarna düşüp:

«Eý, Hudaý, nä güne duçar eýlediň?
Öýden jyda salyp, naçar eýlediň.

Bir näkesi duş eýlediň sen bize,
Nälet bolsun oňa duşan günmüze.

Oň şelaýyň sözlerine aldanyp,
Hoş umytda göwnümizi aldadyk.

Özümizi oýnatdyryp şeýtana,
Araýolda galdyk munça zyýana...»

Şäherli şol gije elinde ýaýy,
Aýlanýardy synlap o taý-bu taýy.

Öz ýanyndan ahmyr edip bolşuna,
Baga garawullyk edip ýörşüne,

Golaýda bir gara gözleri düşdi,
Hasyr-husur ýaragyna ýapyşdy.

Şo barmana ýaýdan peýkam atyldy,
Ýaňky jandar güpür-tapyr ýykyldy.

Bag eýesi ýüwrüp geldi bada-bat,
Gohlap, tozan sowrup geldi bada-bat:

«Eden işin görüň bagtyýatanyň,
Eşegim eken-ä seniň atanyň,

Men-ä size dözmän, ýagşylyk etdim,
Sen bolsa eşegmiň başyna ýetdiň.

Haýyrly malymdan aýyrdyň meni,
Ýagşylygma berýän aklygyň şümi?»

Kän iňirdäp, getirensoň gaharny,
Oňa şeýle jogap berdi şäherli:

«Howadan habaryň barmy eý, tentek?
Edil asman bilen ýer gapyşan dek.

Gelýän gara eşekmi ýa börümi–
Heý-de, aýyl-saýyl eder ýalymy?

Eşegiň bu ýerde nä göri barmyş,
Belki-de, o jandar janyndan irmiş?»

«Bu ahwala agyň tutmaz ýalymy?
Oglum ýaly eý görýärdim malymy.

Sen beýdersiň öýdüp, etmändim tama,
Tanardym eşegmi özüm bolsam-a.»

«Meňem haýpym gelýär bu bolan zada,
Beýle garaňkyda, beýle howada.

Adammy, börümi, birniň malymy–
Aýyl–saýyl edip, tanar ýalymy?»

«Hut meniň özüm-ä herki howada
Halalja malymy tanardym bada.

Ençe ýyl ulanyp, öwrenşen malym
Görmän, hatda ysyndanam tanaryn.»

«Aýdýan–a men saňa şeýle düşnükli,
Ýa seň beýniň çaýkaw ýa-da dikdüşdi,

Ysyndan tanaýan bolsaň eşegňi,
Onda näme üçin şu wagta çenli

Kän wagt myhman bolup, duzuny iýen
Dostuň bolan meni tanamaýşyň geň.

Bolmasaň özüňem eşegiň kowmy,
Aýdan sözlerime diýersiň dogry.

Eşegini tanap, dostun tanaman
Duran pekgä näme diýjek, eý, aman!

Goý, aýdaly sözüň galat dälmişin,
Özüňe-de ýetik belet dälmişiň.

Barypýatan takwamyşyň diýeli,
Küýüň Hudaý hakdamyşyn diýeli,

Diniň özenine ýetdigiňmi şol?
Ýaradana gulluk etdigiňmi şol?

Belki, bu Alladan daş düşmeklikdir?
Şeýtan kowmy bilen goşluşmaklykdyr?

Senem öz ýanyňdan Hudaýhonsyrap,
Ynsanlyk borjuňdan düşüpsiň yrak.

Eşegiň ölmegi açdy sepiňi,
Aýan etdi maksadyňy, netiňi.

Iňňedir sapagy tutup görmedik,
Ömründe bir ilik çatyp görmedik

Özüni tikinçi saýyp bilermi?
Şeýle kyn hünäre laýyk bilermi?

Sen özüňi Rüstem saýýanam bolsaň,
Allaň işe baha berýänni bil sen!»

## ÖZÜNI DOK GÖRKEZJEK BOLUP, AGZYNA ÝAG ÇALÝAN ADAM HAKYNDA HEKAÝAT

Gaty nanyň zary bir garyp bende
Agzyna ýag çalan bolýarmyş günde.

Goňşy–golamlardan göräýse birin,
Diýýärmiş: «Ýagdanam it ýaly irdim.»

Soň agzynyň ýagyn süpüren bormuş,
Özem hondanbärsi gep uran bormuş.

Sypaşdyryp hepbik ýaly garnyny.
Paňlan bolup geçirermiş her güni.

Gyjalat berermiş oňa aç garny:
«How, eýäm, mundanam mydar bolarmy?

Dilegçilik etseň, pezzerip ýörmän,
Beren tapylardy döwüm–dişlem nan.

Rehimdar kişiler ýagdaýňy biler,
Belki, käsi palawa-da çagyrar.

Bagtyňy ýatyrýan öz ýalan gepiň,
Bu bolşuňa basym açylar sepiň...»

Hakyky bolşuňy illerden gizläp,
Boş gabaran bolup ýa ýalan sözläp,

Ýagly görünse-de agzyňdyr murtuň,
Bil sen, uzak gitmän, açylar syrtyň.

Tokga gyzyl tapaýsaň-da eger sen,
Olam ömürlik däl, bäş gün doýar sen.

Goýup ýörkä özün doklaň deňinde,
Şeýle waka ýüze çykdy öýüňde:

Bardy ol garypda ýag ýökly meşik,
Ana, şony sürýäp ekitdi pişik.

Onuň körpe ogly görüp bu haly,
Uly goh yuzurdy ot alan ýaly:

«Waý, ogry pişigi tutalyň basym!
Indi kakam nädip agzyn ýaglasyn?»

Gopbam kişi galdy uly alada,
Indi, agzyň ýaglap bilseň, ýagla-da.

Ahmyr edip, gelse-de ol aglara.
Meşigi ýök indi ili aldara.

Kem-kem boýun alyp täze ýagdaýny,
Öňküsi dek öünmäge ýaýdandy.

Ilki gülüşse-de goňşy–golamlar,
Ol garyp biçärä rehim kylanlar.

Onuň oňar–oňmaz ýagdaýyn görüp,
Kim öýne çagyryp, kimse nan berip.

Gözden salmadylar ol pukarany,
Garybyňam muňa gönendi jany.

Undup mundan öňki ýalançylygny,
Bütinleýin üýtgetdi ol gylygny...

Aldaw–hile bolmasa seň sözünde,
Bagtyýar adamsyň ýeriň ýüzünde.

# MÄŞBÜRÜNÇ SAKGALLY KIŞI HEM DELLEK HAKYNDA HEKAÝAT

Mäşbürünç sakgally kişi ir bilen
Dellegiň ýanyna haýdaşlap gelen.

Diýipdir: «Sakgalma ünsli gara sen,
Bar munda gyllaryň agam, garasam.

Gadyrdan, aýaman elde baryňy,
Garasyny goý-da, aýyr agyny.

Täze aýal getirmekçi öýe men,
Görünesim gelýär ýaş hem bezemen.»

Dellek oň sakgalna edipdi-de syn,
«Mundan diňe şeýtsem dynmagym mümkin.»

Diýip, tutuşlygna syryp sakgalyn,
«Ine, gardaş, men-ä borjum hakladym.

Ygtyýaryň öz eliňde neýleseň,
Haýsy gerek bolsa, özüň saýla sen.

Bu işe goşulmak maňa aýypdyr,
Näme etseň, özüňjik et» diýipdir ...

## SÖZÜNDE TAPYLMADYK DERWÜŞ HAKYNDA HAKAÝAT

Üşbu hekaýatyň manysy şunda,
Sözüňde tapyljak bolgunyň sen-de.

Çekip il-ulusdan özüni çete,
Bir diwana derwüş ýaşapdyr ýeke.

Dagda bar getirýän daragtlar känmiş,
Ol miweden başga iýmit iýmänmiş.

Ol özüne söz beripdir şeý diýip:
«Diňe ýere gaçan miwäni iýip

Oňaryn daragta elim uzatman,
Şu beren sözümde duraryn hökman.»

Ötegçilere-de ýüz tutmazlyga,
Çalşypdyr wadasyn unutmazlyga.

Günler yz-yzyna geçip durupdyr.
Şemala miweler gaçyp durupdyr.

Birdenem tebigat tutup kejine,
Şemalyň ösmesi kesilýär, ine.

Özem beýle ýagdaý çekip kän güne,
Ýaňky derwüş düşenmişin kyn güne.

Öwüsgin ýokmuşyn daş-töwerekde,
Ýekeje miwe-de gaçmandyr hatda.

Biçäre derwüşiň agzyn suwardyp,
Şahalarda almalar dur gyzarşyp.

Armytlaram sallanşyp dur enaýy,
Oň başy aýlanýar bakdygysaýy.

Derwüşiň açlykdan eňkamy gidip,
Ýolupdur miweden elin uzadyp.

Biz gowy iş etsek, görýäs mazasyn,
Erbet işlermiziň çekýäs jezasyn.

Derwüşiň ýaşaýan ýerine dogry,
Gelipdir şol gije bir topar ogry.

Bir çola jülgede ykjam jaýlaşyp,
Ogurlan zatlarny telläp, paýlaşyp.

Uzak gije şagal mesligin gurap,
Duýup özlerini howpdan yrak,

Oturan wagtlary ertesi irden
Ogrularyň daşy gabaldy birden.

Ol iliň şeýleräk kadasy bardy –
Olar ogryň sag elini çapýardy.

Ogurlyga ysmaz ýaly boguny,
Çapýardylar ogruň çep aýagyny.

Şo golaýda ýaşap ýören derwüşem
Bir söý bilen olaň içine düşen.

Oňa-da mynasyp jeza tapyldy –
Sag eliniň barmaklary çapyldy.

Aýagny çapmaga gezek elende,
Nökerleriň biri dillendi şonda:

«Bakyň muňa, ogry küje, zat küje?
Jeza berip keramatly derwüşe,

Günä galypdyrys özümiz» diýdi,
«Indi ýiter biziň yzymyz « diýdi.

Jeza beren nöker barmagny çapyp,
Derwüşiň alnynda dyzyna çöküp,

«Günamizi ötüň!» diýip ýalbardy,
Derwüş şonda oňa bakyp, ýylgyrdy:

«Bu işiňe ahmyr edip ýörmegin,
Gaty dogry maňa jeza bermegiň.

Bozdum men özüme beren wadamy,
Bozdum men gadymdan gelýän kadany.

Hut şonuň üçinem, seň eliň bilen.
Maňa berlen jeza Taňrydan gelen.»

## EMIR HEM ONUŇ SONKUR ATLY GULY HAKYNDA HEKAÝAT

Bir emir ýönelip hammama sary,
Guluna gygyrdy: «Hany gel bäri!

Sen ýaly gulumyň bardygna şat men,
Legendir palçygam çykarma ýatdan!»

Sonkur oň diýenni ýatdan çykarman,
Onuň yzy bilen ugrady durman.

Olar golaý baran wagty hammama,
Muezzin çagyrdy ili namaza.

Sonkur barypýatan takwa kişidi,
Ol emire garap, egdi başyny:

«Bagyşla, hojaýyn, özüňe belli,
Namaz okamaly mahalym geldi.

Bu bolşuma göwün-kine etme-de,
Şu bagyň astynda garaş, gitme-de.»

Hojaýyn guluna ençe garaşdy,
Soňa baka sabyr-karary gaçdy.

Namaza baranlaň bary dargady,
Ýöne onuň guly gara bermedi.

Wagt günortana golaýlap ýördi.
Hojaýyn henizem garaşyp durdy.

Ahyry metjidiň golaýyna baryp,
Sesine bat berdi gulun çagyryp.

Sonkur gelip, şeýle diýdi emire:
«Meň üçin Alladan rugsat sora.

Ýanyňa barasym gelse-de gaty,
Meni goýbermeýän onuň gudraty.

Emir ýene guluna kän garaşdy,
Ahyram bu bolşy ýüregne düşdi.

Hojaýynyň sesi ýene ýaňlandy:
«Il birçak dargady, çyk senem indi!»

«Seni şu metjide goýbermeýän güýç,
Sypdyranok meni häzire deňiç.

Bu gohuň hiç. Arşa ýetse-de dadyň,
Öz bolmaly ýeri bardyr her zadyň!»

. . . Olaryň islegne, erkine bakman,
Umman balyklary goýnunda saklar.

Köp mahluklar gury ýeri halaýar,
Olar üçin şondan gowy näme bar?

«Towşana-da dogduk depe» diýleni,
Yns-u-jyns öz saýlan ýerin söýmeli.

## AÝALYNY ÖÝÜNDE BIWEPALYKDA TUTAN SOPY HAKYNDA HEKAÝAT

Ýatyrka aýaly oýnaşy bilen,
Bir sopy olaryň üstüne gelen.

Gapyny kaksa-da ot alan ýaly,
Eger-eger açanokmyş aýaly.

Bir ädikçi bilen aýşy-eşrete,
Meşgul zenan äri oda düşse-de.

Gapyny açaýyň diýmeýärmişin.
Wagt utup, ärini güýmeýärmişin.

Aýalynyň, şeýle gylygnyň baryn,
Aňýan sopy irräk ýapyp dükanyn,

Öz öýüne gelen wagty alňasap,
Özüňiz bilýäňiz - ine, bolan zat,

Ozal onuň beýle gylygy ýokdy,
Häzirkisi ýaly, ir gelenokdy.

Hudaý hökman üstün açýar günäniň,
Ýok oň nazaryndan sypjak gümanyň.

Şer işleň iýtmegem onuň elinde,
Alaşyp gitmegem onuň elinde.

Ol kä günämizi geçse-de biziň,
Ahyry barybir gyzardar ýüzüň,

Bir zady aýdaýyn gelensoň dile,
Birmahal bir ogry düşüpdir ele.

Paýhasly Omaryň emrine görä,
Agyr jeza bermelimiş ol ogra.

Ogry aýdan: «Günämi öt, hökümdar,
Meni bulaşdyran ol şeýtan murdar.»

Hökümdar aýdypdyr: «Başky günani
Geçmän, jeza bermek ýowuzlyk dälmi? »

Taňry geçirimli. Günäkär bende
Kän gezek ýalkanýar onuň öňünde.

Ýöne günä işe baş uran adam
Halas bolup bilmez agyr jezadan . . .

Ozalky gürrüňe geleliň ýene,
Äri aýaly salyp çemine,

Aýagyny gyşyk basýanyn bilip,
Tutdy biwepany üstünden gelip.

Aýal çäre gözläp, batsa-da dere,
Ol jaýda ýer ýokdy gizlenäýere.

Içine girere sandygam ýokdy.
Duwlanara hiç zat görünenokdy.

Gözüň aýlan taýyň – ýalaňaç diwar,
Olarda ne tuty, ne-de örtük bar.

Aýalyň hilesi özüne ýetik,
Ärini aldamaň pikirni edip,

Onuň oýlap tapan pirimne gara –
Ýapdy oýnaşyna gara çadra.

Asyl-ha hiç ýeri görünmez ýaly,
Tutuşlygyna örtdi sopuň aýaly.

Soňra ylgap baryp, gapyny açdy,
Äriniň gözleri gara sataşdy.

Aýaly bada-bat başlady söze:
«Bu möhüm iş bilen gelipdir bize.

Bu zenan maşgala baý ýerden gelen,
Garyndaşlyk açsam diýýär biz bilen.

Munuň ogy gyzymyza taýmyşyn,
Özem akyllymyş hem-de baýmyşyn.»

Äri diýdi: «Dogry bolsa aýdanyň,
Gowy bolar tapsa her kim öz deňin.

Herki zat bir-birne taý bolsa ýagşy,
Gudamy? Ikisem baý bolsa ýagşy.

Biri garyp, biri baý bolsa eger,
Ikisem bir-birne ýetirer zeper.

Gapyň iki tutaýy bar diýeli.
Biri – altyn, ýaldyraýar diýeli.

Beýlekisi – misden, reňki öçük,
Şu ýagdaýda olar taý bolsun niçik?»

«Şu sözlerňi aýtsam-da bu hanyma,
Ilmedi gulagnyň ýele ýanyna.

Diýýär: «Garyndaşlyk açjagym meniň
Zyýany ýok bolmasa-da öz deňim.

Gudam barly ýermi, pukara ýermi –
Isleýän oglumyň bagtly bolarny.

Perzendimi bagtly etmek maksadym,
Baýdagyna, garypdygna bakmaryn.»

Äri diýdi: «Bu bir baý zenan bolsa,
Biziň gyzymyzy halaýan bolsa,

Bu ýagdaý elbetde, gowy zat weli,
Ýöne dogry zada dogry diýmeli.

Niçik bolsa sümelgämiz – jaýymyz,
Edil şonuň ýaly ýagdaý-halymyz.

Hiç bir goş-golamsyz, berbat bu öýde,
Iňňe gizläre-de ýer ýok bu öýde,

Eger hanym sorap, syn edip bize,
Göwni ýeten bolsa adamlygmyza,

Onda şeýle zady bilmegi gerek,
Öý bikes-ä loly, ýok asla derek.

«Enesini gör-de, gyzyn al» diýlen
Sözi ýöne ýerden aýdanok ilem.

Ýoldan çykanlygy, asyllylygy –
Enä görä bolar gyzyň gylygy.

Azgyn heleýdigiň maňa-ha aýan,
Bu hanymam bilse, etmezdi zyýan.»

Aýtmak bilen beýle hekaýaty men,
Düwdüm ýüregime şu niýeti men.

Islendik pirimiň, şelaýyn sözüň
Aýbyňy gizlemez, gyzardar ýüzüň.

## ŞANYŇ BIR ŞAHYRY SYLAGLAÝŞY HEM HASAN ATLY WEZIRIŇ ONY ON ESSE ARTDYRYŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Şahyrlaryň biri şanyň şanyna
Goşgy ýazyp, barypdyr oň ýanyna.

Ol goşgudan hoşal bolan hökümar
Sylag eçilipdir oňa müň dinar,

Wezir şeýle diýen: «Keremli şahym,
Sylagňyz gaty az, ötüň günähim.

On esse artdyrsaň onuň möçberin,
Size mynasyp bor, oýlanyp görüň! »

Hazynada sansyz baýlyk bar eken,
Ýöne şa olary gysganýar eken.

Wezir dillenipdir: «Öňden-ahyra
Hökümdarlar hormat goýan şahyra.

Saman örten bolsa dänäň üstüni,
Aňmasaň, günäkär saýarlar seni.

Däne çöker, saman sowrular aňsat,

Gowy şygyr ýazmak çakyňdan kyn zat.»

Şeýdip, ap-aňsatja on müň tyllany
Gazanypdyr şahyr wasp edip şany.

Hut wezirden arka tapynypdyr ol,
Täzeje haladam ýapynypdyr ol.

Ýaňky şahyr tä öýüne ýetinçä
Wezire alkyşlar aýdypdyr ençe.

Ýürekden hormatlap Hasan weziri,
Bolupdyr oň ýakyn dostlarnyň biri.

## ŞOL ŞAHYRYŇ BIRNÄÇE ÝYLDAN SOŇ PATYŞA ÖWGÜLI GOŞGY ELTIŞI HAKYNDA HEKAÝAT

Şahyr ençe ýylyn bigam ötürdi,
On müň tyllasyny sowup gutardy.

Ol için gepletdi: «Bu bolşum telek,
Hökman bir çykalga tapmagym gerek.

Hökmürowan şany wasp edip ýene,
Bil baglaýyn onuň merhemedine.»

Şahyr ýene ylham odun ölçerip,
Sözlerine, setirlerne bat berip,

Şanyň gulagyna ýakjak sözleri
Özüniň bagtyny açjak sözleri.

Monjuk deý sapaga düzüp başlady,
Mahabatly şygyr ýazyp başlady.

Şalar häkimiýetdir tylla bilen deň
Dürli mahabatam eý görer eken.

Olary boş öwgi humar etmeýär,
Näçe diňlese-de bizar etmeýär.

Her kimiň her zady duýşy, görşi bar,
Her kimiň her hili ömür sürşi bar.

Işi şowlap, güni düzelse käler,
Has baýajak bolup, azara galar.

Häkimlik hakynda, mal-tylla hakda
Arzuw döräp, şine urar ýürekde.

Bagty çüwüp, ol islegne ýetensoň,
Başgarak bir zady arzuwlar onsoň.

Öwäýseler, kem görjek däl indi ol,
Ýalan-u-çyn-boş magtama bendi ol.

Şahyrlaň sözüne siňesi gelýär,
Bagşylaň sazyna siňesi gelýär.

Isleýär münberden dindarlar öwse,
Bazarda ýatlar-u-dost-ýarlar öwse,

Köşkde-de öwseler, hoş boljak örän.
. . . Şahyr şygyr ýazdy endigne görä.

Teňňäň şyňňyrdysy gulagna gelip,
Ýazdy ýoňsuz sylag hantama bolup.

Jomart Hasan wezir geldi serine,
Häzir başga biri onuň ýerine.

Baş wezir bolupdy nätanyş adam,
Şahyryň tamasy uludy şadan.

Weziriň husyt hem doň ýürekligi,
Desmalçy şahyrlar bilen çepligi

Hakdaky gürrüňler ýaýrapdy ile,
Bolýarmyş şahyrlar ondan nägile.

Hökümdar şahyryň şygryn diňledi.
Öz ýanyndan hoşal boldy, oňlady.

Diýdi ol: «Müň dinar beriň şahyra!»
Wezir bu karara boldy nägile.

Diýdi ol: «Gulak goý, beýik hökümdar,
Sen patyşa, näme etseň, hakyň bar.

Menem bilýän şygryň gowydygyny,
Ýöne hazynanyň gowuzdygyny

Paýhas eleginde elap, eger sen,
Dogry bor sylagňy on esse kemseň.»

«Öň men on müň tylla sylag alypdym,
Hökümdardan diýseň hoşal bolupdym.

Munuň – agzy gantdan tagam tapana
Şekerpalaç bermek üçin bahana.»

Diýip, ýaňky şahyr ýüzün sallady,
Bir köşk emeldary ony goldady:

«Öňki jomart kişi husytlyk etse,
Abyraýy peseler on kän esse.»

«Sözlem gaçyrsa-da şahyryň keýpin,
Oňa jinnek ýalam gelenok haýpym.

Hökümdaryň hatda aýak tozuny
Uly sylag hasap etsin özüne.

Zehini her näçe bolsa-da kesgir,
Sylaga ymtylman, mugt taryp etsin!»

Şa argyn seslendi: «Özüň bil onda,
Nä karara gelseň, ygtyýar sende.

Ýöne öňden gelýän kadany tutup,
Hoş eýle şahyry göwnüne ýetip.»

Şahyra zat bermän hoş sozden başga,
Hajyk-hujuk bilen sowdular başdan.

Aýlar tirkeş gurap, aýlandy durdy,
Ýyllar yz-yzyna dolandy durdy.

Şahyr görgüliniň ýagdaýy-haly
Gitdikçe peselip, gaçdy mejaly.

Garaşmakdan halys sabry suw boldy,
Ýöne bar umydy – boş arzuw boldy.

Berilen wadanyň yzy gelmedi,
Ol aljyrap, näderini bilmedi.

Ahyrsoňy gider ugrun ýitirip,
Weziriň ýanyna bardy el serip.

Naýynjar dillendi: «Ýagdaýma garap,
Rehim edäýmeseň, meň halym harap.

Ýa sözüňde dur-da, sylagmy eçil,
Ýa umyt uçgunmy ymykly öçür.»

Wezir şonda wada beren pulunyň
Sähelçesin tersi bilen eliniň

Zyňyp goýberipdir şahyra taýa,
Ol görgülem nalyş edip Hudaýa –

Öýüne gaýdypdyr gepledip için:
«Bu ilden bereket göterleni çyn.

Hoş niýet, adalat, sahawatlylyk
Ýaly adamlary bezeýän gylyk –

Häsiýetleň ady-sory ýitipdir,
Bary öňki wezir bilen gidipdir.

Bägüliň ornuna goýsaň tikeni,
Ähli zady çepde çöwir ekeni.»

Şahyr saklap köşge beletleň birin,
Sorady adyny täze weziriň.

Tanşy diýdi: «Şonam bileňokmy sen?
Öňki wezir ýaly, muň adam Hasan.»

Şahyr diýdi: «Deň bolsa-da atlary,
Düýbünden tersine galan zatlary.

Bu at mynasyp däl täze wezire,
Öňki Hasan nire, bu Hasan nire!

Gördüm öňküsinden sahawat, haýyr,
Häzirki ýigrenji berdi kän ejir.

Köşge aralaşyp näkesiň biri,
Bolsa oňat hökümdaryň weziri, -

Bet niýeti üçin tapyp dürli tär,
Oň abraý-hormatyn püçege çykar.»

## TILKI, ŞIR HEM EŞEK HAKYNDA HEKAÝAT

Birçak bir ýarlykly pukara bardy,
Ýagyr eşegini baýlyk saýýardy.

Garny hepbik ýaly ol garry eşek,
Görnerdi açlygyň alamaty dek.

Onuň otlamaga kowulýan ýeri –
Jöwzanyň tüweleý sowurýan ýeri.

Şagrap ýatan daşlar, saň-gaty takyr,
Iýer ýaly ot-çöp bolmazdy tapyp.

Ol-a eşek eken, hatda dowara
Gök çöp tapylmazdy agyz urara.

O ýerde suwam ýok içeýin diýse,
Heý, mundan ýaşaýyş bolarmy eýse?

Golaýda gür ösen otluk ýer bardy,
O ýerde haly teň şir ýaşaýardy.

Pil bilen söweşde almatyn alan,
Garaz, ölmese-de, ýaradar bolan.

Şiriň aw edere mejaly ýokdy,
Bir zat iýmese-de, alajy ýokdy.

Ownuk-uşak jandar tutýan-da bolsa,
Tutan bada lak-luk atýan-da bolsa,

San taýdan ep-esli bolsa-da olar,
Oň garnyna ýokam bolanokdylar.

Bir günem ýaňky şir gaty ajygyp,
Geňeş etdi tilki dostun çagyryp.

«Görýäň-ä ýagdaýym nähili egbar,
Munuň üçin diňe bir çykalga bar.

Eger iýäýmesek arryk eşegi,
Mundan artyk nädip mydar edeli?

Sen daýan-da herne hile-alyňa,
Getir şol eşegi meniň ýanyma.

Hiläniň ýeserden ýeserin saýlap,
Hajyk-hujuk bilen başyny aýlap,

Getirip biläýjek ýeke-täk sensiň,
Güýjüme geleýin, janym gönensin.

Kuwwatlanyp, alyp başlasam awum,
Ynanaý, goýaryn seniňem paýyň.»

Tilki şeýle diýdi: «Gudratly şirim,
Orta goýup gaýrat-güýjümiň baryn,

Sargydyňy höwes bilen bitirin,
Şol eşegi hut şu ýere getirin.»

Şeýdibem, eşege gurmaga hile,
Ol tilki howlukmaç şaýlandy ýola.

Bardy-da şeý diýdi arryk eşege:
«Hal-ahwalyň niçik, gadyrdan şepe?

Öňki ýaly, ota, suwa zarmysyň?
Takyr ýerde otlan bolup ýörmüsiň?»

Eşek diýdi: «Hawa, şol öňki halym,
Ýok bu ýeri taşlap gitmek hyýalym.

Ýermi üýtgetmegi düwsem netime,
Uçraýmagym ahmal has erbedine.

Küýsämogam otlyk dagy ýa çöli,
Hudaýam halaýar sabyrly guly.

Şujagaz örümiň kylyp şükürni,
Edemogam başga ýeriň pikirni.

Hudaýyň berenne kanagat kylyp,
Ýaşaýan günümden razy bolup.

Ähli zat gelensoň diňe Hudaýdan,
Aýrylmak meýlim ýok asla bu taýdan.

Guşlaryň mydary çäksiz asmanda,
Balyklaň mydary düýpsüz ummanda.

Ol gözden salanok hiç bir jandary,
Aýlanyp dur hemmesiniň mydary.

Her zadyň ýeterlik duşmany bardyr,
Ýöne hemmäň dosty ýalňyz Hudaýdyr.

Ýagdaýyň ýagşymy ýa-da agyrmy –
Ählisine döz gelmeli sabyrly.

Göresiň gelmese mundan beterni,
Bilmeli häzirki günüň gadyrny.

Bir gysym ot tapsam, sag bolsa janym,
Arzuwny edemok bedäň, arpanyň.

Bilýäs gül ýanynda tiken baryny,
Hazynany ýylan goraýanyny.»

Tilki şeýle diýdi: «Sag bolsun janyň,
Hemmeler Hudaýyň erkine tabyn.

Hudaýa sygynmak gowy zat weli,
Her kes öz gamyny özi iýmeli.

Alsyn – diýip – her kim öz ýetdik hakyn,
Şoň üçin ol bize beripdir akyl.

Ýagdaýňy düzetmek eliňdäki zat,
Muň üçin birneme çekmeli azap.»

Eşek diýdi: «Bu sözleriň geň maňa,
Bir al saljak bolýan ýaly sen maňa.

Hak bar zadyň çäresini görüpdir,
Her jandaryň ryzkyny-da beripdir.

Käbirleri bolman hakyna kaýyl,
Erkiniň tersine gidip Hudaýyň,

Dünýäni tutaýsam diýen niýetde,
Hars urup ýörenem az däl, elbetde.

Ýaşana gününden nägile bolman,
Rehmet nury boldan seçiler Allaň!»

Tilki diýdi: «Hakyň ýolundan çykman,
Çyndan uýup ýören – häzire-ä köp däl.

Gaýta öň tersine – bu ýoldan çykan.
Öňki kyn ýagdaýny düzedýär eken.

Uly zada, gowy zada ymtylan
Ahyr şoňa ýetýär yhlasy bilen.

Gol gowşuryp oturanlaň biri-de
Arzuw etmez oňat durmuş barada. «

Eşek şeýle diýdi: «Harsydünýäler
Köp günä gazanyp, uýada galar.

Kimseler öwrülip nebsiň guluna,
Ygtyýarny berip şonuň eline.

Taňryň berenine etmän kanagat,
Iş edýärler bir-birinden gabahat.

Owal-ahyr her bir jahana gelen
Dogulýandyr başda öz ryzky bilen.

Ol hiç kimiň aç galmagna dözmeýär,
Biz – iýmiti, iýmit – bizi gözleýär.

Şoň üçin, hars urup ýörmäge derek,
Mydam kanagatly ýaşamak gerek».

Tilki diýdi: «Diňe akly kelteler,
Nalajedeýinler ýa-da ýaltalar.

Ryzkymyzy Alla ýetirer diýip,
Hor-homsy ömrüni ötürýär haýyp,

Ýöne herki zadyň iki ujy bar,
Her kimiň özüne borluk güýji bar.

Kim hatda başarýan işinem etmän,
Aňrybaş gözgyny ýagdaýa ýetýär.

Suw çekýän, jaý gurýan ýa-da tikinçi
Işleýär, eklenji etmezden ünji.

Her kim etse öz başarýan işini,
Ýagdaýy düzeler, bilip goý şuny.»

Eşek şeýle diýdi: «Iki dünýäde
Ýaradanyň bereninden zyýada.

Rysgala göz dikmän, kanagat eden
Ahyry arzyly maksada ýeter.

Allaň merhemedin salyp ýadyňa,
Alkyş okamaly onuň adyna.»

Tilki diýdi: «Eşretlerden ýüz sowan
Öz- özüne duşman bolýandyr, dogan.

Sen bu gaty ýerde edýärsiň mydar,
Öleňleriň bolsa dyzdan oty bar.

Öwüp aýtdygym däl, özüňem görseň,
«Bu ýerler tüýs jennet eken» diýersiň.

O ýerdäki otlar ösgün hem-de ter,
Içine giräýse, düýe-de ýiter.

Görseň o ýerdäki jandarlaň baryn,
Nähili ýaşamaň bilýärler tärin».

Pekge eşek soramady tilkiden:
«Bu aýdýanlaň çypdyrmadyr belki, seň?

Beýle bol-telkilik bar bolsa onda,
Munuň ýaly egbar düşmezdiň sen-de.

Dogry bolsa maňa diýýän sözleriň,
Onda näme, çylpyklap dur gözleriň?.

Öwýän ýeriň bolsa beýle bolçulyk,
Ýöresiň ýokdy-la yşarat bolup.

Egin-eşikleri gus-gury adam:
«Ýüzün geçdim – diýse-de – şu derýadan,

Ýalandygy görnüp durka gözlerne,
Kim ynanar öň howaýy sözlerne?

«Müşkdürin» diýse-de ysy ýok bir zat,
Oňa-da hiç kişi ynanmaz aňsat».

Şeý diýip, pert gürlän bolaýsa eşek,
Tilki ýumlugardy sapan degen dek.

Gaýta bu sözleri diýmeden geçen,
Yrylyp başlapdy ol eýýämhaçan.

Ter otuň tarypy başyn aýlady,
Şol ýere ýetmegi arzuw eýledi.

Ynamy daş degen küýze deý synyp,
Ol öňki pikrinden başlady dänip.

Tilkiniň sözleri nähakmy, hakmy –
Seljerse, onda nä eşek boljakmy?!

Akylyndan rüstem gelip islegi,
Bol iýip-içmäge arzuw besledi.

Kimsäniň ynamy gowşak bolanda,
Hakykatdan üstün çykýar ýalan-da.

Eşretli durmuşa bolup bendi ol,
Tilkiniň sözlerne güp ynandy ol...

Tilkiň ýüki ýetik hileden, aldan,
Ol pekde eşege guransoň aldaw,

Yzyna düşürip ol biçäräni,
Öňki mekanyndan açdy arany.

Şelaýyn gep bilen başyny aýlap,
Şiriň ýatan ýerne bardy golaýlap.

Awuna garaşyp, syryljap ýatan,
Açlygyndan egbar ýagdaýa ýeten.

Garry şir awuny peýläp, bökse-de,
Gütläp ýere düşdi ýetmän maksada

Bu howpy bada-bat aňdy-da eşek,
Yza dönüp, gaçdy ýaýdan sypan dek.

Tilki şire diýdi: «Haýwanlaň şasy,
Azabym puç boldy, kimiň günäsi?

Göwnüňe degesim gelenok weli,
Ýöne senem alar awuň bilmeli.

«Sabyr-takatlylyk – Rahmandan» diýlen,
«Bisabyrlyk – iblis, şeýtandan» diýlen.

Mazaly oýlanman, aşa howlugyp,
Üstünden baran ýok heniz gowlugyň.

Eşek saňa biabraýlyk getirdi,
Ýöne oňa derek başyn gutardy.»

«Öňküligmiň ýokdugyny bilýän-le,
Eşek gutulmazdy ýogsam bolmanda.

Kalbymda bolsa-da awuň höwesi,
Päsgel berip gözlerimiň ümezi.

«Ajyň aňy bolmaz» diýilýän sözüň,
Hakdygyna magat ýetirdim gözüm.

Bu bolşumdan çykarma-da ters many,
Şol eşegi ýene alyp gel bäri.

Oň etinden gerk-gäbe doýamsoň,
Seňem gadyryňy bilerin onsoň.

Sypjyklygňy goýup, diýenim etseň,
Özüňem doýarsyň bol-telki etden!»

«Bolýa-da, synanyp göreýin ýene,
Belki, bolmaýady işim tersine.

Ýöne senem şirim, bar zatdan ozal
Öňki ýaly, säwlik goýbermejek bol.

Eşek diýlen jandar samsyk bolsa-da
Senem gowy çemlen, ahmal bolma-da.»

«Ýogam bolsa öňki güýjümden derek,
Synanyp göreýin ýene bir gezek.

Ät galaýman, öňkim ýaly awunyp,
Garaz, sypdyrmajak borun awumy.»

«Işimizi Allaň özi oňarsyn,
Ol seň bedeniňe güýç-kuwwat bersin.

Şirim, häzirki deý gartaşan çagyň,
Indi bir şowuna bolsun-da awuň.

Bu gezek aldamak kyn bolar hasam,
Ýerne düşsün hernä eden yhlasym.»

. . . Mekir tilki ýene şelaýynsyrap,
Gözlerin güldürüp, guýrugun bulap.

Ýanyna gelende, eşek dillendi:
«Bu ýerde nä görüň bar seniň indi?

Aýt hany, haçanam bolsa bir mahal
Sen menden ýamanlyk gördüňmi sähel?

Nämüçin dilleşip, çykyp kastyma,
Meni alyp bardyň şiriň üstüne?

Hudaýa müň şükür, sen ýaly gende,
Ülpetden gaçmaga kömek edenne.

Özüne degmedik kişinem çakýan
Ýylan bilen seni deň hasap edýän.

Tilki diýdi: «Aýdýan sözleriň näme?
Şir nireden geldi seniň kelläňe?

Özi-hä däl, hatda ady ýok şiri
Agzan bolup dursuň aňkawyň biri.

O ýerden gözleme şiriň mesgenin,
Gözüňe görnendir belki, ol seniň?!

Şol jennetiň künjün goramak üçin
Allaň şeýle edýän bolmagy mümkin.

Başga ýerler bilen deňän mahalyň,
Bilersiň o ýeriň anyk bahasyn.

Piller, şahburunlar gezişip ýören,
Ýerleň onça ýogun aýdýar gören.»

Eşek diýdi: «Ugra, galma ýoluňdan,
Bu bolşuňa, taparsyň sen päliňden.

Gylyk-häsiýetiň şeýle owaldan,
Meň üçin ýüzüňden ýeňsäň owadan.

Aýan boldy indi seň päliň-netiň,
Meni Ezraýylyň üstüne eltdiň.

Ýene-de ýallaklap, çekýärsiň azap,
Seni şiriň ibereni belli zat.

Gaty kän bigünäň ganyna galan
Senden ganymatdyr hatda ýylanam.

Öwrenen biz zäherine ýylanyň,
Sen ýala ynanyp bolarmy janyň?

Aňrybaş melgun sen, döremän geçen,
Hemmeleň ýanynda ynamdam gaçan.

Ýüzüňi başgarak bir ýana öwür,
Meniň üçin duşmanam bir, senem bir!»

Tilki gülümsiräp, guýrugun bulap,
Başlady eşegiň ugun ýekeläp:

«Ynanaý sen, ýalan ýokdur sözümde,
Ýok zatdan gaçypsyň, gorky gözüňde.

Nämeden gorkanyň anygna ýetmän,
Saýarsyň meni-de aldawçy, betpäl.

Bu bolşuňa baýnamarsyň hiç haçan,
Iň gowy dostlaryň ýanyňdan gaçar.

Azam bolsa ilde meni halaýan,
Özüm-ä dostlarmy söýýän, sylaýan.

Ýylany hininden çykarmyş hoş söz,
Seniň şir diýýäniň howaýy, boş söz.»

Eşek bu sözlere tasdan yrlypdy,
Şübhesi esassyz ýaly görnüpdi.

Munuňam ýeterlik sebäbi bardy,
Biçäräni açlyk basmarlaýardy.

Açlyk egbarladyp ýagdaý-halyňy,
Saýgartmaz ekeni ýörär ýoluňy.

Bol-telki durmuşa boldy-da bendi,
Eşek oýa batyp, ikirjiňlendi.

«Howaýy gorkuny getirip sere,
Horlanyp ýörmäýin biderek ýere.

Munuň dek hor-homsy ýaşalanyndan,
Gowsy, dok öleýin aç ölenimden.»

Diýip, otluk meýdan görnüp gözüne,
Ol ýene yryldy tilkiň sözüne.

Açlyk alýar gaýratyňy, zoruňy,
Aňyňy, erkiňi, ygtyýaryňy.

Gaçyp eşegiňem sabyr karary,
Gadam urdy dogry ajalna sary.

Tilki oň daşyna gyrdy-da duzak,
Eltdi öňki ýere ikinji gezek.

Ozalky hatasyn edinip sapak,
Şirem taýyn bolup ýatdy bu sapar.

Durdy ol bukulyp, awuny peýläp,
Eşegem ýanyna geldi golaýlap.

Şir towsup, aran dek penjesin urdy,
Eşek biçäräniň läşini serdi.

Ganly etden kuwwat tapdy göwresi,
Soň ýalanyp, suw içmäge ugrady.

Edil şo mahalam «Tüýs wagty geldi»
Diýip, tilkem läşden paýyny aldy.

Keýpi kök şir gernip, hyňranjyrady,
Haýal ädip, läşe tarap ýöredi.

Eşidildi şiriň gahary sesi:
«Hany, muň öýkeni, bagry, beýnisi?»

«Ýürekdir beýni-hä öňem ýok onda,
Oýlanyp gör-şo zatlary bolanda,

Öň bir gezek gözi gorkan ýerine
Öz aýagy bilen gelermi ýene?

Galan ýerlerinem gudratly şirim,
Oňa Taňry şaýat – sen özüň iýdiň!»

## HARMANDAN ÝEKEJE DÄNE ALYP GAÝDAN GARYNJA HAKYNDA HEKAÝAT

Ogurlap harmandan ýekeje däne,
Bir garynja bolýar ýola rowana.

Harmanda ummasyz däne barmyşyn,
Ýöne ol başgasyn görmeýärmişin.

Şol dänäniň agramyndan hyk-çoklap,
Öz hinine süýräp barýar bukdaklap.

Harmanyň eýesi muny görüpdir,
Öz ýanyndan şeýle pikir öwrüpdir:

«Harmandaky put-put dänäni görmän
Muň beýdip barşyna özüm-ä haýran... »

Biziňem köpümiz aldawa düşýäs,
Has uly zatlary görmän, ýalňyşýas.

Ownuk zatlar gapyp gözlerimizi,
Kynlaşdyrýar ony görmegimizi.

Ownuk zatdan ýüz öwürmek gerekdir,
Uly Hakykaty görmek gerekdir.

## BIR ŞANYŇ KANUNÇY ALYMY MEÝLISE ÇAGYRYŞY HEM ONUŇ SERHOŞ BOLŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Myhmandan dolduryp töwerek daşyn,
Bir şa meýlis guran oturanmyşyn.

Şo golaýdan geçip barýan alymy
Çagyrmagy buýran bozup pälini.

Sakçylar alymy şapba tutýarlar,
Meýlis bolýan ýere alyp gidýärler.

“Maňa zorluk etmäň, aýdýaryn çynym,
Meý içinden ýegdir zäher içenim.

Allanyň gadagan eden zadyny
Agza alyp, harlap bilmen adymy!»

Diýip, alym şunça özelenipdir,
Gaýta muňa şanyň gohi gelipdir.

Gygyrypdyr: «Saky, muňa meý getir!
Bilip goý, meýlisiň däbi şeýledir.

Guý köpüräk, näçe göterse, içsin,
Nepesin dürsesin, gahry ýatyşsyn!»

Alym sypmajagny aňyp şobada,
Noş eýledi bada yzyndan bada.

Soň-a asla ýalbartjagam bolmady,
Tizden başy sämäp, dili ýeňledi.

Biraz wagtdan soň duýup öz halyn,
Ýazylyp gelmäge ugrady alym.

Meýlis otagyndan çykansoň, derhal
Gabat geldi oňa hyzmatkär aýal.

Belkem, şanyň gyrnaklarnyň biri ol,
Serhoşyň gözüne jennet hüýri ol.

Gorkusyndan rüstem gelip islegi,
Zenan bilen aýşy-eşret isledi.

Urgun tapjak bolup, lak atyp durman,
Serhoş alym aman-zamanyn bermän,

Garsa gujaklady, basdy bagryna,
Aýalam ýykyldy onuň ugruna.

Erkegiň hyjuwy gelende dyňzap,
Zenan edil alan hamyra meňzäp,

Bütünleý ýitirip ozalky durkun,
Erkegiň eline berýär ol erkin.

Yňranyp, hykylap, näz bilen gernip,
Dünýäni unudýar lezzete berlip.

Dyňzap duran hyjuwlarnyň zoruna,
Garylýar ikisi biri-birine.

Erkege meýil etmegine aýalyň
Gaty kän sebäp bar, ol bize mälim.

Erkek kişi üçin asylly aýal,
Altyn hazynadyr, bu hemmä aýan...

Soňra näme boldy? Zenandyr erkek
Dalaşyp, çyrmaşyp, bile biten dek,

Aýşdan başga zada gözlerin ýumup,
Bütin durky bilen lezzete çümüp,

Nirdediklerinem undup büs-bütin,
Duýman özlerinde jinnek ýaly müýn,

Ýatyrkalar, birden oturan şanyň
Ýadyna düşüpdir kanunçy alym:

«Nirä ýok bolduka? Bileýin hökman,
Azaşyp ýörmükä yzyny tapman?»

Diýip, ýanyndaky adamlar bilen
Barýarka olaryň üstünden gelen.

Alym göýä hiç zat bolmadyk deýin,
Ugrapdyr ýene-de bol ýerne meýiň.

Bu bolşa dergazap bolupdyr şa-da,
Jellady çagyrmak isläpdir bada.

Alym aňyp oň gaharnyň gelenni,
Edil onuň özi ýaly dillendi:

«Eý, saky, borjuňy ýerine ýetir,
Hökümdarymyza derrew meý getir.

Oň gahar-gazaby aşmanka hetden,
Gowy-da öňünden alada etseň.»

Şa gülüp, gaýtaran gaharnyň badyn
Hem diýen: «Bar, seňki bolsun ol hatyn!»

## GÜNDIZ ELI ŞEMLI ADAM GÖZLEÝÄN HRISTIAN RUHANYSY HAKYNDA HEKAÝAT

Bir garry ruhany elinde şemi
Aýlanyp ýörenmiş gündiziň güni.

Bir kişi soranda munuň sebäbin,
Ol şeý diýip berenmişin jogabyn:

«Niýetimi saňa eýlesem beýan,
Men ömrüm boýuna adam gözleýän!»

«Nähilisin diýseň, taparyň ýaly,
Bazara bar, şo ýer adamdan doly.»

«How, gadyrdan, janymy bir ýakma sen,
Ynjalman öz diýýänimi tapmasam.

Şunça ýyl aýlanyp mähelle baryn,
Diňe bir adamy agtaryp ýörün!»

... Bizem şol kişi dek kän görgi görüp,
Hakykata eltýän Yşky agtaryp,

Başga zatda nazarmyzy eglemän,
Sepil bolup ýörşümizi geňlemäň.

Ýürek diňe şoňa, bir şoňa maýyl,
Oň ugrunda ölüp galmaga taýyn.

# USSA HEM ONUŇ ÇAŞY ŞÄGIRDI HAKYNDA HEKAÝAT

Adaty günleriň birinde ine,
Ussa ýumuş buýran öz şägirdine:

«Gapyň aňyrsynda durandyr bir gap,
Şony meň ýanyma alyp gel ylgap.»

Şägirt çaşy eken. Berlensoň buýruk,
Oglan gabyň duran şaýyna girip,

Seretse, durmuşyn iki sany gap,
Ol ussaň ýanyna eňýär alňasap.

«Bagyşla bimaza edýänmi seni,
Gaplar iki, getireýin haýsyny?»

Ussa diýen: «Beýle däldir, peläket,
Çaşy gözüň bilen oňatja äňet!»

Şägirt gaýtalapdyr öňki sözüni.
Ussa oýa batan süzüp gözüni.

Eden pikri görnüp öz göwnüne jaý,
Diýen: «Iki bolsa, birini döwäý!»

Şägirt gaplaň birin artykmaç saýyp,
Döwende, beýlekem bolupdyr gaýyp.

Kä adamlaň dogabitdi kemleri
Çaşynyň gününe salýar kimleri.

Olar-gözleň öňün duman deý örtüp,
Her zady bolşundan görkezýär artyk.

Kim niýetin diken bolsa ýamana,
Ömrüboýy ýaran bolýar ýalana.

## ADAMLARYŇ MEJNUNY LEÝLIDEN SOWAŞDYRJAK BOLUŞLARY HAKYNDA HEKAÝAT

Adamlar Mejnuna diýenler şeýle:
«Töwerek-daşyňa nazarňy aýla.

Leýli diýip, çekip ýörmän dert-elem,
Başga gyzlara-da göz aýla senem.

Bir syn edip görseň olaň keşbine,
Köýübem ýörmersiň Leýliň yşkyna.

Leýli dagy hiç kim ýanynda olaň...»
Mejun bu sözlere dergazap bolan.

«Gözelligi duran islendik gabyň
Siziňçe, nämede? Beriň jogabyn.

Aldanmaň oň daşky ýaldyr-ýuldurna,
Mazmun geçmelidir birinji orna.

Gabyň içindäki zähermi, şerap?
Bilip bolmaz ony daşyndan garap.

Eger zäher bolsa – başyňa ýeter,
Şerap bolsa – göwün hoşyňa ýeter.

Taňry şol bir gapdan ýagdaýna garap,
Kime-zäher berýär, kime-de – şerap.

Gaba baha bermän daş görnüşinden,
Oň içini görýän – danadyr çyndan...»

## ÝARYNA GARAŞAN ÝIGIT HAKYNDA HEKAÝAT

Aýtjak hekaýatym-gadym bir çakda,
Çyndan yşka düşen bir ýigit hakda.

Ýigit näçe örtense-de, ol gyzyň
Köp wagt çekmeli bolupdyr näzin.

Umytly ýaşamak – gowy gylykdyr,
Şatlygyň çeşmesi – sabyrlylykdyr.

Gyz ýigdiň umydyn çykarman puja,
Bir gün diýýär oňa: «Men şu gün gije

Seňkä barjak ilden özümi gizläp,
Uklaýman oturgyn ýoluma gözläp.»

Ýigit iç gepledýär: «Tüýs bagtym geldi,
Täleý gülüp bakdy, ykbalym güldi».

Ýaryndan şu hili hoş sözi eşden
Ýigit gözlerini ýaşlap begençden,

Hudaýyň ýoluna bir owlak soýup,
Bar işi-pişesin bir ýana goýup,

Begenjinden sabry-karary gaçyp,
Uzak güni geçirse-de garaşyp,

Beýnä dolup ýadawlygyň dumany,
Uklap galanmyşyn undup dünýäni.

Sözünde tapylyp, gijäň bir bagty
Gelipdir onuňka arzyly bagty.

Seretse, ol ýigit düşegne geçip,
Ap-arkaýyn ýatymyşyn hor çekip.

Bu ýagdaýy gözi bilen gören gyz,
Ýarynyň bolşuny synlap duran gyz,

Gözün ýaşlap, gama batmagyň ýerne,
Bir gysym aşygy alyp ellerne,

Ýigdiň ýeňleriniň bir taýyn kesip,
Durupdyr seredip, çykarman sesin.

«Oňarmaýan bolsaň, gyza garaşyp,
Öz deňleriň bilen oýnaber aşyk».

Diýipdir-de, ümsüm çykyp gidipdir.
Ýigit irden turup, için tutupdyr.

Görüp kesik ýeňi, üýşmek aşygy,
Ahmyr bilen ýaýkapdyr-da başyny,

Diýipdir: «Hiç zady alamak göwne,
Bir özüm günäkär masgaralygma.

Bişowluga sebäp bolýan – özümiz,
Masgara ýa heläk bolýan – özümiz.»

## NAÝYŇ OWAZY

Eşidýäňizmi siz owazyn naýyň?
Olam gussa çekýär adamlar deýin.

Eýsem, näme hakda naýyň owazy?
Bu sowala jogap berýär oň özi:

«Menem aýra düşdüm öz gamyşymdan,
Kän-kän muşakgatlar geçdi başymdan.

Gussam gemre baglap ýatyr ýürekde,
Meň zaryn owazym – aýralyk hakda.

Öz ilinden, öz kökünden aýrylan-
Men biçäre bilen ykbaldaş kileň.

Bagtyýarlar, bagtdan jyda düşenler
Diýýän sözlerine oňat düşüner.

Bar bolsa her kimiň kalbynda zary,
Meň owazym diňläp, artar azary.

Her kimse özüne dertleşi gözlär,
Düşünmek ýeňil däl ýüregne özgäň.

Janyň aýra bolşy ýaly jesetden,
Arada gatlak bar içgin esetseň.

Ýogsa meniň sesim şemal däl, ot däl,
Şonda-da eşdeniň kalbyny otlar.

Dostuňyz alysda bolsa eger-de,
Oň ornuny tutup, ýararyn derde.

Taňry hem siz araňyzda çapar men,
Kalplary gozgasam, rahat tapar men.

Ruhy ejizler meni çalanda,
Dertleri dep bolman, galýarlar gamda.

Kimse göwün beren bolsa çyn zada,
Meň owazym daýanç oňa dünýäde.

Ýürekleriň ygtyýary mendedir,
Hak aşyk Mejnunyň zary mendedir.

Özünde gam-gussa bar bolsa eger,
Owazymy diňe şol ýürek duýar».

Meniňem kalbymda bolmasa gamym,
Söýüp diňlärmidim owazyn naýyň?

Ýowuz durmuş çekdirensoň dert-elem,
Ysnyşdym men naýyň owazy bilen.

Ýaşlyk döwrüm duwlandy çal dumana,
Ony ýada salmak hoş ýakýar jana.

Balyklaň iýmitin suwlar gizleýär,
Ynsan öz ryzkyny ýerden gözleýär.

Durmuşda ederni bilmeýän kişi,
Näçe urunsa-da, bol tapmaz aşy,

Kim halasa diňe iýip-içmegi,
Ruhy göýdükdir, ondan gaçmaly.

Aň-paýhasdan ykjam ýükün tutanlar,
Çyn adamdyr, hiç bir ýerde utanmaz.

Bendilik nyşany-golda zynjyryň
Altyndanam bolsa, owradyň, gyryň.

Açgöz, senem haý diý haram nebsiňe,
Derýalaryň suwy sygmaz hiç huma.

Hars urýan husydyň gözleri-puldan,
Maldan däl, ahyry dolarmyş gumdan.

Diňe jinde geýen Hakyň gullary
Başarar nebsine jylaw salmagy.

Eý, Taňry bendesi, bir zady bil sen-
Yşk heseri bolar kalbyňa melhem.

Ýara däl, ruhuňam bejerer hökman,
Onça ýokdur hatda Eflatun, Lukman.

Yşk heseri aram berip janyňa,
Göterer ruhuňy arşyň ýanyna.

Şol söýgüdir Musa güýç-kuwwar beren;
Halky üçin beýik işe iteren.

Ynsan üçin bagt ýyldyzy-söýgüdir,
Lallaň dili, körleň gözi-söýgüdir.

Dosty bilen sesin goşan her adam,
Halas bolar herki dertden-beladan.

Dostuny ömürlik ýitiren kişi
Şatlykdan yrakdyr, çeker teşwişi.

Gursagy owazdan doly bilbilem
Lala döner jyda düşse gül bilen.

Eger gaýyp yşky goldaw bermese,
Ömür sürmek başardaýmaz her kese.

Şol bolmasa, galar ynsan görgüde,
Meňzär ol ganaty gyrlan bürgüde.

Töweregňi tümülk gaplasa, ýa-da
Bilmeseň gaçjagňy suwa ýa oda,

Hakykaty tapman, azaşyp ýörseň,
Kalbyň aýnasyna seredip gör sen.

Naýyň owazyna gulak asyň-da,
Boşadyň ruhy ten kapasyndan.

# DÜKANÇY HEM ONUŇ HOŞBOÝ YSLY ÝAGY DÖKEN TOTUGUŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Ir döwürde bir dükançy barmyşyn,
Mydam totuguşyn magtaýarmyşyn.

Iýenini haklaýanam şolmuşyn,
Dükanyny saklaýanam şolmuşyn.

Geläýse bir kişi almaga bir zat,
Halys bizar edýärmişin sakyrdap.

Bir gün işi çykyp, gitdi bir ýana,
Totusyny sakçy goýup dükana.

Dürli-dümen barja harydy saklap,
Oturka töwerek-daşa ýaltaklap,

Bir pişigi görüp, haýaty göçdi,
Haryd-a hiç, hatda janyndan geçdi.

Harytlaryň arasynda bukuldy,
Şonda çetde duran çüýşe ýykyldy.

Hoşboý ysly ýag bardy oň içinde,
Dukançy öwrülip gelse haçan-da,

Bolan işi görüp, gahary geldi,
Penjeläp, totunyň hüpügni ýoldy.

Toty ýarylara gelip gahardan,
Kes-kelläm ýüz sowdy suwdan, nahardan.

Kellesiniň kelligine kejikdi,
Uzakly gününi dymyp geçirdi.

Hojaýyn gynanyp beýle ahwala,
Edil düşen ýaly çykgynsyz hala,

Guşuna ýalbardy: «Eý, mähribanym,
Dil aç ahyr, beýdip örteme janym.

Sen-rysgal-döwletim, gözüm nurusyň,
Seň hüpügňi üten elim gurasyn!»

«Sizem doga okaň, guşum dil açsyn,
Ýene döwran dönsün, bagtym gül açsyn!»

Diýip, çaga ýaly boýnuny burup,
Derwüşlere ýüzlendi ol ýalbaryp.

Ýöne geplemedi onuň kel guşy,
Dowam etdi durdy gamly durmuşy.

Bir günem bir derwüş barýarka geçip,
Birden başyndaky telpegi gaçyp,

Onuň kel kellesi ýalaňaçlandy,
Muny görüp, guşuň göwni hoşlandy.

Soňam gygyrypdyr: «Eý, derwüş, eşit,
Seň sypatyň näme, beýle üýtgeşik?

Senem hojaýynyň ýagyny döküp,
Ýörmüsiň men ýaly jezaňy çekip?»

Adamlar geň galyp onuň sözlerne,
Gülüşdiler ýaş aýlaýyp gözlerne...

Kä zatlar bir-birne etse-de çalym,
Hut şoldur öýtmekden ägäräk boluň.

Kä kişiň kä zada düşünşi ýalan,
«Weli–diýipdirler–özüni bilen».

Zat-zada çalymdaş, adam-adama,
Ynanaýmak bolmaz, gören badyňa.

Bar, namazhon, takwamyşyň diýeli,
Şonda-da, däl-ä sen pir ýa-da weli.

Bir ýagdaýy akly bolan bilýändir:
Görseňiz, sährada meňzeş gül kändir.

Ýöne şolardanam ýylanlar-zäher,
Arylardan bal alýandyr her mahal.

Iýseler-de şol bir meňzeş otlary,
Deň däldir haýwanlaň hereketleri.

Ýatlaýyň oýlanyp oturman uzak-
Biri-süýt berýändir, beýleki-tezek...

Oýlan-da, hemmesin salyber ýada,
Şu kysmy mysallar kändir dünýäde.

## BIR HALYFYŇ LEÝLÄ BEREN SOWALY HEM ONDAN ALAN JOGABY HAKYNDA TYMSAL

Halyf Leýlä diýen: «Kaýsyň sen diýip,
Dagda, düzde entäp ýörmegi haýp.

Men-ä bakyp seniň görk-görmegňe,
Geň galýan oň Mejnun bolup ýörmegne».

Leýli oňa beren şeýle jogaby:
«Bilseň, herki zadyň bardyr sebäbi.

Daşdan, içden känem bolsa synlaýan,
Meniň görküm diňe Mejnuna aýan.

Şoň boýnunda meň yşkymyň webaly,
Bir şol maňa iki dünýä wepaly.

Kim-baý, kimler-döwüm nana zar bolar,
Kimleň gözi açyk, aňy kör bolar.

Kime akyl-paýhas-göwün hoşlugy,
Kimler saýlap alar dälibaşlygy.

Hakykat hemişe göýä bir çapar,
Ynamy güýçlüleň gapysyn kakar.

Öwrülip öz bähbidiniň guluna,
Guwanyp baýlygna-mal-u-puluna,

Ýörenlere geňdir Mejnunyň haly,
Her kime dogrudyr öz saýlan ýoly.

Kynçylykdan gorkup, aňsada bakan
Durmuşda ahyry utulýar eken.

Synla gökde ganat gerýän bir guşy,
Kölegesi-oň ýerdäki görnüşi.

Hiç many ýok guşuň kölegesinde,
Sen ony uzak gün kowalasaň-da,

Tutaryn diýp, asla etmegin hyýal,
Çünki ol – kölege, guşuň özi däl.

Sen ony kowalap, bilmäňsoň tutup,
Öldürerin öýdýäň ýaýdan ok atyp.

Bir ok goýman, boşatsaň-da okdanda,
Kölge-gaýyp bolar, guşam-asmanda.

## ÝAKYMSYZ SESLI AZANÇY HAKYNDA HEKAÝAT

Azan aýtmaga ol höweslidi,
Ýöne ýakymsyz hem zorruk seslidi.

Sesi hoş ýakýandyr öýdüp hamana,
Agşam, ertir gygyrardy azana.

Il bizar bolandyr öýtmän sähel,
Adamlary örüzerdi bimahal.

Günleriň birinde şäheriň halky
Sabyr käseleri dolandyr, belki

Diýip – mundan beýläk bermerin azar–
Ondan dynmaklygy etdiler karar.

Ilden-günden ýygnap ep-esli puly,
Azançyň gaşynda gowşuryp goly,

Diýdiler: «Eý, Allaň söen bendesi,
Seňki dek ýakymly, mylaýym sesi

Bilýäris biz eşideniň ýokdugny,
Bilýäris biz seniň ýeke-täkdigňi.

Sen şu puly al-da, basym ýola düş,
Özge illeriňem dadyna ýetiş.

Goý, olaram diňläp seniň azanyň,
Säher turup okasynlar namazyn!»

Azançy ol puly jübsüne salyp,
Käbä barýan bir kerwene dakylyp,

Barýan wagty ine, günleň bir güni
Olaryň ýol söküp barýan kerweni

Duş geleni üçin barýan ýolunda,
Ýük ýazdyrýar kapyrlaryň ilinde.

Azançy gaýtalap öňki endigin,
Tanatmakçy bolýar ile kimdigin.

Bat berip ýakymsyz, zorruk sesine
Daň bilen azana gygyrýar ýene.

Ýoldaşlary oňa diýýärler şeýle:
«Gadyrdan, rehim et, gygyrma beýle.

Kapyry özüňe duşman saýmaly,
Bulardan her zada garaşaýmaly.

Seň sesiň gaharny getirer bulaň,
Gaçalyň bu ýerden ýuwaşlyk bilen».

Şol wagt bir adam peýda bolupdyr,
Özem azançyny gözläp gelipdir.

«Hany, nirede ol azançy adam?
Gutardy ol meni agyr beladan».

«Seniň bu sözlerňe ynanaýmak kyn,
Munda başga syryň bolmagy mümkin» -

Diýip, geň galanda kerwendäkiler,
Ol aýdypdyr: «Çynym sözlesem eger,

Meniň bir gyzym bar, biler bolsaňyz,
Ýagdaýymdan habar alar bolsaňyz,

Ana, şol perzendim-jigermiň bendi
Köpden bäri geň bir hyýala mündi.

Piçjiň atyp biziň öz dinimize,
Öwürdi ýüzüni yslama-size.

Özelenip kän ýalbardym, etmedi,
Beren öwüt-pentlerimi tutmady.

Hasrat hemram boldy, reňkim saraldy,
Gysyldym, gowruldym, dünýäm daraldy.

Bir günem bar zada gaçyp höwesim
Otyrkam, eşitdim azançyň sesin.

Gyzym meň ýanyma geldi-de şo hal,
Sorady: «Bu niçik ýigrenji owaz?»

«Her gün säher örüp şeýle azana,
Musulmanlar durýar-diýdim-namaza».

Ol diýdi: «Azançyň ýakymsyz sesin,
Eşidip, ol dine gaçdy höwesim».

Şeýdibem, öz asyl dinin saklady,
Muny görüp, göwnüm ganat bekledi.

Rahatlyk tapdy gussaly kalbym,
Şoň üçin begenip, şu ýere geldim.

Eý, ýakymsyz sesli eziz gardaşym,
Seň ýoluňda gurban bolsun bu basym!

Gutaranyň üçin gussadan-gamdan,
Ölünçäm minnetdar bolaryn senden.

Soltan bolan bolsam, halasgärim dek,
Agzyňy tylladan doldurjagym hak».

## EŞEK HEM GÜRMEK HAKYNDA HEKAÝAT

Şeýle hekaýat bar: günleň bir güni
Kyn ýagdaýa düşdi eşek görgüli.

Guýrugnyň astyna gürmek ýapyşdy,
Şeýdibem, biçäräň mazasy gaçdy.

Eşek jyrtlap gördi, agynap gördi,
Gaýta öňküdenem agraldy derdi.

Bar eden azaby boldy tersine,
Birden kimdir biri depdi syrtyna.

Eşegiň şunça wagt mazasyn alan
Gürmek aýrylaýdy aňsatlyk bilen.

Oň agyrly jany rahatlyk tapdy...
Şöhrat saňa, dertden gutarýan depgi!

## BAŞYNA GIDEN HASSA HEM-DE ONUŇ SAGALJAGYNA YNAMY ÝOK TEBIP HAKYNDA HEKAÝAT

Tebibiň ýanyna bir hassa geldi,
Diýdi: «Bilgirligiň bar kişä belli.

Tutup görüp damaryndan bilegmiň,
Oň ýürege çatykdygny bilermiň?»

Tebip berjaý edip onuň aýdanyn,
Bada kesgitledi hassaň ýagdaýyn.

O biçäräň halys ysgynny alan
Dert dep boljak däldi bejermek bilen.

«Halyň harap» diýip aýdaýman göni,
Tebip diýdi oňa: «Diňle sen meni.

Derdiňden gutulmak isleseň eger,
Sen göwnüňe näme gelse, ediber.

Ýöne herki zadyň bil sen çenini,
Şeýtseň, alyp bolar derdiň öňüni.

Biler bolsaň, meň şu diýýänlem hakda
Aýdylýar hut keramatly aýatda.»

«Hoş sözleriň üçin Alla ýalkasyn,
Belki-de, derdimden dynaryn basym.»

Diýdi-de, ol syryp derýanyň boýun,
Ugrady hiç hili derdi ýok deýin.

Söz berensoň ol tebibiň öňünde,
Göwne gelen işi etmek küýünde.

Derýany ýakalap gidiberdi ol,
Bir sopunyň oturanny gördi ol.

Seretse, dünýäden bihabar adam
El-ýüzüni ýuwup otyr derýadan.

Maňa: «Haýsy zady göwnüňe düwseň,
Ediber» diýleni ýalanmy eýsem?

Sopyň arka tarapyndan bardy ol,
Duýman durka ýeňsesine çaldy ol.

Sopy uran kişä geň galyp bakdy,
Bada-bat almatyn berip biljekdi.

Ýöne keşbin synlap ol yşaratyň,
Dözmezçilik edip, üýtgetdi netin.

«Görnüp dur-a munuň çalajandygy,
Ysgyn-mydary ýok, gury syndygy

Men-ä ursam, büem ýatsa serrelip,
Galaryn ajalna sebäpkär bolup.

Gaýtargy bermäge bolsa-da hakym,
Sypatyny görüp, üýtgedi netim.

Muň ýagdaýnam, öz ýagdaýmam bileýin,
Ýamandan boýumy satyn alaýyn.»

Gahary gelse-de, sypaýy gürläp,
Ony kazyň ýanna eltdi südürläp.

«Kazy hökmän adyl höküm çykarar,
Günäsin anyklap, jezasyn berer.

Kazy diýlen-adalatly bolmaly,
Şeýtany-da burça gabap bilmeli.

Mybam sarpa goýup haka, halala,
Ili çagyrmaly ol dogry ýola.

Onda adalatdan bolmasa nyşan,
Kösener hemişe ynsaply ynsan.»

Diýip, kaza ýüz tutmazdan öňürti
Sopy öz ýanyndan pikir öwürtdi.

Soň kaza ýüzlendi: «Ine, bu duran
Kezzaplykda Iblisdenem ötüren.

Bakma ýalan-ýaşryk wagyrdysyna,
Ýüz taýak urduryň ýagyrnysyna.

Eger öläge-de, gitse dowzaha,
Bolar muň işine mynasyp baha!»

Kazy diýdi: «Sende subutnama ýok,
Bil sen, gury sözden palaw bolanok.

Büý-ä kesel büren mysapyr kişi,
Subut et-dä, näme munuň etmişi?

Bu bir egbar düşen, çala jany bar,
Jeza buýurmakda näme many bar?

Seň talabyň – birne tötänden degen
Daşa jeza berjek bolmak bilen deň.»

«Seň sözleňden çykýar şeýleräk many –
Diýmek, uran däl-de, urlan günäli?»

Kazy diýdi oňa: «Garypmyň, baýmyň?
Arz edenňe görä, puluň bir barmy?»

Sopy diýdi: «Seniň netiňi bilýän,
Jübümde dört sany mis şaýlyk pul bar.»

Kazy diýdi: «Şol şaýlyklaň ikisin
Bu näsag biçärä eçil sen basym.

Iýer-içer ýaly bir zat almasa,
Horlugyndan öljeg-ä bu bolmasa!»

Diňläp sopy bilen kazyň gürrüňin,
Näsag öz ýanyndan ýüwürtdi göwün.

«Ýeňsesine şarpyk ýelmesem eger,
Belkem, kazam maňa az-kem pul berer?»

Ol kazyňam ýeňsesine suňşurdy,
Soň ýüzüne bakyp, mölerip durdy.

«Öň almytyn alan şu sopy bile
Senem şarpygymyň bahasyn töle!»

Şonda mekir kazy bilmän näderin,
Diýdi: «Sopy, oňam muzduny beriň!»

Eger şumluk bolsa ile edýäniň,
Bilip goý, hiç wagt gönenmez janyň.

Ýa-da özgä bir ýamanlyk edeňde,
Şonuň awusyny dadarsyň sen-de.

Birni ýakjak bolsaň – özüň bişersiň,
Özgä çukur gazsaň – özüň düşersiň.

## TÜRK ESGERI HEM KÜMSÜK TIKINÇI HAKYNDA HEKAÝAT

Tikinçilik diýlen şeýleräk bir kär,
Olaň kümsükligi äleme äşgär.

Olar hakda gülküli ýa gussaly
Gürrüňler kän goşguly ýa kyssaly.

Şol kümsüklik – olaň ikinji käri
Galman gelýär dünýe döräli bäri.

Bir gezek olara belet bir bende
Köpüň arasynda (ýeri gelende)

Olaň päli düzüw dälleri hakda,
Müşderilere gurýan allary hakda

Gürrüň berdi gen-taň zatlaryň känin,
Gulaklary galdy ony diňläniň.

Käbir kişi bolýar gürrüňe ökde,
Aýtsa-da ugursyz, ownuk zat hakda,

Eşdenni derekli, uly zat sanyp,
Diňleýär adamlar haýranlar galyp

Bar bolsa meýlisde gadyr bilmezler,
Sazandalar idili saz çalmazlar.

Az bolsa adamlaň gulak gerýäni
Basmaz barmaklary gerek perdäni.

Gürrüň diňleýänleň içinde biri –
Türküstanly esger häliden bäri.

Aňk bolup gürrüňçiň tapýan gepine,
Oňa sorag bilen ýüzlendi ine:

«Bu ýerdäki tikinçileň içinden
Haýsyny has ýeser saýýarsyň çyndan?»

Ili aldamakda zorlaň zorunyň –
Adyny tutdylar oňa biriniň.

Esger şeýle diýdi: «Walla, ynanyň
Onuňkydan döwüm rüstemdir meniň.

Meň elten matamdan tutsam bekime
Hatda sapak almaga-da çekiner.»

Biri diýdi: «Entek özüni görmän,
Ýesersirän bolup, öwünibermäň.

Kezzaplaň kezzabam ony görende,
Bolaýýar towşantüý, mysapyr bende.»

Esger diýdi: «Aldap bilse ol meni,
Wada edýän şu atymy bermegi!»

Kümsük tikinçiniň pikirini edip,
Esger uzak gije bilmedi ýatyp.

Ertesi bir bölek atlazy bilen
Ol esger tikinçiň ýanyna gelen.

Tikinçi ol ýigdi gören badyna,
Hoş söz baryn aýdyp onuň adyna, –

Alladan rysgal, bagt, rowaçlyk diläp,
Başlapdyr esgeriň ugun ýekeläp.

Sözleriň süýjüden süýjüsin saýlap,
Müşderiň başyny-gözüni aýlap,

Barha dili süýjäp, gepledigiçe,
Göz ýetiren onuň pekgedigine.

Esger oň sözlerniň ýetirip häsin,
Uzadypdyr ýanyndaky matasyn.

Diýen: «Meni güýmäp durma-da gepe,
Şundan bir donjagaz tikip ber, şepe.

Amatly bor ýaly söweşmek üçin,
Ýokarsy dar bolsun, aşagy-da giň.

Hopul-sopul bolsa, halamajagmy
Aýdýan kimem bolsaň, sylamajagmy!»

Tikinçi aýdypdyr: «Arkaýyn bol sen,
Iň ynsaply kişä duşanňy bil sen,»

Soňam gol gowşuryp, iki bükülip,
Barypdyr oň alkymyna dykylyp.

Atlazy bir eýläk, bir beýläk öwrüp,
Käte halymsyrap, käte-de öwnüp,

Ony ýalan-ýaşryk gepe güýmäpdir.
Garaz, bendäň başyn-gözün aýlapdyr.

Gürrüň tapyp gülküliden-gülküli,
Onuň halys agdyrypdyr eňkini.

Esger gülüp, gözün ýuman mahalda,
Tikinçi hem gypynç etmän sähel-de,

Öz göwresi bilen ýapyp öňüni,
Biçýän matasynyň bir bölegini.

Derrew hasyr-husur gizleýär eken.
Esger bu ýagdaýy bilmeýär eken.

Gülüp, gülüp gaçyp ysgyn mydardan,
Müşderi ýykylman oturdy zordan.

Esger arkan, ýüzün gaýşyp gülýärdi,
Tikinçem öz ederini bilýärdi.

Gözüne güýdüşip aňkaw esgeriň,
Bor-bolgusyz gepden doldurup serin,

Ýalt-ýult edip, töweregne bakýardy,
Mataň ýene bir bölegni bukýardy.

«Ýene ýaňkyň ýaly bir zat tap» diýip,
«Men şeýle gürrüňe höwesek» diýip,

Zol-zol haýyş edip, ugruna goýman,
Mataň eslisini aldyrdy eýýäm.

Şeýle diýdi oňa kümsük tikinçi:
«Sen gardaş, bir zady etmeli ünji.

Gowy bor öýdýärin bir zady bilseň,
Şu bolşuň dek ýene birsalym gülseň.

Bu mataňdan (oýun edip aýdamok),
Don-a däl, balagam çykar öýdemok.

Biler bolsaň, haýpym gelýär halyňa,
Bu gülküleň diňe öz zyýanyňa.

Duýdurmady diýip, käýinme erte,
Donuň saňa hem dar bolar, hem kelte.»

Gülmek aýyp zat däl, güleniň gowy,
Ýöne çenin-çakyn bileniň gowy.

Esger gülüp gereginden zyýada,
Atyny utduryp, galdy pyýada.

Kümsüge sataşyp, näme gördi ol?
Tyrryk dony bilen galyberdi ol.

## GARYNLARYNY DOÝURMAK ÜÇIN SOPULARYŇ ÖZ ÝOLDAŞLARYNYŇ EŞEGINI SATYŞLARY HAKYNDA HEKAÝAT

Sen bu hekaýaty sakla gursakda,
Ol köre-körlügin zyýany hakda.

Bir dili senaly Hudaýhon sopy
Düşledi bir jaýda ýol ugrundaky.

Bu ýerde oň köne tanşy ýaşardy,
Oňam bir hor düşen eşegi bardy.

Eşek öläýmesin – diýip – ajyndan,
Ugruna seredip başlady çyndan.

Garaz, hor eşegiň idegi etdi,
Ol gün-günden semräp, özüni tutdy.

Jaýy, maly goýup hyzmatkärine,
Sopy rowana boldy ýoluna,

Alnyňda niçiksi täleýiň baryn
Ýamanam däl owalyndan aňmanyň.

Şo golaýda it deý aç, hor derwüşler
Birnäçe gün bäri ýaşap ýörmüşler.

Bilýäris biz – erbet açlyk-horlugyň
Adamy her zada iterýänligin.

Baý adamyň bolşy özüňe mälim,
Aňmaz garyp-gasarlaryň ahwalyn.

Ana, şol derwüşler maslahat kylyp,
Özgäň eşegini satmakçy bolup,

Öz aralarynda dil düwüşdiler,
Şeýdibem, şum işe başyn goşdular.

Ol eşegi satyp, köp zat aldylar,
Iýer ýaly azyk-owkat aldylar.

Öz merhum tanşyny ýat eden sopy,
Onuň eşegini ideden sopy

Beýlekileň arasyna goşulup,
Gezip ýördi olaň biri dek bolup,

Aç derwüşler indi düýpden başgady,
Ýerli-ýerden şowhun turzup başlady.

«Dişimiziň kirin sorup ençe gün,
Ýetdik biz hetdine öljek-öljegiň.

O bela-ha başymyzdan sowuldy,
Bol iýip-içmäniň pursaty geldi.

Taňry dözmez öz ýaradan zadyna,
Alkyş baryn aýdýas onuň adyna.»

Iýip-içip, keýpden çykdy derwüşler,
Ol sopa-da gülüp bakdy derwüşler.

Hödür edip oňa hormatly orun,
Berdiler iýmitleň tagamly ýerin.

Gerk-gäbe doýup iýer-içerden,
Olar tans etmäge başlady birden.

Keýpi kök derwüşleň şaňňy sesinden,
Aýaklarnyň batly tapyrdysyndan

Haýran edip eşideni, göreni,
Tozan gaplap aldy daş-töweregi,

Ýaşansoňlar ömür gedaý durmaşda,
Öý-öwzarsyz hem eleşan görnüşde,

Käbir derwüşleriň garny doýsa, bes,
Şondan başda zady eýlemez höwes.

Bakman öz gözgyny ýagdaý-halyna,
Ýürek bilen uýup Hakyň ýoluna,

Şeýtanyň mekrine-alyna gitmän,
Dürs ýoldan sowulman ýörenler köp däl.

Köp derwüşler saýlasa-da bu ýoly,
Kalplary her hili şumlukdan doly.

Gizlin däl doklugyň oňat zatdygy,
Köpe çekdi derwüşleriň şatlygy.

Dep kakyp, ýer depip, serden geçdiler,
«Eşek ýitdi!» diýip, gygyryşdylar.

Bu şagal mesligniň şaýady bolan –
Biziň sopumyzam içinde olaň.

Kem galar ýaly däl hiç birisinden,
«Eşek ýitdi, eşek ýitdi!» sesinden

Jaýyň içi durşy bilen zenzele,
Olam deň gygyrýar derwüşler bile.

Şeýdip, gije geçdi, jahan ýagtyldy,
Indi ýola düşmek pursaty geldi.

Biziň sopumyzy goýup haýrana,
Dargady derwüşleň hersi bir ýana.

Olam ugramagyň pikirni edip,
Başlady dessine ýol şaýyn tutup.

Ol köne tanşynyň öýüne gelip,
Goşlarny eşege ýüklärmen bolup,

Barsa, eşek nire? Ýatagy boşdy,
Birden oň kalbyna gulgula düşdi.

Şo barmana hyzmatkäre sataşyp,
«Eşek hany»? diýdi ol dowla düşüp.

«Näme, maňa ýapjak bolýaňmy günä?
Dostlaň bilen satyp iýen özüň-ä.»

«Oýun etmän, dogrujaňy diý hany,
Men saňa tabşyryp gitdim-ä ony.

Bolan işi kaza düşündirersiň,
Ol seniň mynasyp jezaňy bersin.

El gatanyň üçin kişiň malyna,
Ýör, häzir gideli kazyň ýanyna!»

«Men-ä däl, şol aç derwüşleň öňünde
Durup bilmejegiň belli seniň-de.

Azapsyz iýmitiň bolup ýesiri,
Bolduň-a özüňem şolaryň biri...»

«Onda näme, meň ýanyma gelmediň?
Eşegiň ýitenni habar bermediň?

Habarňy bada-bat kaza ýetirip,
Haklaşardym olaň jezasyn berip.

Her haýsy bir ýana dargansoň olaň,
Boş somalyp galmak nähili bolar?»

«Synladym men siziň hemmejäňizi,
Diňledim men siziň zenzeläňizi.

Şolaň arasynda özüňem bardyň,
«Eşek ýitdi!» diýip, baý, gygyrýardyň.

Olaň arasynda ýöreňsoň beýdip,
Ynandym men özüň satansyň öýdüp.

Özüň ýaly akly jöwher kişiler
Eýle-beýle zady soraman, biler.»

Sopy diýdi: «Şeýtan aldy akylmy,
Bu bolan ýagdaýa özüm dahylly.

Gözlerim baglanyp, bulaşyp serim,
Arman, boş şowhuna aldanypdyryn.

Bähbit üçin Allany-da unutýan,
Wyždanyny, aryn-namysyn satýan

Bir kowçum arwahyň gidip alyna,
Men ikilik etdim dogry ýoluma.

Taňry berdi samsyklygmyň jezasyn.
Kör bir gezek aldyrarmyş hasasyn.

Almytymy aldym terse öýkünip,
Sakgal ezenok-da soňky tüýkülik!»

## BIR HOJAÝYNYŇ ÖZ GULLARYNY SYNAÝŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Birçak bir hojaýyn bazara gelen,
Iki sany arzan gul satyn alan.

Hijisinem tanamansoň idili,
Synap görmek üçin öz harydyny,

Olaň ikisinem gezek-gezegne
Gepledip görmegi düwdi ýüregne.

Aslynda, gep diýlip at berlen zada
Dürli hili garaýyş bar dünýäde.

Olaryň käbiri – asaldan süýji.
Käbirisi bolsa – zäherden ajy.

Ol gowumy, erbet-gerlip öňünde,
Örtüp durýar näme bolsa göwünde.

Söz-käte zäherdir, kä hazynadyr,
Onuň parhyn bilýän kişi danadyr.

Gullaň biri juda suhangöýmişin,
Ol söze başlapdyr dik tutup başyn.

Her sözüniň manysydyr saldamy
Haýrana goýupdyr diňlän adamy.

Ýolumyz tekiz däl – çarkandak, kötel,
Haýsy kişi ondan büdremän öter?

Gurhany okasaň päk yhlas bilen,
Bilersiň nirde çyn, nirede ýalan.

Dogry garap başarmasaň her zada,
Goşa görnüp biler asmanda Aý-da.

Şol Aýlaň birisi sowala meňzär,
Beýlekisi oňa jogaba meňzär.

Hakykaty biljek bolsaň sen eger,
Herki zada dogry gara, dogry gör.

Söhbet edýän wagtyň bir kişi bilen,
Eşidýän zatlaryň çynmy ýa ýalan –

Köre-kör uýaýman näme eşitseň,
Gowy bor her sözüň anygna ýetseň.

Eşideniň bolmaz göreniň deýin...
Başky gürrüňime gaýdyp geleýin.

Gepine diň salyp hojaýyn indi,
Akylly gul alanyna begendi.

Hojaýyn çagyrdy ikinji guly,
Ol edil ýanynda daýandam weli, –

Alyp onuň porsy, ýakymsyz ysyn,
Ýüz-gözüni çytyp, üýtgetdi tüýsün.

Bazardaky şonça gullaň içinden
Ony alanyna ökündi çyndan.

Burnun towlap, diýdi: «Haýyşym saňa,
Menden biraz daşyrakda dursana.

Aýrar ýaly bu ýigrenji ysyňy,
Tebibe görkezsek näderkä seni?

Gürrüň berip öz hünäriň hakynda,
«Hatdat boldum» diýipdiň bir gepiňde.

Garamazdan erbet ysyň baryna,
Begenýän men seniň bu hünäriňe.

Bite gahar edip, ýorgan otlaýan
Edýändir hemişe özüne zyýan.

Diýýän saňa – öz wepaly gulamma,
Gowuja ýuwnup gel git-de hammama!»

Soň birinji gula ýüzlendi: «Indi
Kalbym seniň bilen söhbete bendi.

Bilýan halallygňy, kalbyň päkdigni,
Gullaň arasynda taýyň ýokdugny.

Saňa oň garaýşy başga düýpden,
Gömdi seň üstüňi dürli aýypdan.

Onuň sen hakdaky sözlerniň baryn
Hut özüm-ä töhmet hasap edýärin.»

Gul diýdi: «Dostuma beled-ä menem,
Oň arassa kalby göýä bir çemen.

Gönümeldir, hiç bir öwrümi ýokdur,
Dogruçyldyr, ýalan gürrüňi ýokdyr.

Hemişe hoşgylaw, oňat pällidir,
Eýsem, ol adamyň gowsy dälmidir?

Köpden bäri tanyş, ýetik men teýne,
Onuň dogup-döräp ýasalşy şeýle.

Oň üçin özümi oda urar men,
Dostumy penalap, döşüm gerer men.

Ol men hakynda-da ýalan sözlemez,
Aýbymy-da göni aýdar, gizlemez.

Adam asla öz aýbyny bilmeýär,
Aýdaýsaňam, haýran galyp, geňleýär.

Ýöne başga birne keseden bakan
Oň kemin has gowy saýgarar eken.

Näçe synlasak-da özgeleň ýüzün,
Öz keşbimiz göze görnenok biziň.»

«Dur, seň sözleň çökder akyl ýeterden»,
Diýip, guluň sözün böldi ol birden.

Soň hojaýyn ýüzlendi öz guluna:
«Degýäňmi, degeňok beren puluma,

Ony sözlerinden aňaryn meger,
Maňa dostyň aýby hakda gürrüň ber!»

«Gönümellik onuň aýbynyň biri,
Kalbyndaky sözleň dilinde bary.

Oň ýene şeýleräk bir gylygy bar:
Hak iş üçin janyn bermäge taýýar.

Kä adamlar sähel ömri galanda,
Has dogrysy, öldüm-öldüm halynda.

Ömürlerniň paýawlanyn bilýärler,
Ýagşy kişi boljak bolan bolýarlar.

Görseňiz gözbaşdan gaýdýan suwy,
Derýa bolup, deňze guýmak arzuwy.

«Özüne nämeleň garaşýanyny
Biler her kim diňe Kyýamat güni.

Derňäp ähli günä, sogaplaryny,
Bererler mynasyp jogaplaryny.»

Diýip, Pygambermiz birçak aýdypdyr,
Oň sözüne ten bermezlik aýypdyr.

Biz köp wagt Haky unudyp, ýene
Bil baglaýas onuň rehmetine.

Belki-de siz bilýänsiňiz guwwasyň
Dür tapmak ugrunda edýän yhlasyn.

Ummanlaň teýini dörüp, kösenip,
Tapany sylag däl, kalba basalyk.

Bir zat berip, göz dikmäň-de muzdyna,
Ýagşylygy etjek boluň mugtuna.

Hantamalyk sizi oda salmasyn,
Salşykly çemçäni ýada salmasyn...

Soraňsoň, ýaşyryp ýörmän gursakda,
Şulary aýdasym gelýär ol hakda.

Dostum mydam ýagşy päl bilen gezýär,
Aýby özgezen däl, özünden gözlär.

Ol hemiňe iliň bähbidini arar,
Özgä däl, özüne gazaply darar.»

Hojaýyn ýene-de oň sözün kesdi:
«Ony magtabildiň, goý indi, besdir.

Eger meň gözüme ilse oň aýby,
Bolmaz bu sözleriň jinnek deý haýry.»

Gul diýdi: «Alladan ant içýän, ynan,
Çynym bilen aýdýan bu sözleri men.

Adamy toprakdan, suwdan ýaradan
Beýik Taňry hemme üçin gyradeň.

Bilgeşlin magtaman menem dostumy,
Sözledim ol hakda diňe rastymy.»

Suwa düşüp, aram tapyp janyna,
Geldi öwülýän gul bulaň ýanyna.

Hojaýyn ugradyp öňki guluny,
Edil gapdalynda oturtdy ony.

Diýdi: «Ýaňky giden dostyň hakynda
Dogruňy aýt maňa, zatdan çekinme.

Onuň sen barada aýdan geplerin
Diňläp, meň-ä halys çaşdy bu serim.»

«Başyňy ýaýkaýaň welin beýle sen,
Oň sözün maňa-da aýan eýle sen.»

«Oň diýen zatlarny gowsy, bilme sen,
Senden pis adam ýok ony diňleseň.

Adam däl-de, tüýs arwahdan bolan sen,
Açgöz, desmalçy sen, ähtiýalan sen.»

Ikinji gul bu sözleri eşdende,
Gahary joş urup, durmady çende.

«Oň özi aňrybaş ýigrenji biri,
Azdyr ony ýere gömseňem diri!

Ýükün tutup herki erbet gylykdan,
Onda nam-nyşan ýok adamçylykdan,

Ygrar, namys, ar ýok gyla sürtesi...»
Gitdigiçe, onuň batlandy sesi.

Hojaýyn geň galyp bolşuna onuň.
Diýdi: «Kimdigiňi bildim men seniň.

«Daşy jäjek, içi möjek» diýilýän
Adamyň sendigňi men indi bilýän.

Dostuň hakda aýdan sözlerňi diňläp,
Oňa däl-de, saňa barkýaryn geňläp.»

Biz öňdenem bilýäs – kalby garanyň
Keşbinde-de şeýle reňkiň baryn.

«Haýwanyň alasy daşynda bolar,
Adamyň alasy içinde bolar»

Diýen şeýle ajap, täsin nakyly
Ýatlasaň, manysy nähili uly!

Okara hernäçe owadan weli,
Many – oňa salnan zatda bolmaly.

Gözellik az salym egläp nazarňy,
Bendi eýlese-de akylňy, serňi,

Suw deý akyp geçer gider, daş galar,
Herki zatdan many galar, iş galar.

Deňziň düýbi doly balykgulakdan,
Ýöne dür tapaýmak agyrdyr çakdan,

Daşyndan synlasaň, bary meňzeşdir,
Dür birinde bardyr, galany boşdyr.

Adamlaryň bolşam edil şoň ýaly –
Kimseler – gury san, kim – duran many.

Synlan wagty almaz bilen kerpiji,
Tapawudyn duýar olaň her kişi.

Deňeseň eliň hem gözüň güýjini,
Özüňem ap-aňsat aňarsyň şuny:

El-ýanyňda ýatan zatlary tutar,
Emma gözüň welin äleme ýeter.

Aň barada aýdaňda-da, şeýledir –
Dem salymda giň äleme seýil eder.

## LUKMANDA DANALYGYŇ HEM KÄMILLIGIŇ ÝÜZE ÇYKYŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Gulunyň üýtgeşik zatlarny duýýan
Hojaýyn Lukmany ýanyndan goýman,

Hemişe tirkeşip, bileje gezdi,
Şol bolmasa, hatda iýip-içmezdi.

Çynlakaý iş ýüze çyksa eger-de,
Baryna Lukmanyň nepi degerdi.

Käte tagamlaňam iň gowy ýerni
Özi iýmän, ilki Lukmana berdi.

Gulunyň ýok wagty tutýan dek ýasy,
Iýip-içip, bolmazdy oň mazasy.

Bir gezek ol gawun iýmekçi boldy,
Gulunam çagyrdyp, derrew äkeldi.

Gawuny tizara dilimleşdirdi,
Ondan Lukmana-da birini berdi.

Iýip gutarmanka bir dilimini,
Gawundan doldurdy onuň öňüni.

Haky köýüp barýan bir husyt deýin,
Diýdi: «Hany, menem dadyp göreýin

Işdämen iýşiňi synlaňda seniň,
Ýaman däl ýaly-la tagamy munuň.»

Diýdi-de, gawuna agyz urdy ol,
Ondan lezzet däl-de, ezýet gördi ol.

Diliniň üstüni gabarçyk tutup,
Ýatdy ol bir sagat özünden gidip.

Soň nepesin dürsäp, diýdi guluna:
«Äkitjek bu gawun dogry ölüme.

Öt ýaly ajy bu, belki, awuly,
Nädip iýip bildiň munça gawuny?

Ne ýüzüňi çytdyň, ne ajy diýdiň,
Bu zakguny nädip bildirmän iýdiň?

Duşmanyň edäýjek işi edeniň,
Düşünip bilemok bolşuňa seniň.»

Lukman diýdi: «Maňa dostdugňy bilýän,
Goldap ýörsüň meni gözüňden salman.

Göwnüme ýaransoň edim-gylymyň
Hem-de maňa eden kän ýagşylygyň,

Seniň ýaly päk adamyň hödürlän
Ajy tagamy-da meň üçin derman.

Seň eliňden berlen herki tagamy
Ýüzün çytman iýse, guluň ne gamy?

Gudrat misden altyn döredip biler,
Hasratam köp zady öwredip biler.

Dünýede edilýän herki ýagşylyk
Şypa berýär köp dertlere em bolup.

Ugrun tapsaň, sirke öwrülýär mee,
Tikeniň awusyn duýanok düýe.

Ölüme buýrulan günäkär bende
Hoş bolar jelladyň rehmi inende.

Ýagşylyk nur saçsa yşyk dek bolup,
Gündizlige döner tüm garaňkylyk.

Käte şerdir öýdüp hasap edeniň
Haýra dönüp, göwnüň göterýär seniň.

Ýok bolsa kalbyňda haýryň tohumy,
Ýazyň gyşa döner, bilip göý şuny.

Ýüreginde haýryň tohumy barlar
Özlerni hökümdar hasap edýärler.

Şer – başagaýlykdyr, bilip goý şuny,
Bilimdedir haýyr işleň tohumy.»

## BIR LAÇYNYŇ BAÝGUŞLARYŇ ÝAŞAÝAN HARABALYGYNA BARŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Algyr laçyn bir gün saý-sebäp bilen
Baýguşlaň ýaşaýan ýerine gelen.

Belki, azaşandyr ýitirip ýolun,
Bärik öz erkine gelmäni mälim.

Baýguşlar laçynyň daşyny gallap,
Jakyrdaşypdyrlar esli mahallap.

«Biziň ýurdumyza bolup hyrydar
Gelen bolaýma sen, ýigrenji murdar?»

Laçyn şeýle diýen: «Düşüniň söze,
Mätäç däl men siziň harabaňyza.

Meniň beýle ýeri çekenok keşdim,
Siziň araňyza tötänden düşdüm.

Bu ýerlerde mekan tutjak guş däl men,
Hä diýmän, öz mesgenime uçýan men.

Barar-da, gonaryn eline şanyň,
Ana, şo ýer meň arzyly mekanym!»

Bir baýguş dillendi: «Bu örän mekir,
Belki, ýurdumyzy talamakçydyr?

Hälden bari otursa-da haly teň,
Her zat çykyp biler munuň ýalydan.

Bu guş dogrudanam, bolsa idili,
Dile alarmydy şanyň adyny?

Gezýän borly şan-şöhratyň yşgynda,
Şalyk näme barmyş munuň keşbinde?

Tutan bolup hökümdaryň adyny,
Görüň munuň samrap duran zadyny?

Bizi samsyk diýip bilýan bolmasyn?
Biziň üstümizden gülýän bolmasyn?

Güýç-kuwwatam-a ýok, bizdenem ejiz,
Men-ä beýle guşa duşamok heniz.»

Laçyn diýdi: «Şa çykanda şikara,
Meniň kuwwatymy beletden sora.

Aw mahaly süýnýän göýä bir peýkam,
Gören haýran galyp, başyny ýaýkar.

Şa ýanynyň wezir-wekili bilen
Meň yzymdan galman, eňýärler kileň.

Beýik hökümdaryň göwün hoşy men.
Iň söýgüli, iň arzyly guşy men.

Çäksiz asman meniň mesgenim-jaýym,
Sypdyrman alýaryn topulan awum.

Hatda ähli guşlaň şasy Huma-da
Ganat ýaýyp ýören wagtym howada,

Gözi gidip synlaýandyr bolşumy,
Awumy sypdyrman, kowup alşymy.

Sizem maňa ýetik belet dälsiňiz,
Bilseňiz, men duşmanyňyz däl siziň.

Her mahlugyň öz öýi, öz ili bar,
Öz täleýi, öz maksady, ýoly bar!»

## ÝATYRKA AGZYNDAN ÝYLAN GIREN ADAMY EMIRIŇ ÝENJIŞI HAKYNDA HEKAÝAT

Atly barýan emir günleň birinde
Seretse, bir kişi bagyň düýbünde

Hor çekip ýatyrmyş, agzam açykmyş,
Bir ýylan o bendäň kastyna çykmyş.

Ol kiçiräk ýylan çalasyn suwlup,
Gidipdir ýatanyň agzyna girip.

Ýetişmänsoň ol ýylany tutmagy,
Isläpdir ýatany halas etmegi.

Baryp oň ýanyna eli gamçyly,
Kebzesine ykjam çawlapdyr weli,

Ýatan kişi syçrap ýerinden turup,
Üstüne abanan emiri görüp,

Ýazzyny beripdir yzyn garaman,
Emirem gaçanyň yzyndan galman,

Söbügni sydyrdyp, kowup barýarmyş,
Ýençmegi ýüregne düwüp barýarmyş.

Gaçýan bir baglyga özün atypdyr,
Emirem yzyndan kowup ýetipdir.

«Gutularyn öýdüp, hyýal etme-de,
Çüýrük miweleri iý sen çöple-de!»

Diýip, dazarlypdyr gamçysyn bulap,
Gaçan biçäre-de, sojap, hykylap.

Çüýräp giden almalaryň ençesin
Zordan ýuwudypdyr çykarman sesin.

Aňyrsy almansoň, çäre agtaran,
Ögäp-ögäp, bar iýenni gaýtaran.

Soň çöküne düşüp atlyň öňünde,
Ýüzlenipdir: «Näme kastyň bar mende?

Maňa munuň ýaly ejir berenden,
Öldür-de; dyn-haýyş edýärin senden.

Ýetime-de beýle sütem edýän ýok,
Ýesire-de beýle sütem edýän ýok.

Beýdilenok hatda dinden çykanam,
Zulum-sütemiňi bes edäý senem!»

Emir gulak asman onuň zaryna,
Başlandyr ýene-de sütem-zoruna.

Çykan ýaly öldürmegiň kastyna,
Alypdyr bendäni gamçyň astyna.

Bende sypmaň çäresini agtaryp,
Iýen zatlaryny tiz-tiz gaýtaryp,

Käte ögäp, käte çygylyp, düwnüp
Ýörşüne, ýylanam çykypdyr suwlup.

Bu geňsi ýagdaýa gözi düşende,
Bar ejirni unudypdyr o bende.

Şatlygyndan ýaňa ýaşlap gözlerin,
Ýagdyryp başlapdyr alkyş sözlerin:

«Dertden gutarmagyň üýtgeşik tärin
Tapdyň sen. Kim borsuň, eý, halasgärim?

Meň halymy gören gözüňe gurban,
Nurana keşbiňe – ýüzüňe gurban.

Ýamanlyk okunyp, gamçyňdan gaçdym,
Näjaý sözlem üçin günämi geçgin.

Eşek höçjetligni eder-de, gaçar,
Hojaýynam onuň yzyna düşer.

Niýeti – ýagşylyk etmek bolsa-da,
Bela sataşmanka tutmak bolsa-da,

Eşek ony aňmaz, bu hemmä belli,
Meniňem ýagdaýym şo hili boldy.

Aýdan bolsaň urmagyň baş sebäbin,
Erkiňe bada-bat bolardym tabyn.

Bermezdim hiç hili samsyk sowaly,
Gaçmazdym jyrralyp häzirkim ýaly.

Urgulaň dert däl-de, dermandygyny,
Halas bolmaklyga permandygyny

Başda bilmändirin, hut häzir aňdym
Hem seni özüme halasgär sandym...»

Emir diýdi: «Aýtman hakykaty men,
Daramaly boldum saňa gaty men.

Men-ä görenimi aýdaýan bolsam,
Niçik bordy senem gorkuňdan ölseň?»

Elbetde, dananyň çalan şarpygy,
Samsyk kişiň öwgüsinden has gowy.

Dana adamlaryň zäheri meger,
Samsyklaň hödürlän balyna deger.

## BAZARDA ATYR SATYLÝAN ÝERDE ÇAŞAN DERI EÝLEÝJI HAKYNDA HEKAÝAT

Deri eýlemekde hünärmen bardy,
Bir gün işi çykyp, bazara bardy.

Hoşboý ysly atyr satylýan ýerde
O bende duýdansyz uçrady derde.

Her hili yslardan aýlanyp başy,
Birden çaşdy ýatyberdi ol kişi.

(Ýagşymy, ýamanmy) tomaşa bendi
Adam bary oň daşyna ýygnandy.

Ýatyr ol çäşerip, ýagdaýy agyr,
Märeke daşynda edýärdi gowur.

Biri diýdi: «Bu goh-galmagal nedir?
Başa her ne gelse, Allaň işidir.»

Başga biri onuň ýagdaýyn duýup,
Ýüzüne suw sepdi aýňalsyn diýip.

Olam ýöne suw däl, ýiti ysy bar,
Ysganyň bada-bat başyn aýlaýar.

Belki, şodur öňem derdiniň başy:
Ýatanyň ýakasyn ýyrtyp bir kişi,

Gamyş sürtäp boýnuna hem döşüne,
Başlady ozaldan belet işine.

Iki adam ony az-kem dikeldip,
Aloe şiresin burnuna eltip,

Ysgadan wagtlary diýdi bir tentek:
«Muň bolup ýatyş-a tirýek çeken dek.»

Alladan idinsiz hatda çöp başy
Gymyldamaýanyn bilýär her kişi.

Bilmänsoňlar derdiň sebäbin asyl,
Diýdiler: «Çagyryň munuň agasyn!»

Dogany haýdaşlap, ýüwrüp gelende,
Itiň pohy bardy onuň elinde.

Eger anyklasaň derdiň sebäbin,
Ýeňletmek kynam däl nähoşyň tabyn.

Em etmekçi bolup hassa doganna,
Elindäki pohdan ysgatdy oňa.

Kän wagtlap atyň ysyny alan
Öwrenşip bilenok başga ys bilen.

Köneler aýdypdyr: «Biliň, her haçan

Başga hiç zat däl-de, kiri-kir açar.»

«Belli zat-doganym öwrenişmedik
Ysyn ysgap, ýatyr özünden gidip.»

Diýip, dykgat bilen doganna bakdy,
Burnuna şol pohdan azajyk dykdy.

Soňam ony aýasynda owkalap,
Sürtdi endamyna çalan dek gülap.

Tanyş ys burnuna urup nähoşyň,
Gözlerini açyp, galdyrdy başyn.

Ysgynsyz bedenni kem-kemden dikläp,
Duranlaň ýüzüne bakdy ýaltaklap.

Ol-a porsy ysa öwrenen bende,
Aň-paýhasyň hoşboý ysyn alanda,

Özüni ýitirýär samsyk, aňkawam,
Gerekdir şol pursat tapbilen dogan.

## AHYRKY NETIJÄNI ÖŇÜNDEN AŇAN ZERGÄRIŇ ÇEKIM DAŞYNY SORAP GELEN GOŇŞUSYNA BEREN JOGABY HAKYNDA HEKAÝAT

Günleriň birinde ýöräp çalaja,
Zergäriň ýanyna gelip bir goja,

Diýdi: «Goňşy, kyn görmeseň eger sen,
Birki günlik çekim daşlarňy ber sen.

Öýümde bar meniň az-owlak tyllam,
Kösenýärin olaň agramny bilmän.

Şony anyklaýsam, bolmazdy zyýan,
Şoň üçinem, çekip görmek isleýän.»

Zergär şeýle diýen: «Gadyrdan goňşy,
Seniň päliň düzüw, niýetiň ýagşy.

Ony bermek kyn däl. Ýöne soňundan
Boljak işi bilip durun öňünden.

Saňa berer ýaly (şeýle ýagdaýym),
Sübsäň, hasaň ýokdugny aýdaýyn.»

Goja bu sözlere birhili boldy,
Gürlände, öňküden sesi gataldy:

«Ýokuşyrak gördüm gepiňi men-ä,
Senden sübse, hasa soran barmy nä?»

«Biler bolsaň, goňşy, köne sergär men,
Käbir boljak işi öňden görýän men.

Sen bir goja kişi, biliň bükülen,
Ah-wahyň, hyk-çokuň öýi sen kileň.

Düýbünden ýat saňa meniň hünärim,
Öýüňde ýygşyran gyzylyň baryn.

Elleriňi saňňyldadyp çekersiň,
Ownuk-uşaklarny ýere dökersiň.

Süpürip alaýyn-diýip-dessine,
Eňersiň ýene-de meniň üstüme.

Şol külke gyzylňy elemek üçin
Gersiň ýene hasa dilemek üçin.

Şol sorajak zatlaň welin mende ýok,
Soňun görmän, bir iş etmek bolanok.»

## BIR SOPUNYŇ KERWENSARAÝDAKY HYZMATKÄRE ÖZ EŞEGINE SERETMEGI TABŞYRYŞY HAKYNDA HEKAÝAT

Alys ýoldan ýadap, gijigip gelen
Sopy bir saraýda düşlärmen bolan.

Ol bir hyzmatkäriň ýanyna baryp,
Öz garry eşegini oňa tabşyryp,

Ýolagçylaň arasyna goşulýar,
Bu ýere gelenne köp hoşal bolýar.

Alys-ýakyn ýerden bu taýa gelen
Saraý dolumyşyn ýolagçy bilen.

Beýlekiler ýaly, töwerek-daşyn
Olam içgin-içgin synlaýarmyşyn.

Düýpsüz hazynadyr kitap diýilýän
Ýöne bir däbem bar ozaldan gelýän.

Yslamyň diregi bolan kitaby
Ýokdur sopularyň okamak däbi.

Olar paý-pyýada örteýip jany,
Syňsyraşyp, keşt ederler dünýäni.

Ýarandyr olara ejir, howp-hatar,
Şol zatlar kitabyň deregin tutar.

Olaryň arzuwlan pursaty geldi –
Sopulara çaýdyr nahar çekildi.

Palaw iýip başlaýmaly bolanda,
Eşegini ýada saldy o bende.

Hyzmatkäri tapyp, diýdi ol şeýle:
«Eşegme arpany köpüräk emle.»

«Olara seretmek biziň kärimiz ,
Şonuň bilen meşgul köpden bäri biz.»

«Eşegim garrydyr, bilip goý şuny,
Owradyp hem ezip bergin iýmini.

Agyr ýükden ýadawdyr ol görgüli,
Ot-çöp bilen sypaşdyrgyn böwrüni.»

«Kän ýyl boldy munda işläp ýörenim,
Şu ýer meniň gözüm açyp, görenim.

Myhmana, malyna hyzmat etmegi
Bilýän adam ýokdur bizlerden gowy.»

«Ýene-de bir berjek pendimi tutgun –
Oňa berjek suwňy az-kem ýylatgyn.»

«Hiç alada galmaň, haýyşym sizden,
Nägile bolan ýok hyzmatymyzdan.»

«Ýatjak ýerniň daşyn aýyryp gowy,
Unutma deregne çäge sepmegi.»

«Maňa zat öwretme, sesiňi kes-de,
Senden gowy bilýän özüm kän esse...»

«Aýrawergin içirgisin, gaňňasyn,
Endamy çalyksyn, süňňi ýeňlesin.»

«Seniň bu diýenňem edäýmek kyn däl,
Walla, eýt-beýdiňden sypmak mümkin däl.»

«Gijäň sowugyna üşäýmez ýaly,
Üstüne ol-bi zat atgyn mazaly.»

«How, gadyrdan, üstüm gömüp sargytdan,
Göwnüme bolmasa, aşýarsyň hetden.

Köp zatdan habardar alymam bolsaň,
Meňem öz işime zordugmy bil sen.

Indi köp ýyl bäri işim-aladam –
Eşeklere hyzmat edýärin mydam.

Seň tabşyryklarňy berjaý edere.
Gowsy, maňa rugsat ber gidere.»

Sypaýy baş atyp, ondan daşlaşdy,
Sopunyň birhili mazasy gaçdy.

Hyzmatkär dynan dek agyr azapdan,
Işini bada-bat çykaryp ýatdan,

Öz-özi hoş bolup misli bir çaga,
Şol sopuň bolşuny gürrüň bermäge.

Ugrady ýolunda kim gabat gelse,
Sargyt baryn eden sopumyz bolsa

Almak üçin gözleriniň awusyn,
Düşegni ýazynyp, uklady basym.

Rahadam ýatyp bilmedi bende,
Oraşan zatlary gördi düşende.

Eşegniň üstüne topulýar möjek,
Özi-de aç borly-zat goýman iýjek.

Janawer agsaklap, yza tesende,
Howpurgap, oýandy ol ýatan bende.

Ukusy şobada boldy zym-zyýat,
Doga okap başlady ol bada-bat:

«Eý, Allam, bendäňi beladan gutar,
Kyn günde kim meniň dadyma ýeter?

Näçe sargyt etdim hyzmatkäre men,
Aýdanym bolmady, tüýs biçäre men.

Oň meni ýigrenýän bolmagy mümkin,
Ýöne sebäp ýog-a beýtmegi üçin.

Adam hiç sebäpsiz bir iş tutmaýar,
Hatda melguna-da zyýan etmeýär.

Diňe iki jandar-ýylandyr içýan
Başarsalar, özgä ýetirer zyýan.

Möjek diýilýänem edil şoň ýaly –
Malyňy parçalap gitmek hyýaly.

Adam tapawutly bolup olardan
Zyýan etmeli däl sebäpsiz ýerden.

Hyzmatkäre şübhäm ýok däl meniň-de,
Bu – geçilmez hatam Allaň öňünde.»

Onuň bu şübhesi esassyz däldi,
Eşegi şol wagt gözgyny halda

Torba asaýmaly bolup süňkünden,
Gidipdi janawer halys eňkinden.

Garny hepbik ýaly, gözi çylpyklap,
Bilenokdy hatda süňňüni saklap.

Olam öz ýanyndan gepledýär için:
«Ýer ala-ýurt ala» diýilýäni çyn.

Eger-de hyzmatkär bolmasa gyrpa,
Tapylardy maňa bir gysym arpa.

Ejir üçin dörän jandar men, açyk,
Gutulma ýok borly kysmatdan gaçyp.»

Arpa nire? Hatda agyzdan galan
Hoş boljakdy tapsa bede ýa saman.

Ahyr muşakgatly gije-de ýetdi,
Älemi ýagtyldyp, nurly daň atdy.

Ir bilen haýdaşlap gelen hyzmatkär
Seretse, eşekde ýok ysgyn-mydar.

Eplenip ýatyrdy göýä küçen dek,
Özi-hä turarly däl onuň entek.

Ýatan janaweri goýman ugruna,
Hyzmatkär bat bilen depdi böwrüne.

Ony eýdip-beýdip turuzdy basym,
Düzetdi garnyna süýşen gaňňasyn.

Eşek biçäräniň dili, agzy ýok,
Derdini hiç kime sözläp bilenok.

Sopam il ugruna ir bilen turup,
Eşegini goýan ýerine baryp,

Barja goş-kötelni üstüne ýükläp,
Ýola düşdi oň böwrüne hürsekläp.

Zordan ýöräp barýan ysgynsyz eşek
Çökdi birden aýagyndan alnan dek.

Adamlar biçäräň daşyn gallaşyp,
Dikeltdiler ýerli-ýerden goldaşyp.

Öz ýanyndan dürli çak urup her kim,
Anyklajak boldy eşegiň derdin.

Biri «Toýnakdaky daşdandyr» diýdi,
Biri «Gulakdaky başdandyr» diýdi.

Ýene biri sopa dikip tiňkesin,
Barmagny çommaldyp, gataltdy sesin:

«Sen dälmi düýn gijäň bir wagtyna çen,
Eşegini magtap, ýürege düşen?»

Sopy diýdi: «Maňa igenmäň nedir?
Günäniň ählisi hyzmatkärdedir.

Janewere uzak gije ot bermän,
Nä hala salanny özüňem görýäň.»

...Berilýän boş söz kän. Bolsaň sen dana,
Tapjak bolgun saman içinden däne.

Gözleriňe garap, hatda arwaham
«Alla beýik» diýse, ahmal bolma sen.

Ol diňe göze çöp atmaga ökde,
Niýeti – uguňy ýekelemekde.

Ýigrenji neşeden keýpini köklän
Dostsurap, süýkense, ýüzüne bakmaň.

Bar kişä deň gadyr goýmajak boluň,
Ýagşyny, ýamany saýlajak boluň.

Kim ýaýaplap, epilse seň öňüňde,
Bilip goý, pyçagy bardyr ýeňinde.

Dostdur duşmanyny saýgarmaýanlar
Ahyry çykgynsyz kyn güne galar.

Ýada salyp bolşun şol hyzmatkäriň,
Gözle sen özüňi goramaň tärin.

Düýbi çüýrük sütünlere daýanma,
Özgeleriň hasratyna begenme.

## DOŇAN ÝYLANY ÖLÜDIR ÖÝDÜP, BAGDADA ELTEN MARGIR HAKYNDA HEKAÝAT

Men bu hekaýaty ençe ýyl ozal
Eşidipdim. Diňläp, senem many al.

Margir – ýagny, ýylan tutýan bir kişi,
Şonuň bilen eklenç edýän bir kişi

Endigne eýerip,ýylan tutmaga
Ugrady alysda görünýän daga.

Şeýle bir nakyl bar: «Agtaran-tapar»,
Her kim öz geregniň ugruna çykar.

Diýipdirler ýene: «Yhlasa-myrat»,
Ahyr ele düşer gözlenilýän zat.

Margirem hazyna agtarýan ýaly,
Aýlanyp ýör, ýylan tutmak hyýaly.

Gaýalardan süýşüp gaýdan galyň gar
Jülgeleriň eteginde agarýar.

Şol gar bilen gaýdan äpet ýylany
Tapdy ol. Seretse, ýok ýaly jany.

Begendi ol kişi: «Awum-a oňdy!»
Ýylany tegeläp, ýüp bilen daňdy.

Adam diýlen mahluk özün tanaman,
Pyglynyň gurbany bolýar kä zaman.

Ýa gymmat bahaly atlazdan geými
Jindä çalşar, duýmaz hiç hili müýni.

Özümiz ýylandan gorkunç bolsak-da,
Haýran galyp, gürrüň edýäs ol hakda.

Ili geň galdyrmak margire kada,
Ol ýylany alyp, gitdi Bagdada.

Ýylan uly, esli agramy bardy,
Margir ony zordan süýräp barýardy.

Çümýärdi ol süýji arzuw-hyýala:
«Adamlar aňk bolup bakar ýylana.

Bu eden ummasyz azabma derek
Maňa-da esli pul düşäýse gerek...»

Ine, ol ahyry şähere ýetdi,
Gören agzyn açyp, ýakasyn tutdy.

«Heniz beýle äpet ýylan görmändik,
Margiriňem zordugyna geň galdyk.

Gorkman, süýräp ýörşi geň-aý oň, walla.»
Diýip, gürrüň etdi giden mähelle.

Kim şeýle syn etdi, kimse pul berdi,
Garaz, il görmedik zadyny gördi.

Gaty kändi üýşen adamlaň sany,
Margir açyk ýerde goýup ýylany,

Üstüne-de tapan-tutanny atdy,
Ýylan gymyldaman kän wagt ýatdy.

Nurly Günem galyp barha ýokary,
Howry bilen çoýup başlady ýeri.

Örtükleň ýylsyna, Günüň çogyna,
Ýylanam janlanyp başlady, ana.

Garda, buzda doňan göwrä girip jan,
Kem-kemden oýandy sus ýatan ýylan.

Gymyldap ugrady guýrukdyr kelle,
Oň bolşuna gözi düşen mähelle

«Assa gaçan-namart» diýlişi ýaly,
Edil suwuň dagdan inişi ýaly,

Duran-duran ýerden ýazzyny berdi,
Giden meýdan ýöne ala güpürdi.

Zähresi ýarylan adamlar kileň
Çakyşyp, itişip bir-biri bilen,

Margiriň hut ýedi puştuna gargap,
Jyn gadan dek bolup, gitdiler dargap.

Ýylanyň eýesem gözün tegeläp,
Tas basgyda galyp, bolupdy heläk.

«Öz başyma satyn alyp belany,
Ölüdir öýdüp bu äpet ýylany,

Guzunyň möjegi oýarşy deýin,
Derde galdym. Indi näme edeýin?»

Diýip, ýaýdanjyrap duran margiri
Ýylan şo durşuna ýuwutdy diri.

Gerinjiräp, eýläk-beýläk towlandy,
Ol biçäräň süňkleri-de owrandy...

Betbagtlyk buzunda şol ýylan deýin,
Kalbyň uklap ýatan wagty arkaýyn.

Bir söý bilen oýarsaň aç nebsiňi,
Margiriň gününe salar ol seni.

Açgözlük ýylany janlansa eger,
Ömrüňe, abraýňa ýetirer zeper.

Şer işlere şert döredip, jan berseň,
Soň ömrüň durkuna ahmyr eder sen.

## «RUHUM ÄLEME ÝAÝRAR»

Bütin ömri hem döredijiligi ynsansöýüjiligiň belent ideýalaryna ýugrulan Jelaleddin Rumynyň dünýäden öteli bäri ýedi ýüz ýyldanam köp wagt geçdi. Şunça wagtyň dowamynda musulman Gündogarynyň ähli ýurtlarydan onuň mazaryna zyýarata gelýänleriň soňsuz akymynyň yzy üzülenok. Gündogaryň bu beýik akyldar şahyrlarynyň ömrüne, döredijiligine bagyşlanan ençeme düýpli işleri bilen tanalýan görnükli rus ýazyjysy hem türkşynasy Radiý Fiş ol baradaky belli roman-derňewinde beýik ussady mazarynyň üstünde bina edilen metjitde häzir muzeýiň döredilendigini, oňa-da her günde on alty müňe çenli adamyň zyýarata gelýändigini belleýär.

Şol döwürden bäri geçen şunça wagtyň içinde dürli dini ygtykatly, bütinleý gapma-garşy garaýyşlara uýýan adamlaryň arasynda ol hem onuň döredijiligi baradaky gyzgyn jedeller kiparlaman gelýär. Ony şahyr, sopy, filosof, din taglymatçysy, fakyh (dini kanunlary düşündirýän ruhany) we ş.m atlandyrýarlar. Jelaleddin Rumy hakynda biri beýlekini inkär edýän çapraz garaýyşlary öňe sürýänleriň hemmesi ahyrsoňunda bir hakykaty – onuň genial şahyrdygyny, gaýtalanmajak ussatlygyny, setirleriniň batyrgaý ideýalara ýugrulandygyny... biragyzdan boýun alýarlar.

Ölmez-ýitmez eserleri bilen adyny dünýä edebiýatynyň taryhyna ebedilik ýazan bu beýik şahyr Balhda (häzir – Owganystanyň demirgazygynda ýerleşýär) hijri sene hasabynyň 604-

nji ýylynyň rabeulawwal aýynyň 6-synda dünýä inipdir. Bu sene biziň häzirki ulanýan hasabymyzda 1207-nji ýylyň 30-njy sentýabryna gabat gelýär. Bu sene rus dilinde dürli ýyllarda neşir edilen işleriň hemmesinde birmeňzeş görnüşde berilýär. Ýöne diňe E.D. Jawelidzeniň „U istokow tureskoý literatury”, - „Türk edebiýatynyň gözbaşynda” („Mesniýereba” neşirýaty, Tbilisi, 1979) atly kitabynyň 13-nji sahypasynda görnükli türk edebiýatçysy Abdylbaky Gölpünarlynyň soňky döwürlerde möhüm çeşmelere salgylanyp, şahyryň doglan senesiniň 1184-nji ýyl diýlip görkezýändigi baradaky maglumat-da gabat gelmek bolýar.

Şahyryň ejesine Mömine hatyn, kakasyna bolsa Bahauddin Woled diýipdirler. Onuň kakasy öz döwrüniň örän ýokary derejedäki sowatly adamy bolany üçin „Soltan al-ulema” (Alymlaryň soltany) diýen belent derejä mynasyp bolupdyr. Tanymal kanun öwreniji hem sopy hökmünde, onuň ruhy ýakynlygy meşhur sopylaryň halypasy bolan beýik filosof Muhammet al-Gazalynyň dogany Ahmet Gazala baryp direýär. Bahauddin Weleddine dahylly bilimleri, şerigatyň kada-kanunlaryny düýpli özleşdirip, olary adamlara wagyz edipdir. Ol ençeme şägirtlerine tarykaty (ruhy kämilligiň ýollaryny) öwredipdir. Kakasynyň dini hem filosofik garaýyşlary, onuň ruhy taglymatyny özünde jemleýän „Magaryf” atly kitaby ýaş Jelaleddiniň dünýägaraýyşynyň kemala gelmegine, kämilleşmegine ullakan täsirini ýetiripdir.

Bahauddin Welediň garaýyşlary aglaba ýagdaýlarda öz ençeme döwürdeşleridir Horezmiň şasy Muhammediňki hem birnäçe klassik eserleriň awtory, Balhda ýaşan belli teolog /teologiýa – Hudaý hem-de dini dogmalar hakyndaky taglymat/ Fahreddin Razynyňky /1149 - 1210/ bilen çapraz gelipdir.

Käbir çeşmeleriň habary bermegine görä, şahyryň ata-babalary ol dogulmazyndan bir asyr ozal Balhda ornaşypdyrlar hem

Horezm şalarynyň köşgünde uly ormat-sarpadan peýdalanypdyrlar. Bu fakty şahyryň atasy Jelaleddin hatib Huseýiniň Horezmiň şasy Alauddin Muhammediň gyzyna öýlenendigi-de tassyklaýar.

Bahauddin Weled 1212-nji ýylda bütin maşgalasynam alyp, Mekge zyýarat etmek bahanasy bilen, Balhdan göçp gidýär. Şol wagt Jelaleddin bäş ýaşynda-da ýetmedik çaga eken. Bu göçüşligiň sebäbini käbir çeşmeler alymyň Muhammet şadyr Fehreddin Razy bilen oňuşmazlygynyň neyijesi diýip düşündirýärler. Suhangeýlik sungatyny kemsiz ele alan, köşkde-de, halk köpçüligiň arasynda-da uly abraý-hormata eýe bolan alymyň ol ikisi bilen mäşiniň bişişmezligi bu işiň soňunyň erbede ýazmak howpuny döredipdir. Sulhy almaýan adamynyň ýoguna ýanmagy hiç zatça görmeýän Muhammet şanyň gazabyndan ätiýaç edip hem „Ýagydan ýaý boýy” nakylyna eýerip. Bahauddin Weled „depegenden daşaryk” bolanyny kem görmändir. Galyberse-de, Muhammet şanyň özüni Allanyň ýerdäki kölegesi saýyp. Ural daglaryndan Pars aýlagyna. Hindiguşdan Ýefrat derýasyna çenli aralygy tutup ýatan ägirt uly döwletiň abadançylygy barada alada etmän, täze ýörüşe taýynlanan bolup ýöremegi, şanyň özüne hem beýleki köşk emeldarlaryna uly täsirini ýetirýän filosof Fahreddin Razybilen alagöz bolmagy... onuň şeýle karara gelmegine itergi beripdir. Köşgüň içindäki agzalalyklar, şanyň halkyň hiç bir gatlagyna bil baglap bilmezligi ýurda gara bulut ýaly abanyp gelýän howpy duýmazlyga salyp, onuň garşysyna deerli çäre görmezligi ýaly ýagdaýlaram öňküleriň üstüne urna bolýar. Bu zatlaryň bary Bahauddin Welediň kalbyndanärazylyk hem ýigrençduýgylaryny göredipdir. Käbir çeşmeler onuň ýurdy taşlap gitmeginiň düýp sebäbiniň şonuň yzýanynda ýüze çykan aýylganç uruşlar – mongol-tatar basybalyşlary bilen baglydygy baradaky pikire golýapýarlar. Dogrudanam, şol wagtlar Çingiz hanyň baş-

tutalygyndaky mongol-tatar goşunlary Horezmiň şasy Muhammediň /hökümdarlyk eden döwri 1200-1220-nji ýyllar/ imperýasynyň gündogar serheterine golaý gelipdir. Şanyň döwleti dolandyryşyndan göwni suw içmeýän alymyň ähli zady ölçerip-döküp, uruşlar zerarly ýurdyň başyndan inip biljek külpetleri öňünden aňan bolmagy-da gaty ahmaldyr.

Taryhy hronikalar Bahauddin Welediň Mekgä barýan ýolunyň Nişapuryň üstünden geçendigine, onuň şol ýerde düşläp, meşhur sopy şahyr Ferideddin Attar bilen duşaşandygy, onuň bolsa öz „Asrarnama” /”Syrlar kitaba”/ atly belli eserini körpe Jelaleddine sowgat berip, onuň kakasyna: „basym oglyň bütin dünýäde Hudaýy söýýänleriň kalbynda alaw ýakar” diýendigi barada maglumat berýärler.

Nişapuryň ugransoňlar, olar binäçe gün Bagdatda bolup, soň Mekge tarap ýola rowana bolýarlar. Haj parzyny berjaý edeninden soň Bahauddin Weled biraz wagt Damaskda ýaşaýar, soňra Malatiýä geçýär. Çaky, ol şäherde rahat ýaşara hem işlere amatly şertler bolmany üçin ol Arzinjan şäherinde mekan tutmagy ýüregine düwýär. Şol wagtlar şähere Mangujak türki dinastiýasyndan bolan Fahriddin Bahram şa hökümdarlyk edipdir. Ol şaherde dört ýyl ýaşansoň, Lorenda /häzir – Karaman/ şäherine geçýär. Şahyryň emiri Musa ony uly hormat bilen kabul edýär hem ýörite onuň üçin gurlan medresä müderris-mugallym edip belleýär. Lorandadaka Bahauddin Weled 1225-nji ýylda Jelaleddini samarkantly atly söwdagär Hoja Lalyň gyzy göwhere öýlendirýär. Bir ýyldan soň olaryň ogly bolup, adyna Soltan Weled dakýarlar. Soňra ol görnükli şahyr bolup ýetişýär hem atasy Bahauddin Weled bilen kakasy Jelaleddiniň Rumynyň goşgy bilen ýazylan terjimehallary bolan „Weledname” atly meşhur poemasyna döredýär.

Alymyň at-owazasy tizara Kiçi seljuklar döwletiniň paýtagty Konýa baryp ýetýär. Ol döwlet XII asyryň ortalaryna

Wizantiýa imperýasynyň uly bölegi bolan Kiçi Aziýany seljuk tükleriniň taýpalarynyň basyp almaklary netijesinde döräpdir. Soňra hiç göterijilere, ownuk ermeni kniýazlaryn ahem frank feodallaryna garşy uzaga çeken uruşlar netijesinde seljuklara özleriniň Kiçi Aziýadaky serhetlerini giňeltmek başardypdyr. „Beýik seljuklaryň" imperiýasy synandan soň Kiçi Aziýanyň hökümdarlary soltan titulyny alyp, özleriniň özbaşdaklygyny yglan edýärler. Hökümdarlaryň şol titulyndanam döwletiň başga belli ady – Rum soltanlygy döreýär. Rumuň soltanlary /Kiçi Aziýanyň seljuklar döwleti/ giçki döwürde seljuk taýpalarynyň nesilleri ýaly, hakyky türki atlary göteripdirler. Ýöne şol bir wagtyň özünde-de, öz atlaryna yslamdan öňki Eýranyň ýarym rowaýaty şalarynyň lakamlaryny goşupdyrlar. Keýhosrof , Keýkubad XII asyryň başlaryna gabat gelip, şol döwürde Kiçi Aziýanyň bütin territoriýasy diýen ýaly onuň düzümine giripdir. Musulmanlardyr haç getirijileriň arasynda uzaga çeken gazaply söweşler Siriýanyň üstünden geçýän söwda ýollarynyň howypły bolmagyna getirýär. Şeýlelikde, täjirleriň kerwenleri Kiçi Aziýanyň üstünden geçýän täze ýoly saýlamaga mejbur bolýarlar. Köp ýurtlardan gelýän kerwenleriň hasabyna söwdanyň giňlemegi Rumyň şäherleriniň barha baýlaşmagyna getiripdir. Şol baý şäherlere Orta Aziýanyň hem Eýranyň dürli künjiklerinden gowy durmuş arzuwlap, alymlar, arhitektorlar, şahyrlar köpçülikleýin gelip ugrapdyrlar. Olaryň şol şäherlere özlerine atmaklaryna serbäp bolan ýagdaýyň esaslarynyň biride baran ýerleriň ilatyny gyrgyna berip, ýurtlaryny weýran edýän mongol-tatar goşunlarynyň zalymlyklary bolupdyr. Şeýle adamlaryň toplanmagy bolsa, Kiçi Aziýada pars dilli edebiýatynyň, filosofiýanyň, sopuçylyk taglymatynyň hem orta asyr gündogarynyň beýleki ylymlarynyň ösmegine uly itergi beripdir. Bulardan başga-da, ol şäherlerde grekler, ermenler ýaly halklardan bolan hristiýanlar ep-esli mukdarda ýaşap

žiwopis, amaly-haşam sungatlarynyň ösmegine ýardam edipdirler. Kiçi Aziýanyň şäherleriň içinde Rum soltanlaryň paýtagty bolan Koniýa aýratyn saýlanypdyr. Ol Ýakyn Gündogaryň uly medeni hem syýasy merkezi bolupdyr. Şol düwürden biziň günlerimize gelip ýeten arhitektura ýadygärlikleri binägärlik tarapyndan gündogar stilinde salnyş, wizantiýa sungatynyň däpleriniň iň gowy nusgalaryny özüne jemläpdir. Konýede köp sanly uly medreseler, metjitler bolup, olara esasan, orta Aziýada hem Horasandan baran alymlardan sopular baştutanlyk edipdirler.

Bahauddin Welediň soltanlykda barha artýan at-abraýy soltan Alauddin Keýkubat (hökümdarlyk eden wagty – 1219-1237-nji ýyllar) ony Konýa çagyryp, paýtagtyň iň uly medresesine baş müderris – mugallym wezipesine bellemegine sebäp bolupdyr. Bu çakylyga razy bolan alym 1228-nji ýylda maşgalasy bilen Konýada megen tutýar. Diňe bir seljuk soltanyň merhemedi däl. Eýsem özüniň ägirt giň gözýetimi diniň kada-kanunlaryny, hukuk ylymlaryny hem sopuçylyk filosofiýasyny çuňňur bilmegi uzak Mewerennahrdan ýaňky gelen alnma hemmeleriň hormat-sarpa goýmagyna getiripdir. Ýaş Jelalleddine goýulýan sylag-sarpa-da kakasynyňkydan pes bolamdyr. Şol wagta çenli ol kakasyndan hem Siriýadyr Kiçi Aziýanyň dürli medreseleriniň mugallymlaryndan diňe bir musulman Gündogarynyň ylymlarynyň esaslaryny däl, eýsem, köp sanly antik hem orta asyr Ýewropa akyldarlarynyň filosofik taglymatlaryny-da özleşdiripdir. Bu taglymatlary şol döwürde haçly ýörüşlere gatnaşan hristian missionerleri – başga dinleriň arasynda dini propagandany geçirmän üçin hristian buthanasy tarapyndan iberilýän adamlar ýaýradypdyrlar.

1231-nji ýylda Bahauddin Weled aradan çykansoň, onuň ornuna Jelaleddin baş müderris belleýärler. Şondan bir ýyl geçensoň Bahauddin Welediň ýakyn dostlarynyň hem egin-

deşleriniň biri, meşhur alym, sopy Seýit Burhaneddin Muhakkyk Termezden Konýa gelýär. Dostunyň hatyrasyna aýat-töwir edeninden soň, ol onuň oglunyň geljegi barada aladalanyp ugraýar. Şeýlelikde, ol ýaş Jelaleddiniň ruhy halypasy bolýar.

1223-nji ýylda halypasynyň maslahaty boýunça Jelaleddin Rumy Halaba ugraýar. Onuň niýeti şol şäherdäki meşhur medreselerde öz bilimini artdyrmak bolupdyr. Halap şol döwürde Orta Gündogaryň uly alymlarynyň, şahyrlaryň, beýleki medeniýet wekilleriniň toplanan şäheri bolupdyr. Şolaryň arasynda alys Aldaluziýadan gelen, sopuçylyk taglymatynyň belli teoretigi Muhammet ibn Araby-da (1160-1240) bar eken.

Jelaleddin Rumy Halapda öz tanymal mugallymlary bilen şöhratlanýan Halawiýa medresesinde filosofiýadan hem tebigat ylymlaryndan bilimini kämilleşdiripdir, şol döwrüň görnükli sopulary bilen gatnaşykda bolupdyr. Şolaryň arasynda Muhammet Ibn al-Arabynyň bolan bolmagy-da juda ähtimal.

Halapda dert öýl bolanyndan soň Rumy şol wagtlar Gündogar ylmynyň hem filosofiýasynyň möhüm merkezleriniň biri bolan Damaska gidýär. Ol ýerde öz aňyny barha güýçli tolgundyrýan sopuçylyk taglymatynyň köp sanly akymlaryny düýpli özleşdirýär.

1240-njy ýylda ylym-bilimden kemsiz ýüküni tutan Jelaleddin Rumy Konýa dolanyp barýar. Ony öz halypasy, talyplar hem köşk emeldarlary güler ýüz bilen garşylaýarlar.

Ömrüniň ýene dert ýylyny medresede sapak berip, asudalykda geçiren Rumynyň durmuşynda 1224-nji ýylyň agyrynda uly öwrülişik ýüze çykýar. Bu ýagdaý şol ýylyň noýabr aýynyň ahyrynda diwanalyk edip ýören sopy Şemseddin Töwreziniň Konýa gelmegi bilen barlanyşykly. Şahsyýeti birgideni ynanyp bolmajak derejedäki köp sanly rowaýatlar bilen gurşalan bu sopunyň ömri häzire çenli syrlygyna galýar. Çeşmeleriň ýazmagyna görä, ol Töwrizde mata satýan edepdir.

Paranda (Guş) lakamyna eýe bolupdyr. Ähli aýdanlaryna doly boýun egýän okuwçylary ony keramatly, Hudaý bilen gyrylmak derejesine ýeten adam hasaplapdyrlar.

Jelaleddin Rumynyň terjimehalyny öwrenijiler onuň Şemseddin Töwrizi bilen birinji duşuşygy mahalynda bolup geçen täsin bir wakany mysal getirýärler. Medresedäki okuwy tamamlan Rumy okuwçylary bilen şäheriň köçelerinde aýlanyp ýörkä garaşylmadyk ýagdaýda Töwrizi bilen gabat gelipdir. Şonda töwrizi oňa: „Sen Muhammet pygamber bilen sopy Baýazidiň haýsyny has beýik hasaplaýaň?" diýip, kyn hem töwekgel sorag beripdir. Şamseddin Muhammet pygamber bilen Baýazidiň sözlerini mysal getirip,oňa garşy çykypdyr. Rumynyň terjimehalyny ýazan Aflaky onuň sözlerini eşiden Jelaleddiniň özünden gidip, ýykylanyny, birnäçe wagtdan soň huşuna gelen Rumynyň Töwrizini öz hüjresine äkidip, ol ýerde kyrk günläp onuň bilen ikiçäk söhberdeş bolanyny belleýär.

Ol ikisiniň ilkinji duşuşygy barada beýleki käbir çeşmelerde başgaçarak maglumatlaram duş gelmän duranok. Ýöne ol wersiýalaryňam manysy bar zada-Jelaleddiniň Rumynyň aňýynda düýpli özgerişligiň bolup geçendigine syrygýar. Şondan soň Rumy özüniň ylmy bilen bagly işlerini bes edip, medresede ders bermesini-de goýupdyr. Wagtyny bir ýere toplanyp, mistiki mazmunly gazallar aýdyşyp, ahyrynda-da ekotaw ýagdaýyna baryp ýetýän sopularyň arasynda geçiripdir. Namaza derek Rumy hem onuň okuwçylary saza goşup, göýä öňlerinde Hudaýyň keşbini görkezýär diýlip hasap eilýän syrly tanslary ýerine ýetiripdirler. Gepiň keltesi, Rumy lukgeligi bilen özüni sopuçylaga hem onuň ideýalaryny wagyz etmeklige bagyşlapdyr.

Şamseddin Töwrezi bilen duşuşykdan soň Rumynyň durmuşynda ýüze çykan bu düýpli hem duýdansyz öwrülişik onuň okuwçylarydyr yzyna eýerijileri serpmeden gaýdan ýaly

edipdir. Olaryň Töwrize bolan gahar-gazaplary gün-günden artypdyr. Halypalaryny öňkihalyna getiresleri gelipdir. Ahyrda-da olar ýurt söküp, sergezdanlyk edip ýören sopudan dynmagyň çäresini gizläp ugraýarlar. Muny Şamseddiniň özem açyk duýýar. Birinji gezek janyna kast etjek bolmalary başa barmansoň, özüniň uzak diri goýulmajagyny aňan Töwrizi 1246-njy ýylyň 11-nji martynda gizlen ýagdaýda Konýany terk edip, Damaska gidýär.

Özüniň „Şems" – „Älemiň nury" diýip atlandyrýan dostunyň duýdansyz ýitirim bolmagy Jelaleddin Rumy agyr täsir edýär. Birnäçe wagt geçeninden soň dostunyň Damaskdadygyny eşiden Rumy ogly Soltan Weledi oonuň ýanyna ugradyp, Konýa alyp gelmegi tabşyrýar. Haýyşy ýerine ýeten Rumy dostunyň dolanyp gelmegine örän şatlanýar. Ýöne onuň begenji uzaga çekmeýär. Şamseddin Töwriziniň üstüne ýene-de ölüp howpy abanýar. Ol ýene Konýany terk etmäge mejbur bolýar. 1247-nji ýylyň ortalarynda Töwrizi syrly ýagdaýda yzsyz-sorsuz hem mydamalyk ýitirim bolýar. Çaklanylyşyna görä, ol gizlin ýagdaýda öldürilip, guýa taşlanypdyr.

Dostunyň ýitirim bolamgy Ruma diýseň agyr bolýar. Şahyr dostuna bolan çäksiz söýgüsini köp sanly goşgularyna siňdirýär. Aslynda, onuň şahyrlyga baş urmagyny şu ýitgi bilen baglaýarlar.

Rum soltanlygynyň döwlet dini yslam bolupdyr. Ýöne ägirt giň territoriýada esaslandyrylan bu döwlet golaý geçmişde Wizantiýa degişli bolany üçin ilaty diňe gelmişek musulmanlardan ybarat bolman, onda hristian dinine uýýan beýleki ençeme halklaram ýaşapdyr. Olaryň köplügi seljuk soltanlaryny beýleki dinlere geçirimli bolmaga iteripdir. Ýurtda dini başgalaryň ýigrenilmegi-hä beýlede durdun, olar hatda birek-birek bilen gyzam alşyp-berşipdirler. Görnükli türkşynas „Kiçi Aziýanyň seljuklar döwleti" atly klassyky işiň awtory W.A. Gordlewskiý

bu barada söz açyp, şeýle ýazýar: „Kiçi Aziýada köne medeniýetiň esasynda musulman-hristian iki dinlilik ösüpdir hem berkäpdir.” Alymyň bu sözleriniž Jelaleddin Rumynyň ortadosal yslamyň çygryndan gaty daşa çykýan dünýegaraýyşy bilen bagly ençeme ýagdaýlara düşünmekde örän möhüm ähmiýeti bar.

Seljuk soltanlarynyň bu geçirimliligi dürli dini hereketleriň ýurduň ähli ýerine ýaýramagyna belli bir derejede erkinlik beripdir. Şol toparlaryň ençemesi yslam dininiň esaslarynyň gowşamagyna getiripdir. Resmi dine garşy duran akymlaryň birem sopuçylyk (sufizm) bolup, şol döwürde Konýada oňa Jelaleddin Rumy baştutanlyk edipdir.

Şahyryň ömrüniň soňky ýyllary onuň terjimehalyny ýazanlaryň hem oglunyň habar bermeklerine görä, Damaskdyr beýleki şäherlerden Şemseddin Töwrizini gözlemek bilen bagly bolupdyr. Ýöne hiç ýerden dostundan derek tapmansoň, tamasyny üzüp, ýene Konýa dolanyp gelýär hem-de öňküsi ýaly, sopularyň toparyna baştutanlyk etmegini dowam etdirýär. Ol sopularyň aglaba köpçüligi hünärmentlerden, şahyrdan hem onuň gyrak-çetlerinden bolan garyp gatlagyň wekillerinden ybarat bolupdyr. Olara ýolbaşçylyk etmek özüne barha kyn düşýäni üçin Rumy öz ýerine garyp gatlakdan bolan biriniň baştutan bolaryny isläpdir. Ahyram ol öz deregine zerger Salahiddin Zarkuby belleýär. Muny beýleki hünärmentleriň ençemesi duşmançylykly kabul etselerem, Rumydan çekinip, açyk hereket edip bilmändirler. Sopulara on ýyl baştutanlyk eden Salehiddin bilen Rumynyň arasyndaky dostluk barha berkeşipdir. Ýöne bu ýagdaý onçakly uzaga çekmändir. 1258-nji ýylyň 29-njy dekabrynda Salehiddin Zarkub aradan çykypdyr.

Bu ýitgä ýürekden gynanan şahyr dostunyň deregini tutup biljek mynasyp birini gözläp ugraýar. Bu gezek onuň nazary otuz bäş ýaşly Husameddin Hasan Çelabide eglenýär. Olaryň

egin-egne baryp bile işleşen ýyllary ikisiniňem ömrüdir döredijiliginde unudylmaz aýdyň sahypalaryň biri bolup galýar.

Husamiddiniň erjellik bilen eden haýyşy netijesinde Jelaleddin Rumy şol ýyllarda özüniň „Mesnewi” atly eserini döretmäge girişýär. Mesnewi – Gündogar halklarynyň poeziýasynda goşgy düzülüşiniň bir formasy bolup, „ikileme” diýmegi aňladýar. Her biri galyň alty kitapdan ybarat bu eser soňra diňe bir pars dilinde ýazylan edebiýatyň däl, eýsem tutuş dünýä edebiýatynyň iş naýbaşy eserleriniň birine öwrülýär. Bu eser onçakly uzak bolmadyk arakesmeler bilen on iki ýylyň dowamynda döredilipdir. Käbir çeşmelerde habar berlişine görä, şahyr bu eseriniň diňe on sekiz beýdini öz eli bilen ýazypdyr. Galanlaryny şahyryň öz dilinden ýazyp almak Husamiddiniň paýyna düşüpdir.

Beýik söz ussady Jelaleddin Rumynyň eserleriniň atlarynyň sanawy sähelçe-de bolsa, möçberi boýunça baha bereninde, ummasyzdyr. Şahyryň döredijiligi, onuň ähmiýeti hem dünýä edebiýatynyň taryhynda eýeleýän orny barada türk, pars, iňlis, rus dillerinde köpsanly düýpli işler döredildi. Onuň eserlerini düýäniň dürli dillerine terjime etmek hem ol barada tutumly ylmy-derňew işlerini ýazmak işi häzirem dowam etdirilýär.

Beýik şahyryň kyssa gürnüşinde ýazylan hem öz okuwçylary bilen söhbetlerini özünde jemleýän kitaby „fihi ma fihi” atlandyrylýar. Muny rus diline „W nýom to, şto w nýom” hem „Zdes to, şto zdes ýest” görnüşinde terjime edipdirler. Biziň pikirimizçe, bularyň birinji has şowly ýaly. Şoňa eýerip, bizem onuň adyny o diýen gelşikli bolmasa-da, „Munuň içindäkiler – munuň içindäkilerdir” diýen görnüşde alaýmasak, başga alajymyz ýok. Şahyryň „Mejlis-i saba” („Ýedi mejlis”) atly kyssa kitaby kiçi göwrümli wagyz-nesihat häsiýetli eserleri öz içine alýar. Şahyryň öz goşgularynyň hiç birinden mysal alma-

ýanlygyna esaslanyp, bu eseri onuň döredijiliginiň irki döwrüne degişlidir diýip hasap etmek mümkin. Onuň ýene bir kitaby „Maktubat” („Hatlar”) atlandyrylyp, ol ortaça göwrümi bir, iki sahypadan ybarat bolan dokumentleriň 145-sini özünde jemleýär.

Atlary agzalyp geçilen bu eserleriň şahyryň terjimehalyny hem dünýägaraýşynyň käbir taraplaryny öwrenmekde ägirt uly ähmiýeti bar. Şeýle-de bolsa, Rumynyň adyny ölmez-ýitmez derejä ýetiren eserleri „Diwan-i kebir” („Uly diwan”) hem „Mesnewi” atly alty kitapdan ybarat eseridir. Bularyň birinjisiniň „Diwan-i Şame-i Tabrizi” („Şame Töwreziniň diwany”) diýlip atlandyrylýan ýerleri-de bar. Diwan 3230 sany gazaly (35 000 setir), 44 kasydany (1700 setir), 2000 rubagyny özünde jemleýär. Şygyrlar diwanyna bu atlaryň ikisem şahyr düýäden ötensoň düzüjiler tarapyndan dakylypdyr. Atlaryň birinjisi diwanyň göwrüminiň ululygy bilen bagly. Onda altmyş müň setir çemesi goşgy bar. Ikinji wariant öz adyny onçakly ödenok diýlip hasap edilýär. Sebäbi ol diwanyň esasy mazmunynda sowarak geçýär. Ýagny, diwanda Şamseddin Töwrizi bilen baglanyşykly gazallaryň möçberi o diýen köp däl.

Jelaleddin Rumynyň 1966-njy ýylda Tähranda (Eýran) neşir edilen diwanynyň düzümi barada şuny aýtmak mümkin. Onda beýtleriň – ikilemeleriniň sany kyrk iki müňe, ýagny, 84 müň setire barabar. Şahyryň kitaba girizilen pars hem arap dillerinde döreden gazallarynyň, kasydalarynyň, kytgalarynyň sany üç müň üç ýüz almyş bäşe ýetýär. Bulardan başga-da, diwana şahyryň on dört terjigbendi hem iki müňe golaý rubagylary ýerleşdirilipdir.

„Uly diwana” girýän goşgularynyň hemmesini ol elli ýaşdan soň döredipdir. Ol poeziýa onçakly uly ähmiýetem bermändir, şahyr bolmaklygy öz öňünde maksat edibem goýmandyr. Okuwçylary bilen bir söhbetdeşlikde ol goşgy ýazmak-

lygyň aýyp hasap edilýän ýeri bolan Balhda ýaşanlygynda, şahyrlygyň ýele ýanyndanam barman, dini taglymaty wagyz ediji bolup ömrüni ötürjegini aýdypdyr. Bu ýerde – Kiçi Aziýada näme üçin goşgy ýazmak bilen meşgullanýanynyň sebäbini ol adamlaryň sazdyr şygyry gowy görýändikleri bilen düşündiripdir.

Onuň döwründe ýaşan ençeme köşk şahyrlary iliň derdi bilen dem alýan pikirleriň, oýlanmalaryň üstünde kelle döwmän, diňe hökümdary mahabatlandyrmak üçin üýtgeşik meňzetmeler gözläpdirler, rifmadyr-söz ýetmezçiliginden zeýrenipdirler. Jelaleddin Rumy o hili ömrüzaýa poeziýadan örän daşda durupdyr.

Elli ýaşynda ol özüni şahyr hem akyldar hökmünde akyl käsesi püre-pür dolan, kämilligiň çür başyna çykan adam hasaplapdyr. Döreden goşgulary musulman düýäsiniň iň çetki künjeklerine çenli ýaýrapdyr. Bu ýaş ol geçen bütin ömür ýoluny, şol ýolda aňyna siňdiren bilim-düşünjesini, Hakykat gözleginde çeken san-sanjaksyz ejer-azaplaryny paýhas eleginden geçirip, öz döwürdeşlerine hem gelejkki nesillere miras galdyrmak barada çynlakaý kelle döwüpdir. Bu pikirlerem ony „Mesnewi” kitabyny dörätmäge iterýär.

Şahyryň ömrüdir döredijiligini öňrenjileriň belleýişine görä, „Mesnewi” tutuş dünýä edebiýatynda öňem, soňam deňi-taýy bolmadyk eser. XX asyryň şahyrlaryna mahsus diýilýän täzeçillik baryp, XIII asyrda ýaşap geçen Rumyda gabat gelýär. Bu eser diňe bir şahyryň döredijiliginde däl, eýsem, tutuş pars dili edibiýatda aýratyn orun eýeleýär. Ony pars dilliedebiýatyň ösüşine ýetiren täsiriniň güýji hem il içinde meşhurlygy babatda Firdöwsiniň „Şanamasy”, Saadynyň „Gülistany” hem Hafiziň diwany bilen bir hatarda goýýarlar.

XIII asyryň ortalaryna çenli sopularyň arasynda Sanaýynyň „Hadikat-ul-hakikat” („Hakykat bagy”), Attaryň „Mantik-ul-

taýr” („Guşlaryň söhbeti”) atly eserleri uly meşhurlygy eýe bolupdyr. Husamiddin olary belli bir derejede könelen, möwritini ötüreňkirlän eserler hasap edip, täze, has döwrebap kitaby Jelaleddin Rumynyň ýazmagyna isläpdir. Edil onuň garaşyşy ýaly, Rumynyň „Mesnewesi” dürli dünýägaraýyşly giň okyjylar köpçüligiň iň söýün okaýan kitaplarynyň birine öwrülipdir.

Kitabyň möçberi barada dürli çeşmelerde dürlüçe maglumat berýär. Şolaryň käbirine ser salyp göreliň. „Ýigrimi bäş müň alty ýüz on sekiz ikilemäni özünde jemleýän alty tom kitap on bäş ýylyň dowamynda döredilipdir. „(Radiý Fiş, „Jelaleddin Rumy”, üçünji neşir. „Nauka” neşirýaty, Moskwa, 1987. „R. Nikolsonyň neir etdiren sekiz tomdan ybarat tankydy tekstinde „Mesnewi” 26632 beýtden, ýagny 53 264 setirden ybarat. Ol bütewi kompozitiýasy bolmadyk alty sany özbaşdak bölümden durýar. „(Rumy, Duşanbe, „Adib” neşirýaty, 1988. „Didaktiki stilde ýazylan „Mesnewi” („Ikileme”) atly kitapdan ybarat bolup, 3810-dan 4915-e çenli setiri özünde jemleýär. „(Uilýam K. Çittik, ” W poiskah skrytogo smysla” – „Gizlin manynyň gözleginde” Moskwa, „Ladomir” neşirýaty, 1995.

Öňden oýnaşykly düzülen plany bolmadyk bu kitap başga hiç hili kanuna däl-de, diňe erkinlik kanunyna tabyn edilipdir. Eserde diňe pikirleriň, ruhuň, aňlatmalaryň... erkinligi duýulýar.

Şahyryň pikirleri joşly deňziň tolkunlary ýaly, biri-biri bilen utgaşyp gidip otyr. Ol gerek ýerinde öz pikirlerini halk rowaýatlary, hekaýatlary, tymsallary, basnýalardyr anekdotlar arkaly berkidýär. „Pikir derýasynda akyl gämisini” (Magtymguly) erkana ýäzdürýän şahyryň filosofik oýlanmalary zynjyryň halkalary ýaly, biri-biri bilen sepleşip, uzalyp gidip oturyşyna, bir sapaga düzülýär. Şol sebäplem, bu eseriň käbir işlerde poema diýlip atlandyrylmagy ýöne ýere däl.

Eýsem, biu kitap näme hakynda? Ol – dünýäniň hem adam-

zadyň bütewidigi, bir jan, bir tendigi barada. Şol bir wagtyň özünde-de, düýäniň hem adamlaryň soňsuz dürli-dürlidigi barada. Adamyň beýikligi hem pes taraplary barada. Söýgi hem onuň çöwre ýüzi bolan ýigrenç barada!.. Gepiň keltesi, bu kitabyň näme hakyndadygyny düşündirmek üçin onuň öz möçberinde kitap ýazmaly.

„Mesnewiniňki” ýaly epiki ýaýrawly kitaby tutuş halklar asyrlaryň dowamynda döredýär. Ýöne köp halklaryň ertekilerini, rowaýatlaryny, hekaýatlaryny, tymsallaryny, nakyllarydyr anekdotlaryny... özünde jemleýän bu kitap bir adam tarapyndan döredilen. Muny aňyňa sygdyrmak aňsatiş däl. Orta asyrlarda bu eseriň „Pars dilinde ýazylan Kuran” diýlip atlandyrylmagy belki-de, hut şu agdaý bilen baglydyr.

Birneme soňrak „Mesnewini” „Sufizmiň entiklopediýasy”, „Öz döwrüniň folklorynyň entiklopediýasy” diýibem atlandyrypdyrlar. Ony başga-da her döwüre laýyklykda, dürlüçe atlandyrmak mümkin. Sebäbi, ol kitapda hemme zat bar. Ol – bütewiligi soňsuz dürlülikde ýüze çykýan dünýäniň özüne çalym edýär.

Adaty bolmadyk bu kitabyň ykbaly-da üýtgeşik. Dünýä ineniniň yzýanyndan ony ýatdan öwrenip ugrapdyrlar. Eýranda, Orta Aziýada, Hindistanda, öňi bilenem, Kiçi Aziýada Jelaleddin Rumynyň bu eserini öwrenýän hem düşündirýän „Dar-ul Mesnewi” atly ýörite mekdepler döredilipdir. „Mesnewiden” onlarça antologiýalar düzülipdir, arap, pars hem türk dillerinde ýüzlerçe tomdan ybarat düşündirişler döredilipdir.

Rumy bu eserinde Hindistanda, arap ýutlarynda, Eýranda, Orta Aziýada hem Wizantiýada döredilen edebi-filosofik eserleriň gaty köpüsi ýerlikli peýdalanypdyr. Gündogar halklarynyň, şeýle-de, grek, ermeni, gadymy Rim hem beýleki halklaryň folklory-da şahyr üçin gymmatly çeşme bolup hyzmat edipdir.

Rumy bu eserinde orta asyrlarda dini fanatizimiň agalyk eden döwründe ägirt uly progressiw ähmiýeti bolan batyrgaý filosofik pikirleri aýtmagy başarypdyr. Elbetde, şahyryň dialektikasynyň esasynda idealistik, sopuçylyk dünýägaraýşynyň ýatandygyny aýtmak gerek. Bu garaýyşyň tebigatyň hem jemgyýetiň ösüşiniň ylmu taýdan düşündirilişden düýpli tapawutlanýandygyny nygtap oturmagyň zerurlygy ýok.

Rumynyň konteptiýasyna laýyklykda, tebigat hemişe hereketde hem ösüşde. Şol ösüş prosesi bolsa hil taýdan özgerişler bilen pes basgançakdan belent basgançaga geçiş arkaly kesgitlenýär. Mysal üçin, organiki däl dünýä kem-kemden organiki – ösümlik dünýäsine, ol bolsa öz gezeginde, haýwanat dünýäsine geçýär. Şol düýäniň ösüşiniň ýokary derejesi – adam. Dünýäniň hereketi bolsa gapma-garşylyklaryň göreşinden ybarat.

Jelaleddin Rumynyň dialektika sistemasy öz gözbaşyny özünden öňki geçen akyldarlaryň – Gresiýanyň hem Rimiň, Arabystanyň, Hindistanyň, Hytaýyň filosoflarynyň işlerinden alyp gaýdýar.

Beýik nemes filosofy Gegel öz dialektiki metodyny gurmaga Rumynyň kömek edendigini belleýär. Ýöne öz döwrüniň ogly bolan Rumy Gegelden tapawutlylykda, öz pikirlerini anyk logiki kategoriýalaryň üsti bilen däl-de, şahyrana obrazlar arkaly beýan edýär. Bu babatda aýdylanda, şahyryň bütindünýä dartyş kanuny baradaky käbir pikirleri üns bererlikdir. Ol kanuny birnäçe asyr soňra beýik iňlis fizigi I. Nýuton (1643-1727) açdy hem ylmy yaýdan esaslandyrdy. Rumynyň pikiriçe, tebigatdaky ähli hadysalar özara baglanyşykly hem biri-biri bilen dartyşda. Şuňa laýyklykda, planetalar hem asman jisimleri, şeýle-de, zemin hersi ýz orbitasynda bolup, şol boýunça-da hereket edýär.

Elbetde, Jelaleddin Rumynyň filosofik garaýyşlary Gündo-

garyň beýleki beýik akyldarlary bolan farabynyňky, Ibn Sinanyňky ýa-da Ibn Ruşdaňky ýaly yzygiderli hem bütewi sistema salnan däl. Ýöne bu ýagdaý onuň filosofik garaýyşlarynyň ähmiýetini birjik-de kemeltmeýär.

Ömür hem ölüm, aň hem materiýa, ynsan hem ynsanyýet, giňişlik hem wagt – bu problemalar taryhyň bütin dowamynda gaty kän akyldarlaryň aňyny gozgalaňa salyp, dürlihili düşündirişlere eýe bolup geldi. Bularyň mundan beýlägem adamzat ýaşadygyça dowam etjegine şek ýok. Olary çözmek üçin edilen her bir synanyşyk, häzire çenli bolşy ýaly, kesgitli jogap däl-de, diňe hakykata golaýlaşma ýagdaýyndan aňry geçmez.

Durmuşyň kanunalaýyklylyklaryna akyl ýetirişimizi biz hakykat diýip atlandyrýarys. Öz ýaşan eýýamynyň perzendi bolan Rumy ony Hudaý diýip atlandyrýar. Şu ýerde onuň hem biziň ýagdaýymyzy anyk häsiýetlendirýän bir tymsala ýüzlenmek artykmaçlyk etmese gerek: Akyldaryň kellesinde oturan guşjagazyň ondan has alysdaky zatlary germegi onuň akyllylygynyň däl-de, belentde oturanyň netijesi. Şonuň üçin Rumynyň beýlekiliginiň öz ýaşan döwrüniň derejesine görä baha bermeli.

Beýik akyldar şahyryň ýaşan döwri Gündogardan mongol-tatar çozuşlarynyň, Günbatardan haçly ýörişleriň, din ugrundaky uruşlardyr fanatizimiň eýýamyna gabat gelýär. Şeýle döwürde ol adhmlary çydamlylyga çagyrypdyr. Hiç bir milleti dini ynançlary boýunça kemsitmän, deň gözde görüpdir, hormatlapdyr. Ol musulmandyr hristianyň, otparazdyr, butparazyň, baýdyr garybyň arasynda hiç hili çäk goýman, deň hukukly adamlar hasaplapdyr. Şahyr islendik adama diňe Kämillik derejesi, şoňa ýetmek ugrunda çekýän tagallasy boýunça baha beripdir. Özi-de ömürboýy şol Kämillige etmäge çalşypdyr.

Ylymyň, edebiýatyň, sungatyň islendik ugrundan ýokary kämillige ýetip, nesillere hiç wagt gadry gaçmajak miras gal-

dyrmagy başaran beýik şahsyýetler özüniň hem eden işleriniň derejesine, gymmatyna anyk göz ýetirýärler. Muny Jelaleddin Rumy-da bilipdir.

Bir gezek ol okuwçylarynyň biriniň ýanynda öz goşgulary barada söz açyp, şeýle sözleri dile getiripdir: „Alladan ant içýän, meniň goşgularyma siňen ruhum bütin älem-jahana ýaýrar...” Şahyradamzadyň bakydygyna, şol ýaşasa, özüniňem unudylmajagyna ynanypdyr. Muňa göz ýetirmek üçin şahyryň şu sözlerine salgylanmagam ýeterlik: „Biz suw ýaly akyp gidýäris, edil meý ýaly, halkyň ganyna siňýäris. Aýagymyzy uzadyp, baky uka gidäýsegem, biz barybir hereketimizi togtatmarys. Edil alyslara ugur alan ýelkenli gäminiň üstünde ýatan ýaly, ýolumyzy dowam etdireris...”

Onuň welilik satyp aýdan bu sözleri daşýany bilen dogry çykdy. Ine, sekiz asyra basalykly wagt bäri onuň goşgulary medreselerde, derwüşleriň üýşmeleňlerinde, ýokary suw jaýlarynda dillerden düşmän, ýaşap gelýär. Olary alymlar öwrenýär, bisowat daýhanalr ýat tutýar. Tutuş musulman dünýäsinde akyldar ýa-da şahyr hökmünde belli bir derejä ýeten adamlaryň arasynda Jelaleddin Rumynyň eserlerini bilmeýänini, özünde onuň täsirini duýmaýanyny tapaýmak başartmasa gerek.

XIX asyrda Eýranda bolup geçen halk gozgalaňynyň serdary Süleýman han jezalandyrylmaga alnyp barylýarka Rumynyň goşgularyny okapdyr diýen maglumat bar.

Jelaleddin Rumy eserlerini öz döwründe halkyň gürlän dili bolan pars dilinde ýazypdyr. Pars dili orta asyrlarda Ýakyn hem Orta Gündogarda milletara edebi dil bolup hyzmat edipdir. Ýewropa barada aýdylanda, edil şeýle hyzmat latyn diline degişli. Ýöne şahyryň arap dilinde ýazan goşgularam bar, grekçe, tükçe döreden setirleri-de duş gelýär.

Şahyryň ruhy mirasy diňe bir musulman ýurtlaryna däl, eýsem olardan has daşlara-da ýaýrapdyr. Öwge gysganç hasap-

lanylýan beýik nemes filosofy Gegel özüniň „Estatika” atly işinde Rumynyň döredejiligine ençeme gezek salgylanypdyr. „Ruhuň filosofiýasy” atly kitabynda bolsa onuň goşgularyndan kän mysallar alyp, awtoryň özüne-de „ajaýyp” diýip baha beripdir. Beýik nemes şahyry Gýotäniň „Günbatar-Gündogar diwan” atly belli kitabynda Ruma belent sarpa goýandygyny görmek bolýar. Görnükli Fransuz ýazyjysy Moris Bare Jelaleddin Rumynyň ömrüniň hem işleriniň özüne belli bolan şahyrlaryň hiç biriniňkä meňzemeýändigini belleýär. Bulardan tapawutlylykda, şahyryň öz ilinde – Eýranda, şeýle hem Pakistandyr Türkiýede hormatlanylşyny hiç zat bilen deňär ýaly däl.

Hindistanyň beýik şahyry hem filosofy Muhammet Ykbal (1877-1938) Rumyny özüniň ruhy halypasy hasaplapdyr. XX asyryň beýik türk şahyry Nazym Hikmet (1902-1963) barada-da hut şeýle sözleri aýtmak mümkin.

Jelaleddin Rumy özüni hem öz yzyna eýerijileri aşyk diýip atlandyrypdyr. Ilkinji türk aşyklarynyň biri bolan bir daýhan ýigit ylym öwrenmek maksady bilen Gara deňziň kenaryndan paý-pyýada Konýa barýar. Şahyryň ölmeziniň biraz öň ýanlarynda ýaňky ýigit onuň bilen söhbetdeşliklere gatnaşýar, goşgularyny öz agzyndan diňleýär. Şol ýigit soňra beýik türk-türkmen şahyry bolup ýetişen Ýunus Emre eken.

Şol döwürden bäri türk poeziýasy iki sany aýry şaha bölünýär. Olaryň biri – halk poeziýasynyň däplerini özünde jemleýän aşyklar poeziýasy, beýlekisi bolsa hökümdarlardyr han-begleriň gulaklaryna hoş ýakýan, olary öwüp, arşa çykarýan klassyky goşgular. Bularyň birinjisiniň gözbaşynda Ýunus Emre dur, ikinjisine bolsa Soltan Weled baştutanlyk edipdir. Ýöne bularyň ikisem Jelaleddin Rumy atly okeandan gözbaş alýar.

Entek özi diri wagtynda eserleri halk arasynda giňden ýaýran şahyr öz döwürdeşlerine-de, soňky nesillere-de güýçli täsirini ýetiripdir. Gündogar ýurtlarynyň beýik söz ussatlarynyň

köpüsiniň onuň adyny hormat bilan tutmagy-da bu aýdylana güwä geçýär. Bu temadan ýörite ylmy-barlag işi ýazylmasa-da, beýik ussadyň türkmen klassyk edebiýatyna ýetiren täsiriniň az-köp däldigini duýmak bolýar. Şol täsir öňki bilen Döwletmämmet Azadynyň „Wagzy-Azat” eserinden gözlense, ýalňyş bolmasa gerek. Beýik Magtymgulynyň „San bolsam” goşgusyndan çen tutsaň, onuň Abu Sagyt (Mähneýi), Omar Haýýam, Hemedany, Firdöwsi, Nyzamy, Hafyz... ýaly şahsyýetleriň hatarynda Jelaleddin Rumyny-da agzap, özüniň şolaryň hatarynda san bolmagy arzuw edendigini duýmak bolýar. Şu bendiň, has beterem, onuň soňky iki setiriniň dürli çeşmelerde dürli hili alnyp, haýsyna dogry diýjegiňi bilip bolmaz ýaly derejede üýtgedilýäni üçin, ony mysal almakdan saklanmagy dogry tapdyk. Mundan başga-da, „Yşyk mülküniň şasy” Mollanepesede „Köňlüm” atly goşgy bar. Käbir işlerde Mollanepesiňkidigine şübhelenilýän bu goşgudaky: „Rumuň gülşeni, hindi tawusy” diýen setiriň birinji böleginiň Jelaleddin Ruma degişlidigini nygtaýan edebiýatçylaryň bardygyny belläsimiz gelýär. Eger-de bu mesele çuňňur derňelse. Rumynyň täsirini başga şahyrlarymyzydanam tapyljagyna şübhämiz ýok.

Jelaleddin Rumy 1273-nji ýylyň 17-nji dekabrynda Konýada aradan çykýar. Ony dürli dinlere uýýan, dürli milletden bolan adamlar ullakan hormat-sarpa bilen jaýlapdyrlar. Onuň jesedi entek Alauddin Keýkubad I döwründe Jelaleddiniň kakasy Bahauddin Welediň Mazarynyň üsütne bina edilen mawzoleýde goýlupdyr. Biziň günlerimize çenlem saklanyp galan ol mawzoleý häzir Konýa şäheriniň iň ajaýyp arhitektura ýadygärlikleriniň hem adam akymynyň yzy üzülmeýän zyýarat gählериniň biri hasaplanýar.

**Kakabaý GURBANMYRADOW,**
*Şahyr, filologiýa ylymlarynyň kondidaty.*

# MAZMUNY

Ýolda köp büdreýän gatyryň düýe ýanynda zeýrenişi hakynda hekaýat

Itiň ýatak salnyşy hakynda hekaýat

Bir şägirdiň hasrat çekýän halypasyna öýkünişi hakynda hekaýat

Alym hem gämiçi hakynda hekaýat

Pil hakynda jedel

Sadaka soraýan gedaý hem husyt hojaýyn hakynda hekaýat

Kireýine jaý gözleýän adam hakynda hekaýat

Hökümdar hem halypa hakynda hekaýat

Är-aýalyň özara gürrüňiniň hekaýaty

Ddaýhan hem şir hakynda hekaýat

Şuňkaryň ördekleri köli taşlap, sähra gitmäge yrjak bolşy hakynda hekaýat

Daragt hem miweler hakynda tymsal

Erbetleriň şanyna doga okaýan molla hakynda hekaýat

Iýermen aýal hem onuň äri hakynda hekaýat

Ýol ugrunda tikenli ösümlik eken adam hakynda hekaýat

Näsag gojanyň tebibe arz edişi  hakynda hekaýat

Ogurlanan goýun hakynda hekaýat

Gullar, Lukman atly gul hem olaryň hojaýyny hakynda

hekaýat
Düýäniň, goýunyň hem öküziň jedeli
Iki halta ýük hakynda hekaýat
Möjekdir tilkiniň şir bilen awa gidişleri hakynda hekaýat
Soltan Mahmydyň öz wezir-wekillerini dür bilen synaýşy hakynda hekaýat
Soltan Mahmyt Gaznawynyň ogrulara goşulyşy hakynda hekaýat
Tora düşen guşjagazyň awça maslahat berşi hakynda hekaýat
Maslahat soran adam hakynda hekaýat
Takwa ogry hem bagban hakynda hekaýat
Dag goçy hakynda hekaýat
Gaýnag suwly gazana düşen nohutlar hakynda hekaýat
Hor düşen eşek hakynda hekaýat
Bakylyk daragtyny gözlän adam hakynda hekaýat
Süleýman patyşa hem ikatýok hakynda hekaýat
Çybynyň Süleýman patyşadan kömek soraýşy hakynda hekaýat
Ajaldan gaçan adam hakynda hekaýat
Hindistana giden söwdagär hem totunyň oňa sargydy hakynda hekaýat
Bir adamyň emirden at dileýşi hakynda hekaýat
Haýry şere öwürýän hökümdar hakynda hekaýat
Pygamberiň ädigini ogurlan bürgüt hakynda hekaýat
Dört adamyň biri-birine düşünmän eden dawasynyň hekaýaty
Serhoş türk serdarynyň bagşy diňleýşi hakynda hekaýat

Aşyk-magşugyň özara söhbetiniň hekaýaty
Guş, gurçuk hem pişik hakynda tymsal
Äpet selleli alym hem ogry hakynda hekaýat
Howdandaky üç balygyň başdan geçirenleri hakynda hekaýat
Arkasyna şiriň suratyny çekdiren kazwinli hakynda hekaýat
Bir oglanyň ölen kakasynyň başujynda aglaýşy hakynda hekaýat
Hoşniýetli aýy bilen dostlaşan samsyk hakynda hekaýat
Kerwen talanandan soň gygyrýan sakçy hakynda hekaýat
Gurbagadyr alakanyň söýgüsi hakynda hekaýat
Bag eýesiniň sopynyň, alymyň we öwladyň agyzlaryny alardyşy hakynda hekaýat
Pygamberiň bir ýaş ýigidi goşunbaşy belleýşi hakynda hekaýat
Ogryny kowalap barýan hojaýyn hem gapdaldan gygyryp, oňa päsgel beren adam hakynda hekaýat
Urup terbiýe bermegiň peýdasy hakynda hekaýat
Mejnun hakynda hekaýat
Düýe ogurlan syçan hakynda hekaýat
Rumlular bilen hytaýlylaryň jedeli hakynda hekaýat
Ýangyn
Bir teşnäniň akar suwa beýik diwardan kerpiç zyňyşy hakynda hekaýat
Bir obalynyň şäherlini öýüne myhmançylyga çagyryp, aldaýşy hakynda hekaýat
Özüni dok görkezjek bolup, agzyna ýag çalýan adam

hakynda hekaýat
Mäşbürünç sakgally kişi hem dellek hakynda hekaýat
Sözünde tapylmadyk derwüş hakynda hakaýat
Emir hem onuň Sonkur atly guly hakynda hekaýat
Aýalyny öýünde biwepalykda tutan sopy hakynda hekaýat
Şanyň bir şahyry sylaglaýşy hem Hasan atly weziriň ony on esse artdyryşy hakynda hekaýat
Şol şahyryň birnäçe ýyldan soň patyşa öwgüli goşgy eltişi hakynda hekaýat
Tilki, şir hem eşek hakynda hekaýat
Harmandan ýekeje däne alyp gaýdan garynja hakynda hekaýat
Bir şanyň kanunçy alymy meýlise çagyryşy hem onuň serhoş bolşy hakynda hekaýat
Gündiz eli şemli adam gözleýän hristian ruhanysy hakynda hekaýat
Ussa hem onuň çaşy şägirdi hakynda hekaýat
Adamlaryň Mejnuny Leýliden sowaşdyrjak boluşlary hakynda hekaýat
Ýaryna garaşan ýigit hakynda hekaýat
Naýyň owazy
Dükançy hem onuň hoşboý ysly ýagy döken totuguşy hakynda hekaýat
Bir halyfyň Leýlä beren sowaly hem ondan alan jogaby hakynda tymsal
Ýakymsyz sesli azançy hakynda hekaýat
Eşek hem gürmek hakynda hekaýat
Başyna giden hassa hem-de onuň sagaljagyna ynamy

ýok tebip hakynda hekaýat
Türk esgeri hem kümsük tikinçi hakynda hekaýat
Garynlaryny doýurmak üçin sopularyň öz ýoldaşlarynyň eşegini satyşlary hakynda hekaýat
Bir hojaýynyň öz gullaryny synaýşy hakynda hekaýat
Lukmanda danalygyň hem kämilligiň ýüze çykyşy hakynda hekaýat
Bir laçynyň baýguşlaryň ýaşaýan harabalygyna barşy hakynda hekaýat
Ýatyrka agzyndan ýylan giren adamy emiriň ýenjişi hakynda hekaýat
Bazarda atyr satylýan ýerde çaşan deri eýleýji hakynda hekaýat
Ahyrky netijäni öňünden aňan zergäriň çekim daşyny sorap gelen goňşusyna beren jogaby hakynda hekaýat
Bir sopunyň kerwensaraýdaky hyzmatkäre öz eşegine seretmegi tabşyryşy hakynda hekaýat
Doňan ýylany ölüdir öýdüp, Bagdada elten Margir hakynda hekaýat
Kakabaý Gurbanmyradow, «Ruhum äleme ýaýrar»